TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

MAHMYT ZAMAHŞARY

# ÝAGŞYZADALARYŇ BAHARY

أبو القاسم محمود بن عمر جارالله الزمخشرى

# ربيع الأبرار

## IV

Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Rahman Ilmämmedow

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK 820/89(100-87)**
**Z23**

**Z23 Zamahşary M.**
Ýagşyzadalaryň bahary, IV jilt, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004, 336 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Bekiýew A.R., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A. Mämmetjumaýew**, *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmenistanyň Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda we gönüden-göni tabşyrygy esasynda türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XI-XII asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň «Ýagşyzadalaryň bahary» atly köp jiltli eseri. Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň ruhy gymmatlyklarynyň naýbaşy nusgalarynyň biridir.*

*Pähim-paýhaslardan, öwüt-nesihatlardan, nakyllardyr atalar sözlerinden ybarat bolan bu eser biziň ruhy dünýämiziň has hem gözelleşmegine hyzmat eder. Kitap eseriň Stambulda saklanýan golýazma nusgasy esasynda türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM №014**

**TDKP №80** **2004** **KBK84.35(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Zamahşary M., IV jilt, 2004 ý.
Ilmämmedow R., terjime, çapa taýýarlama 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# ELLI DÖRDÜNJI BAP

## BIR ZADY HALAMAK, BIR ZADA HAÝRAN GALMAK, GEŇ-TAŇLYKLAR, SEÝREK DUŞÝAN ZATLAR WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Aly ibn Rabyga şeýle gürrüň berýär:[1] «Men Hezret Alynyň münmek üçin bir ulag getirendigini gördüm. Ol münjek bolup, aýagyny onuň üzeňňisine ýetirende: «Bismilla» diýdi. Soň üstüne münende: «Muny biziň hyzmatymyza bereni taryplaýarys we mukaddes hasaplaýarys. Ýogsa biz bulara güýç ýetirip bilmezdik. Biz şeksiz Rebbimize gaýdyp barjakdyrys[2]» diýdi. Soň üç gezek: «Alhamdulillä, Allahu ekber[3]» diýdi. Soň bolsa: «Eý, ähli kemçiliklerden päk bolan Allam, men öz janyma zulum etdim. Sen meniň günälerimi öt, hakykatdan hem özüňden başga günä bagyşlajak hiç kim ýokdur» diýdi-de begençli ýylgyrdy.

[1] Aly ibn Rabyga Ezdi Abul Mugyra – Kufaly ynamdar hadys rowaýatçysy. Hezreti Alydan, Zeýt ibn Erkamdan we Abdylla ibn Omardan hadys rowaýat edipdir. Fazl ibn Dukeýn şeýle gürrüň beripdir: «Fatar Abubekr maňa şeýle diýdi: «Men Aly ibn Rabygany ak sakgally biziň ýanymyzdan geçip barýarka gördüm. Biz ýaş oglandyk. Ol bize salam berdi. Ol ady belli ynamdar rowaýatçydy».

[2] Gurhanyň «Zuhruf» süresiniň 13-14-nji aýatlary.

[3] Manysy: «Alla öwgi bolsun, Alla örän beýikdir».

Men ondan:

— Eý, möminleriň emiri, nämä ýylgyrdyňyz? — diýip soradym.

Ol:

— Men bir gezek Resulallanyň ýaňky eden hereketlerim ýaly hereket edip, yzyndanam gülendigini gördüm we ondan: «Eý, Allanyň ilçisi, nämä güldüňiz?» diýip soradym. Onda Resulalla: «Hakykatdan-da, seniň Rebbiň diňe özünden başga günä geçýäniň ýokdugyny bilip duransoň ol: «Eý, Allam, meniň günälerimi bagyşla» diýen bendesini halar — diýdi».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem Allatagala özüniň duýgularyna eýe bolan (ýagny, Allanyň razyçylygyny gazanmak üçin duýgularyny nebsiniň isleglerine ulanmadyk) ýaş ýigide (perişdeleriň arasynda) buýsanar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Zynjyrlar bilen baglanyp, jennete barýan bir toparyň ýagdaýyna Rebbimiz haýran galdy. Olary zor bilen jennete alyp barýardylar»[1].

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!)[2] şeýle diýipdir: «Men gysganja haýran galýaryn. Ol özüniň

---

[1] Bu hadysy gürrüň beren Ibn Tufeýl Resulallanyň başga bir hadysda şeýle diýendigini gürrüň berýär: «Ymmatymdan bir toparyň zynjyrlar bilen barlanyp jennete alnyp barylýandygyny gördüm. Men: «Eý Allanyň resuly, olar kim?» diýip soradym. Ol maňa: «Olar arap bolmadyk milletlerden bir kowumdyr, musulmanlar olary ýesir alyp, zor bilen yslama salandyrlar» diýdi».

[2] Yslam dininiň sünni ynanjyna görä Hezreti Alynyň ady agzalanda «Kerremallahu wejhuh» (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) diýilýär. Sebäbi hem Hezreti Alynyň çagalykdan yslamy kabul edip, butlara ynanmandygy üçindir.

gorkýan zady bolan garyplyga tarap ylgaýandyr. Onuň gözleýän baýlygy elinden ýitip gider. Ol dünýäde garyplar ýaly ýaşar, ahyretde bolsa oňa baýlara berilýän sorag berler.

Men tekepbire we özüni ulumsy tutýan kişä haýran galýaryn. Ol düýn-ä bir damjady, ertir bolsa läş bolar.

Men Allanyň bardygyna şübhe edýän kişä haýran galýaryn. Bolmasa, ol Allanyň ýaradan zatlarynam görüp dur, ölýänlerem öz gözi bilen görüp dur.

Men ahyret durmuşyny, ölümden soň direlmegi inkär edýän kişä haýran galýaryn. Bolmasa, ol ynsanyň dünýä gelşini görüp dur ahyry.

Men ýokluk ýurduny döredip, barlyk ýurduny terk edýän kişä haýran galýaryn».

* * *

Kagnap ibn Ummi Sahyp[1] şeýle diýipdir:

Geň galmaly bolsam eger bir zada,
Bir ýaş ýigdiň uýmaýşyna ýazgyda.
Geň galardym onuň öz ýazgydyndan,
Onuň gitjek boluşyn – zyýada.[*]

* * *

Men (Zamahşary) bu meselä haýran galmak we aňkarylmak nazary bilen däl-de, eýsem haýran galdyrmak nazary bilen seretdim we Aristoteliň şu sözüni ýatladym: «Seniň mertebäňdäki geň galmaly zat, gazanan abraýyň yzyndan yzygiderli gazanan başga täze bir abraýyň ony pese gaçyrmagydyr. Netijede seniň gazanan öňki abraýyň soňky

---

[1] Kagnap ibn Zamra – Welit ibn Abdylmäligiň ýaşan döwründe meşhur bolan bäş şahyryň biri.
[*] Bu jiltdäki şygyr böleklerini taraşlan we çeperleşdiren Seýitmämmet Hydyrow.

gazanan abraýyň zerarly, adaty zat ýaly bolup galar, olara geň galmazlar».

* * *

Deňizçiden:

— Deňziň geň-taňlyklaryndan gören zatlaryň içinde seni näme haýran galdyrdy? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Meniň deňizden sag-salamat galmagym — diýip jogap beripdir.

* * *

Çarwa arap bir gezek gämi bilen deňze seýrana çykypdyr we onuň möwç urýan eýmenç tolkunlaryny görüpdir.

Soň ýene bir gezek gämä münüp, deňze çyksa, deňiz asuda eken. Şonda ol deňze garap: «Sen meni öz asudalygyň bilen aldap bilmersiň. Men seniň samsyklygyňa haýran galýaryn» diýen.

* * *

Bir gezek Buzurgmehrden[1]:

— Ynsanlaryň içinde dünýäni tanamakda iň tanymal alym haýsy bolar? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Dünýäde bolup geçýän hadysalara kän bir geň galmaýan — diýip jogap beripdir.

[1] Buzurgmehr — Buzurgmehr ibn Bahtekan. Pars akyldary. «Kalila we Dimna» eserini hindi dilinden pars diline terjime edipdir. Onuň hikmetli we parasatly sözleri kändir.



*Ahat Nuwwaýewyň çeken natýurmorty.*

* * *

Halypa Mugtez özüniň gyrnagyna aýdym aýtdyrypdyr. Ýanynda hem Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Tahyr[1] bar eken. Soň bolsa Ubeýdylladan:

— Aýdym göwnüňe ýaradymy? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Onuň aýdymy däl-de, onuň öz ajaýyplygy göwnüňe has ýaraýar — diýipdir.

* * *

Buzurgmehr şeýle diýipdir: «Geň zatlaryň biri hem, öz Rebbini doly tanap, ondan göz açyp-ýumasy salymlyk gapyl bolan adamdyr».

* * *

Jadygöýe, gözbagça Abulajap[2] diýer ekenler. Bu babatda şahyr Abu Temmam şeýle diýipdir:

Geň-taňlyklar, jadylar,
Hoşdur, ýaman pällidir.
Ah, bu dünýäniň özi,
Abulajap dälmidir?!

* * *

Eger menden: «Seni iň geň galdyrýan zat näme?» diýip soraýsalar, onda men: «Allany tanap, soň oňa günäkär bolan kalp» diýerdim.

---

[1] Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Tahyr – şahyr, gysgaça Ibn Tahyr diýlip tanalýar. 223-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 300-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abulajap – geň-taňlyklaryň atasy.

* * *

Gadymy Babylda[1] ýedi sany şäher bolupdyr. Olaryň her haýsy öz aýratyn täsinligi bilen tapawutlanypdyr.

Birinji şäherde ýeriň heýkeli bolupdyr. Eger halk hökümdaryň huzurynda salgytlaryny tölemek üçin baş egenlerinde, heýkelden suw akar eken we tä olar galýançalar kesilmez eken. Şäherdäki ekerançylyk ýerleriniň suwlary hem şol heýkeliň üsti bilen sazlanar eken.

Ikinji şäherde hökümdaryň kiçiräk bir howzy bolupdyr. Patyşa haçanda raýatyny saçak başyna ýygnan wagty, olaryň her biri özüniň halaýan şerabyny getirer eken. Bu şeraplaryň hemmesini şol howza guýar ekenler. Şeraplar garyşar eken. Soň her kim ol gapdan şerap alanda diňe özüniň getiren şerabyny alar eken.

Üçünji şäherde bir deprek bolupdyr. Eger garyndaşlary ýiten bir kişiniň ýagdaýyny bilmek isleseler, ol deprege kakar ekenler. Eger ol diri bolsa, deprekden ses çykar eken, eger ölen bolsa ses çykmaz eken.

Dördünji şäherde bir aýna bolupdyr. Eger daş ýerde gezip ýören birini görjek bolup, oňa seretseler, onuň nähili ýagdaýdadygyny göýä ýanynda duran ýaly görer ekenler.

Bäşinji şäherde misden ýasalan ördek bolupdyr. Eger şähere bir del adam girse, ol ördek ses çykarar eken, onuň sesini bolsa şäher halky eşider ekenler.

Altynjy şäherde iki sany kazy suwuň üstünde otyranmyş. Iki sany dawagär olaryň ýanyna gelende, haýsynyňky dogry bolsa, ol kazylaryň ýanyna çenli suwdan ýöräp geçýär eken, emma nähak bolsa suwa ýykylar eken.

---

[1] Bagdadyň günorta-gündogar tarapynda 160 km uzaklykda harabaçylyklary galan gadymy şäher; Wawilon.

Ýedinji şäherde äpet agaç bolupdyr. Eger onuň aşagynda birden müňe çenli kişi otursa, ol agaç saýa berer eken. Eger bir müň birinji kişi gelip otursa, günde galar ekenler.

* * *

Keýik ajy eşegalmany iýende, oňa işdämenlik bilen agyz urýar we agzyndan suwuny akdyrýar. Ol ony iýende, agzyňy suwjardýar, şeýle hem ol deňziň şor suwuny geçiniň süýji suwa sakalyny batyryp, lezzet alyp içişi ýaly içýär. Ajy eşegalmany, deňziň şor suwuny lezzetli hem süýjedip içýän haýwandan başga heý, täsin zat bolarmy?

* * *

Abdyrahman ibn Adyý şeýle diýipdir: «Men Abu Hureýranyň[1]: «Kyýamatda kapyryň dişi göýä Uhut dagy ýaly bolar» diýendigini eşitdim. Men öz içimden: «Onuň kellesi, eli nähili bolarka?» diýip şek ýetirdim. Şol gije düýşümde külbike barmagyma düwürtik çykyp, onuň ululygynyň şäheri doldurandygyny gördüm. Maňa: «Bu saňa Abu Hureýranyň sözüne şek edeniň üçin» diýdiler.

* * *

Abu Akyýl[2] şeýle diýipdir: «Men Muhammet alaýhyssalamyň münberiniň ýanynda durdum. Merwan ibn Hakem eline ýüp alyp geldi we bir zatlar etmäge başlady. Ol Resulallanyň münberiniň basgançaklaryny artdyrmak isleýärdi.

---

[1] Abdyrahman ibn Sahr Dusy - sahaba. Abu Hureýra – pişijekleriň atasy diýmek. Bu lakamy kiçijik pişijekleri gowy görensöň alypdyr. Elmydama ýanyna pişijek göterip gezer eken. Jahylyýet döwründe dünýä inipdir. Soň Medinä gelýär we 8 ýaşynda musulman bolýar. 59-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr. Pygamberimizden 5374 hadys rowaýat edipdir.

[2] Abu Akyýl – Hezreti Omaryň hyzmatkäri. Äşeden hadys rowaýat edipdir. Ondan Sufýan Söwri rowaýat edipdir.

Ony muňa Mugawyýa buýruk beripdi. Şol wagt birdenkä ýer titräp, gün tutulyp, ýyldyzlar çykyp, çyralar söndi».

* * *

Beni Ysraýyl zamanynda Suzan atly bir ybadathon gyrnak bar eken. Bir gün ol täret kylmaga çykanda, iki sany ruhany onuň yzyna düşüp ugraýar. Ol elmydama şol ýere ýakyn bolan bossanlykda täret kylar eken. Ýaňky iki ruhany onuň üstüne topulýar. Olar ýaňky gyrnagy özleri bilen jynsy gatnaşykda bolmagy üçin synanyşýarlar. Ol muny ret edýär.

Olar:

— Eger sen özüňi bize bagyşlamasaň, seniň zyna edendigiň barada saňa töhmet atarys — diýýärler.

Onda Suzan:

— Siziň şeriňizden Allanyň özi meni gorar — diýip jogap gaýtarýar.

Olaryň ikisi uly goh turuzyp, gygyryşypdyrlar. Bularyň sesine adamlar üýşüpdir.

Ýaňky iki ruhany:

— Ine, ony bir ýigit bilen erbet iş iň üstünde tutduk, ýigit bolsa elimizden sypyp, gaçyp gitdi — diýýär.

Şol wagtlar zyna edeni adamlaryň arasynda üç gün saklap, soň bolsa daşlar ekenler. Suzany üç günläp saklapdyrlar. Hälki iki adam hem onuň golaýyna baryp, ellerini onuň kellesine ýetirip: «Jezasyny degişli kişä inderen Hudaýa şükürler bolsun» diýipdirler.

Ony daşlajak bolup durkalar, on iki ýaşly Daniýal pygamber[1] Beni Ysraýyllylara garap:

— Siz howlukmaň, men olaryň arasynda kazyçylyk edeýin — diýipdir. Oňa oturgyç getirip beripdirler. Ol ýaňky

[1] Daniýal – Beni Ysraýyl pygamberleriň biri bolup, hristianlar ony dört sany uly pygamberiň biri hasaplaýarlar.

iki ruhanynyň arasyny açyp, her haýsyny bir ýerde oturdypdyr. Ol şaýatlaryň arasyny açan ilkinji kişidir.

Daniýal olaryň birinden:

— Näme gördüň? — diýip sorapdyr. Ol hem ýigit baradaky toslama gürrüňi aýdypdyr.

Daniýal ýene ondan:

— Hadysa bossanlygyň niresinde bolup geçdi? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Armyt agajynyň aşagynda — diýipdir.

Soň beýlekiden sorapdyr. Ol hem:

— Alma agajynyň aşagynda — diýip jogap beripdir. Suzan bolsa şol mahal ellerini ýokary galdyryp, yhlas bilen Alladan doga-dileg edýär eken.

Allatagala hem ýaňky ýalançy şaýatlaryň üstüne ot iberip, olaryň ikisini hem ýakypdyr, Suzanyň günäkär däldigi bolsa aýan bolupdyr.

* * *

Ymam Şapygy[1] şeýle diýipdir: «Men ylym öwrenmek üçin syýahat edip ýörkäm, Ýemende bir şähere bardym. Ol ýerde bilinden aşagy aýal bedeni bolan, bilinden ýokarysy hem dört elli, iki kelleli, iki ýüzli bir ynsan gördüm. Olar biri-birleri bilen uruşýardylar, biri-birleriniň ýüzlerine urýardylar, soň bolsa ýaraşýardylar. Bile iýýärdiler, içýärdiler. Soň aradan iki ýyl geçenden soň, ýene şol ýere ýolum düşdi. Men ol adam barada soradym. Maňa şeýle diýdiler: «Allatagala ony bir beden etdi. Olaryň biri öldi. Ol ölen tarapy bedene birleşýän ýerinden daňdylar. Soň ol gurady we gopdy. Beýleki beden bolsa bazara gidip, gelip ýör».

[1] Ymam Şapygy – sünni dört mezhebiň biri bolan «şapygy» mezhebini esaslandyryjy.

* * *

Biri şeýle diýipdir: «Ýemende iki sany körüň uruşýandygyny, şeýle hem bir keriň olary aralajak bolýandygyny gördüm».

* * *

Ýene biri şeýle diýipdir: «Ýemende bir kowum bar, olar öz etlerini goparýarlar, soň bolsa ýerine goýýarlar we ol şol demde içinde bitýär. Olaryň naharynyň öz dilleridigi hem aýdylýar».

* * *

Ýene biri şeýle diýipdir: «Ýemende elmydama haýyz görýän[1] ýedi sany gyz gördüm».

* * *

Ýene biri şeýle diýipdir: «Men Medinede üç sany geňenaýy zat gördüm, olary başga hiç ýerde görmändim. Bir adam gördüm: ol hurmadan bir müdd[2] zyýan çekipdir. Kazy hem onuň öwezini töledipdir. Bir adam gördüm: ol ýaşuludy we saçy boýalgydy. Ol aýallaryň aýdym-saz öwrenýän şagalaňynyň daş-töwereginde aýlanyp ýördi. Namaz wagty gelende, oturyp namaz okaýardy. Bir garyp adam gördüm: ol çep eli bilen hat ýazýardy, ýöne sag eli bilen ýazýanlardan has çalt ýazýardy».

---

[1] Haýyz görmek – aýbaşy bolmak.

[2] 1 müdd – 530 grama deň agyrlyk ölçegi.

## ELLI BÄŞINJI BAP

## YŞK, YŞKYŇ UGRUNDA GURBAN BOLMAK, OŇA GUL BOLMAK WE OLARA REHIM EDENLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim aşyk bolsa, aşyklyga wepaly bolup, ony gizlin saklasa, birdenkä wepat bolaýsa-da, ol şehit hökmünde öler».

* * *

Hezreti Äşe gyrnagy Berirany[1] azat edipdir. Onuň ýoldaşy Mugys[2] garaýagyz eken. Äşe oňa ýoldaşy bilen bile ýa-da aýry ýaşamak meselesinde ony öz ygtyýaryna goýupdyr. Ol onuň bilen aýry ýaşamagy saýlapdyr. Berira Käbäniň daşyndan aýlanyp togap edýärkä, Mugys onuň yzyndan aýlanyp togap edýär eken, gözlerinden bolsa boýur-boýur ýaş döker eken. Muhammet alaýhyssalam hem muňa seredip duran eken we ol agasy Apbasa:

— Eý, agam, Mugysyň Berira bolan söýgüsini görmeýärsiňmi? Eger onuň bilen gürleşip, ikisini birleşdiräýsek nähili bolar? — diýipdir.

---

[1] Hezreti Äşe ony Utba ibn Abu Lehepden satyn alýar we azat edýär.

[2] Abu Ahmet ibn Jahş Esediniň azat eden guly. Ol Medinäniň içinde Beriranyň yşkynda sergezdan bolup gezipdir.

Soň olar Berirany çagyryp, bu meseläni gozgapdyrlar.

Onda Berira:

— Eý, Allanyň resuly, eger sen emr etseň, ýerine ýetirerin — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Ýok, bu emr däl, diňe şepagat edýärin — diýipdir. Ol hem onuň bilen nikalaşmagy ret edipdir.

Rawy şeýle diýipdir: «Resulalla hem Mugysyň yşgynyň güýçlüdigini görüp, Berira haýyş edipdi».

* * *

Ýahýa ibn Mugaz Razy şeýle diýipdir: «Allatagala maňa azaby ynsanlaryň arasynda paýla diýsedi, aşyklara azapdan ýekeje ülüş hem bermezdim».

* * *

Süleýman ibn Abdylmäligiň biri-birlerini söýýän hyzmatkär ýigidi bilen hyzmatkär gyrnagy bar eken. Ýigit gyza şeýle hat ýazypdyr:

Men seni düýşümde gördüm, öpemde,
Gülgün lebiň şerap doly pyýala.
Ýüpek saçlaryňy sypar ellerim,
Bir düşekden turýarys hamala.
Oýandym, ýöne hiç daňym atmady,
Seni küýsäp, näçe günläp ýatmadym.

Gyz hem şeýle jogap gaýtarypdyr:

Gözüň aýdyň, menem gördüm şol düýşi:
Sen – meniňki, görip bagryny diler,
Meniň goýnum - seniň mekanyň bolar.

Gülzarlykdan bilbil uçanda gördüm.
Seni gujagymyň içinde gördüm.

Bu waka Süleýmanyň gulagyna ýetip, olaryň ikisiniň nikasyny gyýypdyr we olara öý goşlaryny beripdir.

* * *

Jahyz[1] şeýle diýipdir: «Yşk – muhabbetiň çägini geçen zatdyr. Isrip – sahylygyň çägini aşan zatdyr. Gysgançlyk – ätiýaçly harçlamagyň çägini geçen zatdyr».

* * *

Eflatundan:

— Yşk näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Aýralyk derdi — diýip jogap beripdir.

* * *

Çarwa arapdan:

— Saňa pylan gyzy beýle söýdüren zat näme? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Men elmydam ony ýatlaýan. Biziň aramyzda Taýyf[2] jülgesi ýatyr. Emma men onda-da her gezek ony ýatlanymda, müşküň ysyny duýýaryn — diýip jogap beripdir.

---

[1] Amr ibn Bahr ibn Mahbup Kenany – edebiýatçy alym. Jahyz diýip lakam bermekleriniň sebäbi gözüniň möle bolanlygy üçindir. 163-nji hijri ýylynda Basrada dünýä inip, 225-nji hijri ýylynda hem şol ýerde wepat bolupdyr. Uly edebiýat alymy we mugtezile mezhebiniň Jahyzyýe akymyny esaslandyryjy. Ömrüniň ahyrynda ysmaz keseline ýolugypdyr. Onuň birnäçe ugurlara degişli kitaplary bar.

[2] Taýyf – Saut Arabystanda ýer ady.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Yşk – aýra düşen kalba tötänden duçar bolan näbelli zatdyr».

* * *

Harun Reşit bir adamdan:

— Yşkdan hem has güýçli bolan zat näme? — diýip sorapdyr.

Ol hem:

— Soganyň ysynyň seniň üçin müşküň we beýleki zatlaryň ysyndan hem has ýakymly bolmagy — diýipdir.

* * *

Şebip uýasy Besinäniň ýanynda onuň söýgülisi Jemili[1] görüpdir. Ol onuň üstüne topulyp, ony ýenjipdir. Soň Şebip Mekgä gelipdir. Ol ýerde Jemil hem bar eken. Jemile: «Sen Şebipden habardar bol, ol ýene geldi» diýip, oňa gyjalat beripdirler. Onda Jemil olara şeýle diýipdir:

Aýtdylar: «Eý, Jemil, onuň dogany geldi»,
Men aýtdym: «Söýgülimiň dogany söýgüli geldi».

* * *

Abdylla ibn Ajlan Nahdy[2] meşhur aşyklaryň biridir. Onuň söýgülisini başga birine durmuşa çykarypdyrlar. Ol

---

[1] Jemil ibn Abdylla ibn Muammar Azeri Kazagy Abu Amr - şahyr. Besine atly bir gyza aşyk bolupdyr. Şygyrlarynyň köpüsi nesib (arap kasydasynda mowzugy yşk bolan başlangyç kysym) we gazal (söýgi şygyrlary) görnüşinde ýazypdyr. Emewi halypasy Abdyleziz ibn Merwanyň ýanyna Müsüre gidipdir. Halypa oňa hormat goýup, ol ýerde Jemile ýaşamaga öý beripdir. Ol ýerde az wagt ýaşansoň, 82-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň «Jemil-Besine» atly kitaby bar.

[2] Jahylyýet döwrüniň şahyry.

söýgülisiniň eliniň onuň ýanýoldaşynyň egninde ony gujaklap ýörkä görüpdir we muňa namys edip, gaýgy-gamdan ölüpdir.

* * *

Muhammet ibn Abdylla ibn Tahyr perzentlerine şeýle diýipdir: «Bagyşlamagy başaryň, abraýly bolarsyňyz, aşyk boluň, paýhasly bolarsyňyz».

* * *

Yşkyň başy bakyşdyr, ýangyn başy uçgundyr.

* * *

Aly ibn Ubeýda Reýhany[1] öz söýgüli gyrnagynyň ýanyna barypdyr. Ony öz doganlarynyň ýanynda gujaklapdyr. Soň öýle namazynyň wagty gelipdir. Hemmeler namazyny okapdyrlar. Olaryň ikisi bolsa gürrüňleşip oturan. Hatda, tas namazyň wagty geçen eken.

Oňa:

— Eý, Abylhasan, namaza — diýip ümläpdirler.

Ol:

— Siz okaberiň, gün öýleden agýança okap ýetişerin, heniz wagt bar — diýipdir. Ol: «Gyrnak turýança entek wagt bar» diýmek isläpdir.

* * *

Bir adam bir gyza aşyk bolupdyr. Ondan:

— Ony söýmäge näme sebäp boldy? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

---

[1] Abylhasan Aly ibn Abyda - Reýhany ady bilen belli bolan kätip. Halypa Mamunyň döwründe ýaşap geçipdir. Onuň edebiýata degişli birnäçe eserleri bar.

— Aý onuň üstündekä, beýlekileriň üstünde durandan has owadan görünýär — diýipdir.

* * *

Kim öz nebsine tabyn bolup talaga baş ursa, onuň ýoly azaply bolar.

* * *

Bir gyza aşyk bolan ýigit barada şeýle diýipdirler: «Onuň ýüregi ogurlandy, ruhy sogruldy».

* * *

Aşyk bolan bir çarwa arap şeýle diýipdir: «Men oňa ýüregimi berdim, onuň näzi meni ýaralady, onuň ýüregi meniň bilen birleşdi».

* * *

Leýla Amyryýe[1] Kaýs[2] barada şeýle diýipdir:

Ol öz erki bilen bolmady Mejnun,
Meniň öz bolşum ýaly, bolmagym Hakdan.
Oňa syr açdyrdy höwesi mejbur,
Gizlin gurban boldum, men syry saklap.

* * *

Mälik ibn Dinar gije bir öýüň deňinden geçip barýarka, öýden şeýle ses eşidilipdir:

---

[1] Leýla binti Sagt ibn Mäti ibn Rabyga ibn Haryş ibn Kagp ibn Rabyga ibn Sagsaga – «Leýli-Mejnun» dessanynyň gahrymany bolan Leýli.
[2] Kaýs ibn Meluh ibn Muzahym ibn Ades ibn Rabyga ibn Şagda ibn Kagp ibn Rabyga ibn Amyr ibn Sagsaga – «Leýli-Mejnun» dessanynyň gahrymany bolan Mejnun.

Eý, hojaýyn, geldi günäkär guluň,
Senden gaharlýlaň islegin isläp.
Günälerim nygmat edip bagyşla,
Bergin oňa islän zadyn höwesläp.

Mälik bu sözleri eşidip, durupdyr we aglapdyr. Aýdyjy bolsa ýaňky sözleri gaýgyly ýagdaýda gaýtalap durupdyr. Daň atyp ugranda, ýaňky aýdyjy şeýle diýipdir:

Eý, görmegeý näzli birehim ýar,
Jemalyňa aşyk muny aýdýar.

Mälik ibn Dinar bolsa: «Eý, pasyk! Sen Alladan başgasyna ýalbarýan ekeniň-ow» diýip gidiberipdir.

* * *

Halypa Mütewekkiliň[1] dosty Feth ibn Hakan[2] şeýle diýipdir:

Azap çekýän, eý, aşyk, kanagat kyl, sabyr et,
Söýgini dost tutýanlaryň geçilýändir günäsi.
Gazawatdan, hajdan zyýat, günäni aýrar söýgi,
Söýgiň şeýle gudratynyň güwäsi men, güwäsi.

---

[1] Mütewekkil – apbasy halypasy Mütewekkil Alallah Japar ibn Muhammet (Mugtasym Billä) ibn Harun Reşit 206-njy hijri ýylynda Bagdatda dünýä inipdir. 232-nji hijri ýylynda dogany Wasyk wepat bolansoň onuň halypalygyna ykrar edilýär. Ol diýseň jomart bolupdyr. Halypalygyň merkezini Samarradan Damaska göçüripdir. Ýöne ol ýeri halamaýar we ýene Samarra gaýdyp gelipdir. Şol ýerde hem ogly Muntasyryň gatnaşmagy bilen gurnalan dildüwşik netijesinde 247-nji hijri ýylynda öldürilipdir.
[2] Mütewekkiliň weziri we dosty.

* * *

Omar ibn Abu Rabyga[1] şeýle diýipdir: «Men iki aýalymyň arasyndadym. Biri söýýärdi, biri dişleýärdi. Söýýäniň berýän lezzeti zerarly dişleýäniň agyrysyny duýmaýardym».

* * *

Reýsan Uzry şeýle diýipdir:

Söýgim üçin başym çapsalar eger,
Uçar-da söýgimiň yzyndan eňer.

[1] Omar ibn Abdylla ibn Abu Rabyga Mahzumy Kuraýşy – şahyr. Hezreti Omaryň ýogalan gijesi dünýä inensoň, oňa Omar diýip at goýupdyrlar. Kuraýyşlaryň iň uly şahyrlarynyň biri bolup, esasan gazal görnüşinde goşgy aýdar eken. Omar ibn Abdyleziz ony Dehlege iberýär. 93-nji hijri ýylynda gark bolup wepat bolupdyr.

# ELLI ALTYNJY BAP

## AKYL, DÜŞÜNJE, EDERMENLIK, PIKIR, ÇÄRE, TEJRIBE, GARAÝYŞ WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala ynsana akyly diňe kyýamatda onuň bilen halas bolmak üçin berendir».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Akyl — ýalan bilen hakykaty kalbda saýgarýan nurdur».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Bir gezek Resulalladan:

— Eý, Allanyň ilçisi, akyly ýerinde bolup, köp günä edýän adamyň ýagdaýy (kyýamatda) nähili bolar? – diýip soradylar.

Onda Resulalla:

— Adam oglunyň hemmesiniň günäsi we hatasy bardyr. Kimiň akyly we häsiýeti tebigy bolsa, günäleri oňa zyýan bermez — diýdi.

Ondan:

— Bu nähili bolýar, eý, Allanyň ilçisi? — diýip soradylar.

Ol:

— Sebäbi ol ýalňyşanda, derrew toba we puşman etmek bilen bolýar we onuň günäsi geçilýär. Onuň diňe haýyrly işleri galýar we ol jennete düşýär — diýdi».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Bir kowum Resulallanyň ýanynda bir adamy hatda günälerini hem magtap, onuň gowy häsiýetlerini aýdyp öwdüler.

Onda Resulalla:

— Ol adamyň akyly nähili? — diýdi.

Olar:

— Biz ol adam barada onuň ybadata bolan yhlasly we haýyrsöýer kişidigini habar berip bileris — diýdiler. Soň olar onuň akyly barada soradylar. Allanyň pygamberi şeýle diýdi: «Akmaga onuň akmaklygy günäkäriň pyssy-pyjurlyklaryndan hem kän zyýan ýetirýär. Ybadathon bolsa ertirki gün ýokary derejelere beýgeler. Ýaranjaňlar özleriniň akyl derejelerine görä sogaba gowşarlar».

* * *

Hasan Basry[1] şeýle diýipdir: «Adam atanyň akyly barça perzentleriniň akyllarynyň jemi ýalydy».

---

[1] Hasan ibn Ýesar Basry - tabygyn neslinden bolan akyldar we ynamdar hadys rowapatçysy. Onuň kakasy Ýesar medinelileriň guly bolupdyr. Hasan 21-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir. Ýaşlygyny Hezreti Alynyň ýanynda geçiripdir we Basrada ýaşapdyr. Şonuň üçinem oňa Basry diýlipdir. Öz döwründe «ymmatyň syýasy» (galamy) we basralylaryň ymamy hasaplanypdyr. Takwa, terkidünýä bolupdyr we hakykaty aýtmakdan çekinmändir. Ýusup ibn Hajjaç bilen onuň arasynda birnäçe waka bolup geçipdir. Gazzaly şeýle diýýär: «Hasan Basrynyň sözleri ynsanlaryň arasynda pygamberleriň sözlerine meňzeşdir». Fesahatda (çeper sözleýiş) ussat bolupdyr. Onuň aýdan hikmetli sözleri bar. 110-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Amyr ibn Abdy Kaýs şeýle diýipdir: «Akylyň seni biderek, boş sözlerden daşda saklasa, şonda sen akyllysyň».

* * *

Abdylla ibn Abdyrahman ibn Harys[1] şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň içinde Hajjaç[2] bilen Ýýasdan[3] başga akylly görmedim».

* * *

Aly ibn Ubeýda[4] şeýle diýipdir: «Akyl patyşadyr, gylyk-häsiýetler onuň raýatydyr. Eger patyşa olaryň üstünde berk durup bilmese, raýata zyýan ýeter».

Muny çarwa arap eşidip: «Bu sözden bal damýar» diýipdir.

---

[1] Abdylla ibn Abdyrahman ibn Harys ibn Sagd ibn Abu Zubab Medeni - ynamdar hadys rowaýatçysy.

[2] Emewileriň döwründe Yragyň häkimi Hajjaç ibn Ýusup. Gysgaça Hajjaç zalym diýlip tanalýar.

[3] Abu Wasyla Ýýas ibn Mugawyýa ibn Kurre ibn Ýýas - emewileriň döwründe ýaşap geçen kazy. Hijri 46-njy ýylda dünýä inipdir. Atasy sahaba, kakasy tabygyn neslindendir. Basrada ýetişen Ýýas kakasyndan, Enes ibn Mälikden, Sagyt ibn Museýýipden, Hasan Basrydan we Muhammet ibn Sirinden tefsir, fykh, hadys ylymlaryny öwrenipdir. Omar ibn Abdyleziz Basra häkimi Ady ibn Ertata hat ýazyp Iýasy kazy bellemegini haýyş edýär. Ol hem ony kazy edip belleýär. Ýöne soň häkim bilen arasy bozulýar we kazylykdan boşadylýar. Basradan Wasyla giden Iýasy Häkim Omar ibn Hubeýra muhtesib hökmünde işe belleýär. 122-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Iýas örän akylly bolupdyr. Şonuň üçinem «Iýasyň öňdengörüjiligi, parasaty», «Iýas ýaly akylly» diýen jümleler atalar sözüne öwrülýär. Kazy mahaly hem örän adalatly çözüp, şaýatlaryň ynamdar bolmagyna üns berer eken, dawalary uzaga çekdirmezden çözer eken.

[4] Aly ibn Ubeýda Reýhany - meşhur çeper sözli ýazyjy. Halypa Mamun bilen gatnaşyk saklapdyr. Onuň zyndyklary tankytlaýan we hikmetli sözler bilen ýazylan bir kitaby bar. 217-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Mugan ibn Zaýyda Şeýbany bir gezek:

— Men ynsanlaryň ýeňsesinden akyllarynyň nähilidigini bilýärin — diýipdir.

Ondan:

— Eger ýüz keşbini göräýseň, onda nädýäň? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Ol ýagdaýda göýä kitapdan okaýan ýaly bolýaryn — diýipdir.

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Doga zehinliniň akyly edýän işinden belli bolar».

* * *

Akyldan özge zat köpelse, ol arzanlaýar, azalsa – gymmatlaýar. Emma akyl – köpelse gymmatlaýar.

* * *

«Olardan diri bolanlara duýduryş bermek üçin»[1] aýaty barada: «Bu aýatdaky «diri bolanlar» sözünden maksat akylly bolanlar üçindir» diýipdirler.

* * *

Buzurgmehr şeýle diýipdir: «Akyl nygmatyndan başga abraý ýokdur, baş-saglygyndan başga baýlyk ýokdur».

---

[1] Gurhanyň «Ýasyn» süresiniň 70-nji aýaty.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Akylly hüşgärdir, akmak biperwaýdyr».

* * *

Mugalla ibn Eýýup[1] Ibn Zeýýat[2] barada şeýle diýipdir: «Onuň akyly göýä ýylanyň dili ýalydyr».

* * *

Abul Yna bir adama şeýle diýipdir: «Seniň diňe özüňe ýeter ýaly möçberde (özgelere peýdasy degmeýän) akylyň bar eken. Başyňa ot ýagsyn».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Eger akyla şekil berilsedi, Gün onuň ýanynda garaňkyrap galardy, eger hakykata şekil berilsedi, gije onuň ýanynda ýap-ýagty bolardy. Sen akyldan daş durma».

* * *

Akylly adam – akyly nebsiniň ähli arzuw-isleglerine garşy bolan adamdyr.

* * *

Kim akylyny takwalyk bilen kämilleşdirmese, biakyllyk etdigi bolar.

---

[1] Mugalla ibn Eýýup ibn Uhbi Hasan ibn Abu Sagyt - halypa Mamunyň kätibi. Samarrada ýaşapdyr we 295-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Ibn Zeýýat lakamy bilen Apbasylaryň döwründe ýaşan meşhur şahyr. 173-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 232-nji hijri ýylynda hem Bagdatda wepat bolupdyr.

* * *

Akylly akyly bilen, ýolbars güýji bilen.

* * *

Ähli zat akyla mätäçdir. Akyl tejribä mätäçdir.

* * *

Muhellep şeýle diýipdir: «Bir ynsanyň akylynyň dilinden uzyndygyny görmegim, maňa onuň diliniň akylyndan uzyn bolmagyny görmegimden has gowudyr».

* * *

Lukman Hekim[1] şeýle diýipdir: «Abraýly ýolbaşçy bolmak akylyň ulanylmagyna baglydyr. Kim akylyny düzüw ulanyp bilse, aýplary örtüler, erbet taraplary düzeler, Rebbi ondan razy bolar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Akylly kişi – durmuş tejribesinden ders alan kişidir».

---

[1] Lukman ibn Bagura ibn Uhti Eýýup – meşhur hekim. Dawut alaýhyssalamyň döwründe ýaşapdyr. Ykryma we Şagby şeýle diýipdirler: «Lukman pygamberdir». Alymlaryň köpüsiniň aýtmagyna görä, ol alym we hekim bolupdyr. Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Lukman pygamber däldi, patyşa hem däldi, ýöne ol garaýagyz çopandy. Allatagala oňa azatlyk berdi». Gurhanda Lukman barada şeýle diýilýär: «We biz Lukmana Alla şükür et» diýip hikmet berdik. Şükür eden diňe özi üçin şükür edýändir («Lukman» süresiniň 12-nji aýaty).

* * *

Akylyň erbet dost bolmagyndan we nebsiň yzyna düşüp ýören duşman bolmagyndan heder edip, Alla sygynýaryn.

* * *

Kimiň akyly arzuw-isleglerine garşy bolsa, ony dogry ýola gönükdirer we ony ters zatlardan gaýtarar.

* * *

Akyldardan:

— Haçan akylly bolduň? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Eneden doglan wagtym — diýipdir.

Daş-töweregindäkileriň özüniň bu sözüni makul görmeýändiklerini aňanda bolsa, ol şeýle diýipdir: «Men çagakam, ajygamda aglaýardym, gerek wagty emme isleýärdim, emdirenlerinde goýýardym. Kim özüne gerek zatlarynyň mukdaryny bilse, ol akyllydyr».

* * *

Ibn Mugtez[1] şeýle diýipdir: «Eger nebis akyl aýnasy bilen dost bolmadyk bolsady, haýryň we şeriň ýüzi akyl aýnasynda äşgär görnerdi».

* * *

Akylly sereder, pikirlener, soň gürrüň berer, anyk göz ýetirip, soň habar berer.

---

[1] Apbasy halypasy Abdylla ibn Mugtez. Onuň halypalygy bary-ýogy bir gije gündiz dowam edýär. Şeýle hem ol şahyrçylyk bilenem meşgullanypdyr. Onuň «Diwanuş-şygyr», «Ez-zehru wer-riýaz’, «El-bedig» we «Eşgarul-muluk» atly kitaplary bar. 296-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Erdeşir ibn Bäbek[1] şeýle diýipdir: «Akylyň saňa peýdaly bolan işlerden rüstem bolmasa, saňa garşy bolan şer işler seni heläk eder».

* * *

Erdeşir ibn Hurmuz[2] şeýle diýipdir: «Akylly özüniň arzuw-isleglериniň uýanyna erk edip bilýän kişidir».

* * *

Batlamýus[3] şeýle diýipdir: «Akylyň rugsat berýän ähli amaly sogaplydyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Akylly adam öz ýanyndaky terýaga[4] daýanyp, zäher içmez».

* * *

Hazar hökümdarlarynyň biri şeýle diýipdir[1]: «Eger akylly adama maslahat salsaň, onuň, akyly özüňki bolar».

---

[1] Erdeşir ibn Bäbek – sasanlylar döwletini esaslandyryjy. 226-njy milady ýylyndan tä 241-nji ýyla çenli hökümdar bolup, adalatly, haýyrsöýer bolupdyr. «Kitabyl-kernamaç» («Kitabyl-amal») atly kitap oňa degişli hasaplanylýar. Kitapda onuň habarlary, söweşleri, ýörişleri we ömür-döredijiligi beýan edilýär. Araplaryň edebiýat kitaplarynda onuň sözleri kändir.

[2] Ikinji Erdeşir. Sasany hökümdarynyň 10-jysy.

[3] Batlamus - taryh we geografiýa alymy. Müsürde dünýä inipdir we 167-nji milady ýylynda Isgenderiýede wepat bolupdyr. Onuň «Majesta» we «Asarul-bilad» atly meşhur kitaplary bar. Ýeriň hereket etmeýändigi, pelegiň bolsa onuň daşyndan aýlanýandygy barada aýdan astronomiki nazaryýeti bar. Kopernik onuň aýdan bu nazaryýetiniň ýalňyşdygyny subut edipdir.

[4] Terýak – zähere garşy ulanylýan çylşyrymly dermanlyk serişdesi. Ony tirýek (neşe) bilen garyşdyrmaly däldir.

* * *

Munzir ogly Nugmana[2] wesýet edip:

— Güýjüň ýetip durka, köp geplemegi taşla. Akylyňda elmydama maslahat salyp durar ýaly gizlin bir ýer bolsun — diýipdir.

Onda ogly Nugman oňa:

— Maňa bularyň ikisiniň arasyny birleşdirlek zady aýt — diýipdir.

Onda Munzir:

— Paýhaslylyk we haýa — diýipdir.

* * *

Güýçli ýelleriň daglara täsir edip bilmeýşi ýaly, uly derejeler, uly wezipeler hem akylly kişini ulumsy etmez. Ýeliň haşal otlary yrgyldadyp, hereket etdirişi ýaly, samsygy azajyk dereje hem, kiçijik wezipe-de ulumsy eder.

* * *

Hajjaç Ibn Kyrryýeden[3]:

— Ynsanlaryň iň akyllysy kimdir? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

---

[1] Hazar – Kawkazyň aşaky böleginde orta asyrlarda ýaşap geçen millet. Olara hunlar diýlipdir. Olar 851-863-nji ýyllar arasynda uly ýeňişler gazanyp, 965-nji ýylynda yslamy kabul edipdirler.

[2] Nugman ibn Munzyr – Abu Kabus Nygman ibn Munzyr ibn Umraul Kaýs ibn Nygman ibn Ady ibn Nasr Lahmy. Jahylyýet döwründe Hiranyň meşhur patyşalarynyň biri.

[3] Ibn Kyrryýe Abu Süleýman Eýýup ibn Zeýt ibn Kaýs ibn Zirada Halyly - sowatsyz çarwa arap. Kyrryýe onuň ejesiniň adydyr. Bir gün ol Aýnyttemre barýarka, ýolda Hajjaja sataşypdyr. Hajjaj onuň dilewarlygyna haýran galypdyr. 84-nji hijri ýylynda Hajjaj onuň kellesini aldyrypdyr.

— Öz döwrüniň adamlary bilen oňşup ýaşan kişidir — diýipdir.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Akyl bilen tejribe biri-birine ýardam etmekde, göýä suw bilen toprak ýalydyr. Eger olaryň birden-biri bolmasa, onda biriniň ýeke özüniň ýerden ösümlik çykarmaga güýji ýetmez».

* * *

Utby[1] şeýle diýipdir: «Akyl iki görnüşdedir. Biri – Allanyň ýaradanda beren akyly. Ikinjisi – ynsanyň edebi we tejribesi bilen gazanan akyly. Gazanylan akylyň ýoly diňe Allanyň ýaradan mahalynda beren akylynyň salamatlygy bilendir. Bularyň ikisi birleşse, göýä garaňkylykda oduň gözüň ýagtylygyny güýçlendirişi ýaly ikisi hem güýçlener».

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Eger akylyňdan bir zady nädogry hasaplasaň, onda akyllynyň ýanynda zeýren».

* * *

Hezreti Alydan:

— Akylly kimdir? Bize düşündir! — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Hemme zady öz ýerine laýyklap goýan kişi akyllydyr — diýipdir.

Ýene-de ýüzlenipdirler:

— Nadan kimdir? Bize düşündir!

Onda ol:

[1] Abu Nasr Utby Muhammet ibn Abdylla Ahbary - şahyr we edebiýatçy.

— Ýaňky aýdanymyň tersine: hemme zady öz ýerinde laýyklap goýup bilmeýän kişi nadandyr — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ýumşaklyk ynsanyň üstüni örtýän perdedir. Akyl kesgir gylyçdyr. Gylyk-häsiýetleriňden erbetlerini ýumşaklyk bilen ört. Nebsiň isleg-arzuwlaryny hem akylyň bilen öldür».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Müň kişä sala sal, soň işiňi et».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Durmuş tejribesi kimi zäherlemedik bolsa, durmuşyň içýanlary şoňa ýakynlaşar».

* * *

Ýagşylyk et – tanalarsyň.

* * *

Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!)[1] şeýle diýipdir: «Allanyň ýanynda iň üstün bolan ynsan hakykatyň içine çümen, dogruçyllygy ýaýradýan we öz dogry garaýyşlary bilen ýyrtyklary ýamaýan kişidir».

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Tejribe edip göreniň işi oňuna bolar».

---

[1] Yslam dininiň sünni ynanjyna görä, eger çaryýarlaryň, sahabalaryň atlary gelende olara «Razyýallahu anh» (goý, Alla ondan razy bolsun!) diýilýär.

* * *

Fazyl ibn Sehl şeýle diýipdir: «Aň-düşünje gylyjyň gädigini dolduryp biler, emma gylyç aň-düşünjäniň gädigini dolduryp bilmez».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Maslahat beriji seniň kömekçiňdir».

* * *

Dört ýaşly Rukkaz Harun Reşidiň ýanyna gelipdir. Harun Reşit onuň akylyna geň galar eken.

Harun Reşit ondan:

— Özüňe menden näme sowgat isleýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda Rukkaz:

— Öz garaýşyňyza görä, meniň üçin bu dünýäde we ahyretde bähbitli bolup biljek zady beräýiň — diýipdir.

Harun Reşit hem onuň bir eline altyn, birine hem kümüş tutduryp:

— Isläniňi saýla — diýipdir.

Onda Rukkaz:

— Meniň üçin iň gowy zat möminleriň emiri we bularyň içinden hem şu — diýip, altynly elini görkezipdir.

Reşit onuň sözlerine ýylgyrypdyr, ony öz oglunyň ýanyna goşupdyr we oňa aýlyk belläpdir.

* * *

Akyllynyň tankyt etmegi akmagyň öwmeginden haýyrlydyr.

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Diňe öz garaýşyna esaslanýanyň pikiri dogry bolmaz».

* * *

Abdylla ibn Wehb Rasyby şeýle diýipdir: «Iki gün pikirlenip, soň pikiriňizi jemläň. Sebäbi, pikiriň arasyna salnan günler saňa haýsy pikiriň dogrulygyny açyklap berer».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Pikiriňiziň gapysyny istihara[1] bilen açyň».

* * *

Ibn Mukaffag[2] şeýle diýipdir: «Akyldarlaryň köpüsi özleriniň aşa ýokary zehinlerinden gapyldyrlar».

* * *

Buzurgmehrden:

— Ynsanlaryň iň kämili kim? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

---

[1] Istihara – gije ýatyp, ertire çenli pikirlenip, dogry netijäni çykarmak.

[2] Abdylla ibn Mukaffag - asly pars bolan kätip. 106-njy hijri ýylynda dünýä inipdir. Ilki ol otparaz dininden bolupdyr, soň Isa ibn Alynyň elinde yslamy kabul edipdir. Musulman bolmanka onuň ady Ruzba eken. Mukaffag onuň kakasynyň adydyr. Apbasy halypasy Mansuryň ýanynda kätip bolup işläpdir. Halypa Mansur üçin Aristoteliň mantyga degişli kitabyny we mantyk ylmyna giriş äheňinde bolan «Isagoji» atly kitaby ýunançadan arap diline terjime edipdir. Şeýle hem «Kalila we Dimna» atly kitaby hem pars dilinden arap diline terjime edipdir. «Kiçi edep» we «Uly edep» ady bilen birnäçe rysalalar ýazypdyr. Soň ony zyndyklyk (dinsizlik) bilen günäkärläpdirler we 142-nji hijri ýylynda Basranyň emiri Sufýan ibn Mugawyýa ony Basrada dara çekipdir. Halyl ibn Ahmet ol barada: «Men onuň ýalyny görmedim. Ylmy akylyndan hem artykdy» diýipdir.

— Duýgusyny erbet iş üçin ulanmadyk we özüniň akylynyň güýçlüdiginden bihabar bolan adam — diýip jogap beripdir.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Maslahatlaşmak – dogry netijäniň ýüze çykarylmagy üçin kepillikdir».

* * *

Ynsanlaryň iň akyllysy – akylly kişiler bilen maslahat etmekden binesip galmadykdyr, atyň ýyndamy – gamçydan binesip galmadykdyr, aýallaryň dindary – ýanýoldaşdan binesip galmadykdyr.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Ynsanlar üç görnüşlidir. Doly adam, ýarym adam, hiç adam. Doly adam – aň-düşünjeli we maslahatly-geňeşli bolan kişidir. Ýarym adam – aň-düşünjesi bolup, maslahat salmaýan kişidir. Hiç adam – aň-düşünjesi we maslahaty bolmadyk kişidir».

* * *

Hezreti Omar ibn Hattap (goý, Alla ondan razy bolsun!) şahyr Hatyýadan:[1]

— Siz zubýan taýpasy bilen bolan söweşde nädip garşy durup bildiňiz, siziň sanyňyz örän azdy ahyry? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Biziň aramyzda müň sany akyldar bardy — diýipdir.

[1] Jerul ibn Ews ibn Mälik Abasy Hatyýa - yslam dini gelen mahaly ýaşap geçen arap şahyry. Onuň şygyr diwany bar. 45-nji hijri ýylynda Mugawyýanyň halypalyk döwründe wepat bolupdyr.

Omar:

— Ol nähili siziň araňyzda müň sany akyldar bolýar? Araplaryň abas we gatafan taýpalaryndan munça akyldar çykypmydy? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Biziň aramyzda Kaýs ibn Züheýr[1] bardy ahyry — diýipdir.

* * *

Öňküler maslahata gelen kişä şeýle diýer ekenler: «Seret, meniň akylym nähili joşýar».

* * *

Halypa Mansur ogluna şeýle diýipdir: «Menden iki zady al. Birinjisi, pikirlenmezden öňürti gürleme, ikinjisi, doly ölçerip-dökmezden ötri iş etme».

* * *

Ybraýym Teými[2] şeýle diýipdir: «Men öz nebsimi göýä dowzahyň içinde onuň zynjyrlarynda, ataşynda, zakgunynda we zemheririnde[3] synag edip gördüm.

---

[1] Kaýs ibn Zuheýr ibn Jezime ibn Rawaha Abasy - abas taýpasynyň ýolbaşçysy. Yslamdan öň Yrakda meşhur gahrymanlaryň biri. Oňa öňdengörüjiligi üçin Kaýsur-raý (kelleli Kaýs) diýipdirler. Onuň gahrymançylygy rowaýatlara öwrülip galypdyr. 10-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Ybraýym ibn Muhammet ibn Talha ibn Ubeýdylla Teými – ynamdar hadys rowaýatçysy. Onuň atasy Talha ibn Ubeýdylla (Talhatan baba) Muhammet alaýhyssalamyň dirikä buşlan on sany sahabasynyň biridir. Ejesi hem Hawle binti Manzur ibn Zuban. Kakasy Muhammet Jemel (düýe) söweşinde öldürilýär. Ejesi hem şol mahal Ybraýyma hamyla eken we Ybraýym 36-njy hijri ýylynda dünýä inipdir. Ibn Zubeýr ony ýer salgydyny ýygnaýan edip belläpdir. 110-njy hijri ýylynda Hyşam ibn Mäligiň döwründe wepat bolupdyr. Nesai ol barada: «Ol hadysda saýlama adamlaryň biridi» diýipdir.

[3] Zemherir – dowzahda sowuk ýer.

Men ondan:
— Eý, nebis, haýsyny isleýärsiň? — diýip soradym.
Ol hem:
— Yzyňa, dünýä dolan we meni bu azaplardan halas edip biljek amallary et — diýdi.
Soň ony jennetiň içinde, onuň hüýrleriniň, ýüpekleriniň we mahmallarynyň arasynda synag edip gördüm.
Soň ondan:
— Eý, nebis, haýsyny isleýärsiň? — diýip soradym.
Ol hem:
— Yzyňa dolan, sogabyňy has hem köpeldip biljek amallary işle — diýdi.
Men oňa:
— Sen heniz dünýäde we howpsuzlykda, şonuň üçinem amal et — diýdim».

* * *

Fuzaýl ibn Yýaz[1] şeýle diýipdir: «Sala salmakda bereket bardyr. Men, hatda, garaýagyz gul bolsa-da sala salýaryn».

* * *

Ibn Uýeýne[2] şeýle diýipdir: «Resulalla bir iş etjek bolanda ol barada adamlar bilen maslahatlaşar eken. Eger:

---

[1] Fuzaýl ibn Yýaz ibn Mesgut Temimi Ýerbugy - meşhur alymlaryň biri we hadys alymy. Hadysda ynamdar hasaplanypdyr. Ondan köpler hadys öwrenipdirler, olaryň içinde Ymam Şafygy hem bar. 105-nji hijri ýylynda Samarkantda doglup, Abywertde ýaşapdyr. Soň ol ýaşy ulalanda Kufa gidýär. Soň Mekgä gidýär, şol ýerde hem 197-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň takwaçylyga degişli hikmetli sözleri bar.

[2] Sufýan ibn Uýeýne ibn Meýmun Hilaly Kufi - Mekkäniň ynamdar hadys alymlaryndan. 107-nji hijri ýylynda Kufada dünýä inipdir we Mekgede ýaşapdyr, şol ýerde hem 198-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Ymam Şafygy: «Eger Mälik we Sufýan bolmasady, Hyjazyň ylmy giderdi» diýipdir. Onuň hadysda «el-Jamyg», tefsirde hem «et-Tefsir» atly kitaby bar.

«Ähli işleri Alla tarapyndan ýöredilýän Muhammet alaýhyssalam nädip özgeleriň maslahatyna mätäç bolýar?» diýseň, onda bilip goý, Resulalla bu meselede, eger alym bolsaň hem, özgeler bilen maslahatlaşmalydygyny öwredýär».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Akyldan uly baýlyk, nadanlykdan pes garyplyk, maslahatdan uly arka bolmaz».

* * *

Eksem ibn Saýfy şeýle diýipdir: «Atly-abraýly bolmak derejeden, wezipeden belentdir».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, balam! Eger bir işi goýbolsun etjek bolsaň, muny akylly kişä sala salmazdan ötri etme».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) ogly Hasana wesýet edip, şeýle diýipdir: «Eý, balam! Men özümden öňküler ýaly ýaşamadym, ýöne olaryň eden işlerine seretdim, olaryň habarlaryny eşitdim, pikirlendim. Netijede, olaryň biri ýaly boldum. Hatda olaryň ilkinjisinden, tä iň soňkusyna çenli olar bilen ýaşan ýaly boldum. Olaryň ýagdaýlarynyň durusyny bulançagyndan aýyrdym, peýdalysyny zyýanlysyndan aýyrdym. Saňa her bir işiň iň gowusyny, iň beýigini hödürleýärin, näbellisini saňa aýtmaýaryn, zyňýaryn».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Alladan gorkmaýan kişi ynamdar kişi däldir. Her bir işde Alladan gorkýan kişiler bilen maslahatlaş».

* * *

Kim bir meseläniň üstünde iki günläp pikirlense, onuň pikiri hökman dogry çykar.

* * *

Seleme ibn Aýýaş[1] şeýle diýipdir: «Rube ibn Ujaç Rajyz maňa: «Seniň pikiriňde nädogry garaýyşlaryňy görmegi halamaýaryn» diýdi».

* * *

Eger ykballar üýtgese, işlerem üýtgär.

* * *

Dogry pikir — güýçli goldan has gowy gorar.

* * *

Halypa Mamun Hezreti Alynyň neberesinden birine şeýle diýipdir: «Siz ahyret işleriniň gamyny iýiň, dünýä işleriniň gamyny özüňize haram ediň».

* * *

Ahnef ibn Kaýsdan:

— Seniň kowmuň nädip bu derejelere ýetdi? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

---

[1] Seleme ibn Aýýaş – emewi we apbasly döwletlerinde ýaşap geçen basraly şahyr.

— Hiç kimiň aýbyny görmezden hem aň-düşünjeden aýrylmazdan — diýip jogap beripdir.

* * *

Eger akyl nebsiň isleglerinden üstün çyksa, erbetlikler ýagşylyga, akmaklyk parasatlylyga, ýowuzlyk rehimlilige, mekirlik sap ýüreklilige, ýaňralyk çeperlilige, ýadawlyk rahata, biýedeplik edeplilige, gorkaklyk batyrgaýlyga, nähaklyk hakykata öwrüler.

* * *

Aýdypdyrlar: «Kim pikirini ulansa, Rebbine töwekgellik etse, dostuna sala salsa, onuň ähli etmeli işlerini etdigi bolar. Allatagala hem onuň işlerini onuň göwün isleýän görnüşinde bitirer».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Ynsanlar maslahatlaşsalar, diňe işleriniň dogry bolmagyny gazanarlar».

* * *

Süleýman alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eý, balam! Hiç bir işiňi dana kişä geňeşmezden etme. Eger şeýtseň, soň ökünçli bolmarsyň».

* * *

Iki hili ynsan parasatlydyr.

Birinjisi, Allatagalanyň dünýäde giňlik beren ynsany. Ol hem muňa şükür eder. Netijede, Allatagala onuň ahyretini hem giň eder.

Ikinjisi, Allatagalanyň dünýäde darlyk beren ynsany. Ol hem muňa sabyr eder. Netijede, Allatagala onuň ahyretini dar etmez.

* * *

Bähmen ibn Ispendiýar[1] şeýle diýipdir: «Öň tejribe edip göreniň ýene-de tejribe edip görmegi – wagt ýitirmekdir».

* * *

Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Kararyň maslahatdan soň, ylalaşygyň çekeleşikden soň bolsun».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Pikirlenmeýän adama, pikirlenmelidigini ýatlat».

* * *

Halypa Mugtasym şeýle diýipdir: «Eger nebis pikiri ýeňse, pikir güýçsüz bolar».

* * *

Hindiler şeýle diýipdirler: «Eger özüňi üstün saýsaň-da, özüňden pese maslahat sal, sebäbi zeýtun ýagynyň güýji otdan ejiz bolsa-da, oda guýsaň, onuň ody güýçlendirişi ýaly, pikir pikiri artdyrar».

* * *

Halypa Mansur Abu Müslimi[1] öldürende onuň dosty Nasr ibn Mälige:

---

[1] Keýanylar döwletiniň 6-njy hökümdary.

— Abu Müslim meniň ýanyma geljek bolanda, sen oňa gelmezligi maslahat beripsiň — diýipdir.

Onda ol:

— Men Ymam Ybraýymyň[2] kakasyndan: «Ynsanyň özünden maslahat soraýana nesihat etmegi özüniň pikirini artdyrmagydyr» diýip, gürrüň berendigini eşitdim» — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Bahyl kişä maslahat salma. Seni üstünlikden alyp galar. Yhsan etmegiňe böwet bolar. Gorkak kişä hem maslahat salma, işleriňde gowşaklyk emele geler, etjek işleriňden alyp galar. Harsydünýä kişi bilen hem maslahatlaşma, ol zulum bilen mal-mülk ýygnamagy saňa gözel edip görkezer. Bahyllyk, gorkaklyk we harsydünýälik her haýsy aýry-aýry gylyklardyr, ýöne bularyň ählisi birden Alla garşy erbet güman getirmekde birleşýärler».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Maslahatlaşmazdan öz kellesine gelişine görä iş eden kişi heläk bolar, özgeler bilen maslahatlaşýan bolsa, olaryň akylyna şärik bolar».

* * *

Halypa Mamunyň weziri Muhammet ibn Ýezzat[3] biriniň şeýle diýýändigini eşidipdir:

---

[1] Abu Müslim Horasany - apbasy wagyzçysy.

[2] Apbasy döwletini esaslandyryjylardan bolan Ymam Ybraýym ibn Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas.

[3] Bolmalysy Muhammet ibn Ýezdan.

Erkli bolgun bir karara gelen bolsaň eger sen,
Sebäp, öz pikiriň bolmasa, sen, ejizlik eder sen.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir:

Işde anyk karar etseň, tizden berjaý et ony,
Anyk kararyň bolmasa, bikarar eder seni.

* * *

Bir adam Aduddöwle[1] hakda şeýle diýipdir: «Onuň müň gözli ýüzi bar, müň dilli agzy bar, müň ýürekli synasy bar».

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Eý, balam! Tejribeli kişi bilen maslahatlaş. Sebäbi ol saňa özüniň gymmatly pikirini aýdar. Sen hem ony mugt alarsyň».

* * *

Erdeşir ibn Bäbek şeýle diýipdir: — Dört zat dört zada mätäçdir:

1. Abraýlylyk – edebe;
2. Şadyýanlyk – asudalyga;
3. Ýakynlyk – söýgä;
4. Akyl – tejribä.

---

[1] Aduddöwle lakamly Fena Hysrow Ibn Hasan Rukneddöwle Ibn Buweýh Deýlemi - yslamda ilkinji bolup, Şalaryň şasy lakamyny gazanan we Apbaslylaryň döwründe ýaşap geçen serkerde. Mosula, Parsa we Jezirä häkim bellenipdir. 372-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Akyl we at-abraý her ynsanyň rysgalynyň ýazgydynda bolandygy üçin berilýändir».

* * *

Utby[1] Halypa Mätini[2] halypalyga geçendigi üçin gutlapdyr. Mäti onuň kimdigini sorapdyr. Onuň Utba ibn Abu Sufýanyň neberesindedigini aýdypdyrlar. Onda Mäti: «Olaryň ýere zyňlan daşlaryndan adam galandygyny men näme üçin bilmeýärin?» diýipdir.

Ýere daş zyňmak aňlatmasy – adamyň öz yzynda akylly-paýhasly perzent galdyrmagy ýaly manyny aňladýar.

---

[1] Muhammet ibn Abdylla Utby Ahbary - şahyr we edebiýatçy. Onuň birnäçe kitaby bar. 228-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Apbasy halypasy Muhammet Mäti ibn Abu Japar Mansur.

# ELLI ÝEDINJI BAP

## AMAL, ZÄHMET, ÝADAWLYK, TAGALLA, NIÝET, MAKSAT, UGURTAPYJYLYK, HOWLUKMAÇLYK, DUŞMANÇYLYK, IŞLERI HOWLUKMAN ÝERINE ÝETIRMEK, AMATLY PURSATDAN PEÝDALANMAK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Amallaryň iň ýagşysy az hem bolsa dowamly bolanydyr».

*** * ***

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Onuň (pygamberiň) amaly dowamly ýagyp duran ýagyş ýaly nurludy».

*** * ***

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Dowamly bolan azlyk, bizarlyk döredýän köplükden gowudyr».

*** * ***

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Amallaryň iň gowusy seniň nebsiň söýmeýän amalydyr».

* * *

Töwratda şeýle diýlipdir: «Elleriňi hereketlendir, saňa rysgal gapysy açylar».

* * *

Dawut Taýy[1] şeýle diýipdir: «Sen söweşe gitjek bolup duran söweşijini gördüňmi? Ol ýaraglaryny jemlemeýärmi? Eger onuň ömri ýarag jemlemek bilen geçse, haçan söweşsin? Ylym hem amalyň ýaragydyr. Eger ömür ony jemlemek bilen geçse, haçan amal etsin!»

* * *

Ybraýym Edhem[2] hakyna tutma bolup, suw çekýän, mal bakýan we işleýän eken. Ol adamlaryň baglaryna, bakjalaryna we ekinlerine garawulçylyk edip, gündizlerine hasyllaryny ýygnap berýär eken we gijelerine bolsa namaz okaýar eken.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Öwrenmek isleýän ähli zadyňyzy öwreniň. Siz tä onuň ylmyny öwrenýänçäňiz, Allatagala onuň bilen size peýda bermez. Sebäbi alymlaryň maksady ylmy saklap öwrenmekdir, akmaklaryň maksady ony gürrüň bermekdir».

---

[1] Abu Süleýman Dawut ibn Kuseýr Taýy Kufy – meşhur sopy. Ömrüni ylym bilen meşgullanyp, fykh ylmyny okapdyr. Soň bolsa terkidünýäligi saýlap alyp, ýeke özi bir gyra, ybadata çekilipdir. Onuň 300 dirhemi bar eken, şonuň bilen 20 ýyl ýaşapdyr. 160-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Ybraýym ibn Edhem ibn Mansur Balhy - meşhur sopy. Balh şäheriniň soltany mahaly soltanlygy terk edip derwüşlik ýoluna giripdir. Bagdada, Şama, Hyjaza we başga ýerlere syýahat edipdir. 162-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Ibn Mesgut[1] şeýle diýipdir: «Ylmy ýat tutýanlardan bolup, ony gürrüň berýänlerden bolmaň. Sebäbi ylmy öwrenmek nadanlykdan saplaýar. Gürrüň bermek bolsa nadanlykdan saplamaýar».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Amal edilmeýän ylymdan peýda ýokdur. Dogrudan hem öwrenilen köp ylym eger onuň bilen amal edilmese, nadanlygy artdyrýar».

* * *

Mälik ibn Dinar[2] şeýle diýipdir: «Eger alym ylmy bilen amal etmese, ýagmyryň arassa ýeri palçyga öwrüp bilişi ýaly, onuň edýän wagyzlary hem kalplary bulaşdyryp biler».

* * *

Şebip ibn Selim Esedi[3] şeýle diýipdir: «Biz hajdan gelýärkäk Hasan Basrynyň ýanyna bardyk. Ol biziň üçin doga etdi we bizden:

— Siz ylym ugrunda syýahat edýänsiňiz öýdüp pikir edýän? — diýip sorady.

Biz:

— Ýok — diýip jogap berdik.

---

[1] Abu Abdyrahman Abdylla ibn Mesgut ibn Gapyl ibn Habyp Hezeli - Mekgede yslama ilkinji giren sahabalaryň biri. Mekgede Gurhany ilkinji bolup açyk ýerde köpçüligiň öňünde okan. 32-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Mälik ibn Dinar Basry Abu Ýahýa - hadys rowaýatçylarynyň ymamlaryndan. Ol örän takwa bolup diňe özi gazanyp iýýär eken we hakyna hat ýazar eken. 131-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolupdyr.

[3] Şebip ibn Selim Esedi - hadys rowaýatçysy bolup, Hasan Basrydan hadys rowaýat edipdir. Ondan hem Kalasy, Gamza ýaly alymlar hadys rowaýat edipdirler.

Ol:

— Sizden we olardan Alla saklasyn. Sebäbi ylym ugrunda syýahat edýänlerden hem biri bäş ýüz hadys ýazsa, soň onuň bilen amal etmese, Allatagala ol barada harpma-harp (jikme-jik) sorar — diýdi».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Bir adam Resulallanyň ýanyna geldi we ondan:

— Menden nadanlygyň delilini näme inkär eder? — diýip sorady.

Ol:

— Ylym — diýdi.

Ol adam:

— Menden ylmyň delilini näme inkär eder? — diýdi.

Resulalla:

— Amal — diýdi».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Akylly öz nebsini tanaýan we ölüminden soň hem ybadat edýän kişidir. Ejiz ilki özüniň nebsiniň haý-höweslerine boýun bolup, soň Alladan dileg edýän kişidir».

* * *

Muhammet alaýhyssalam ogly Ybraýymyň[1] guburynyň kerpijiniň üstünde bir gädik görüpdir we ol ýeri ýapmagy buýrupdyp. Soň bolsa, şeýle diýipdir: «Bu hiç hili peýda hem,

[1] Ybraýym – Muhammet alaýhyssalamyň kypty aýaly Mariýadan bolan ogly. Ybraýym hijriniň 9-njy ýylynda 2 ýaşynyň içinde wepat bolupdyr.

zyýan hem bermeýär. Ýöne bir bende amal etse, Allatagala onuň ol işi kämil etmegini söýýär».

* * *

Awzagy[1] şeýle diýipdir: «Allatagala bir millete şer bermek islese, olara jedel berer we olaryň amal etmeklerine böwet bolar».

* * *

Diňe ýagşy nebsi bilen ynsan ynsan bolýandyr,
Ýagşy işler etmek üçin nebsiň ýola salýandyr.

* * *

Omar ibn Abdyleziz[2] şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem gije bilen gündiz seniň bähbidiňe işleýär, sen olary olja hasapla, amal et».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Akyly ylymdan, ylmy halymlykdan[3], halymlygy dogruçyllykdan, dogruçyllygy amaldan, amaly pespällikden has bezeýän başga hiç zat ýokdur».

---

[1] Abdyrahman ibn Amr ibn Ýuhmet Awzagy Abu Amr – fykh ylmynda Şam diýarynyň ymamy. 88-nji hijri ýylynda Baalbekde dünýä inipdir we Bekagda önüp ösüpdir. Soň Beýrutda ýaşapdyr. Oňa kazylyk hödürlenýär, emma ol boýun gaçyrypdyr. Şamda onuň abraýy uly bolupdyr. Onuň buýruklaryny soltanyňkydan hem ýokary tutupdyrlar. Onuň fykhda özüniň aýratyn mezhebi bolupdyr. Onuň fykha degişli «Sünen» atly kitaby bar. Şeýle hem onuň «Mesaýyl» atyl kitaby özüne berlen 70 000 soragyň jogabyny içine alypdyr. 157-nji hijri ýylynda Beýrutda wepat bolupdyr.
[2] Omar ibn Abdyleziz – meşhur emewi halypasy. Ol örän adalatly bolupdyr.
[3] Halym - mylaýym, mähirli, ýumşak, sypaýy.

* * *

Abdylla ibn Saýyp[1] şeýle diýipdir: «Dirileriň eden amallary o dünýädäki ýogalan garyndaşlaryna görkezilýändir. Şonuň üçinem merhumlaryňyzy gynandyrmaň».

* * *

Abbat Hawwas[2] Palestinanyň emiri Ybraýym ibn Salyhyň[3] ýanyna barypdyr. Ybraýym oňa:

— Maňa wagyz et — diýipdir.

Abbat hem oňa:

— Alla seniň işleriňi oňuna etsin. Meniň eşidişime görä, dirileriň edýän amallary ölüp giden dogan-garyndaşlaryna görkezilýär. Sen seret, öz amalyňdan Resulalla näme hödürleýärsiň? — diýipdir.

Onuň bu sözüne Ybraýym aglap başlapdyr, hatda onuň gözlerinden ýaş akypdyr.

* * *

Abu Eýýup Ensary[4] şeýle diýer eken: «Eý, Allam, meni Abdylla ibn Rawahany utandyrjak amal etmekden sakla diýip, saňa sygynýaryn».

---

1 Abu Abdyrahman Abdylla ibn Saýyp ibn Abu Saýyp Saýfy ibn Aýyt Mahzumy Mekki - mekgeli kary. Onuň kakasy pygamberiň dosty bolupdyr. Şol ýerde hem dünýäden ötüpdir.

2 Abbat Hawwas – meşhur sopy we takwa.

3 Palestinanyň emiri bolan Ybraýym ibn Salyh ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas - ol pygamber neslinden bolupdyr.

4 Abu Eýýup Ensary Halyt ibn Zeýt ibn Kelip ibn Saglaba - nejjar taýpasyndan sahaba. Akaba hadysasyna, Bedr, Uhut we Hendek söweşlerine gatnaşypdyr. Edermen, sabyrly, takwa bolupdyr. Emewileriň döwrüne çenli ýaşapdyr. Ýezit bilen Konstantynopol (Stambul) şäherine söweşe gidipdir. Şol ýerde syrkawlapdyr we 52-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Stambulyň diwarlarynyň düýbünde jaýlanýar. Onuň gubury şu wagt Stambulyň Soltan Eýýup metjidiniň ýanynda ýerleşýär. 155 hadys rowaýat edipdir.

Resulalla Abu Eýýup Ensary bilen sahaba Abdylla ibn Rawahany dogan okaşdyrypdy. Abdylla ibn Rawaha ondan öňürti wepat bolupdy.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Amalyň kabul boljagyna amaldan-da artyk yhlas görkeziň».

* * *

Mutarraf[1] şeýle diýipdir: «Rebbimiň maňa: «Näme öwrendiň?» diýmegi «Bilýän zadyň bilen näme amal etdiň?» diýmeginden has gowudyr».

* * *

Darany[2] şeýle diýipdir: «Ynsanyň dostunyň we maşgalasynyň ýanynda amal etmegi gizlin hasaplanar. Sebäbi ol ony olardan gizläp bilmez».

* * *

Ubeýdylla ibn Süleýman[3] bir gezek Abul Yna[4]:

---

[1] Mutarraf ibn Abdylla ibn Şehir Jereşi Amyry Abu Abdylla - zahyt we tabygyn. Onuň hikmetli sözleri bar. Hadys rowaýatynda ynamdar hasaplanypdyr. Pygamber alaýhyssalamyň döwründe Basrada ýaşapdyr. Şol ýerde hem 87-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abu Süleýman Abdyrahman ibn Ahmet ibn Atyýe Mezjehi Darany - Damaskyň golaýyndaky Dara obasyndan bolan meşhur sopy. Bagdatda ýaşapdyr we soň Şama gaýdyp gelip, şol ýerde 215-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Wezir Ubeýdylla ibn Süleýman ibn Wehb Abul Kasym.

[4] Muhammet ibn Kasym ibn Hylat ibn Ýasyr Haşymy – edebiýatçy we şahyr. Onuň agzy paýyş bolupdyr. Asly Ýemamaly bolup, 191-nji hijri ýylynda Ahwazda dünýä inipdir. 40 ýaşynda onuň gözleri kör bolupdyr. Halypalar we emeldarlar bilen gatnaşar eken. 283-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolupdyr.

— Meni ötünçli bil, meniň entek elim boş däl — diýipdir.

Onda ol:

— Eýsem-de bolsa, eliň boşanda, meniň saňa mätäçligim ýok. Eliň boşandan soň seni näme edeýin — diýipdir we şu beýdi aýdypdyr:

«Elim boş däl» diýip, menden ötünç sorama,
Muňa bagly zady aýdan ýaly hamana.

* * *

Soltanlaryň biri özüniň ýanyna haýyş bilen gelen bir adama özüniň işlidigini aýdypdyr, onda ol içinden: «Sen hiç haçan boş bolmaweri» diýip dileg edipdir.

* * *

Tomus depesi gaýnamadygyň gyş gazany gaýnamaz.

* * *

Omar ibn Habyp[1] tehejjüt[2] namazyny okap gutaranda şeýle diýer eken: «Rahatlyk, rahatlyk. Ýaryş, ýaryş. Siz ýaryşda öň geldiňiz, suwa we kölegä ýetdiňiz. Kim suwsasa, suw, kim yssylasa, kölege gözleýändir».

Ol bir gezek özüniň bagynda hyzmatkäri bilen gezip ýören eken. Şol wagt azançy azan aýdyp başlapdyr.

Hyzmatkär oglan:

---

[1] Omar ibn Habyp Mekki - ynamdar hadys rowaýatçysy. Öňürti Mekgede ýaşapdyr, soň Ýemene göçüpdir. Amr ibn Dinardan, Atadan we Zuhriden hadys rowaýat edipdir.

[2] Tehejjüt – gije okalýan namaz.

— Allahu ekberu ekber (Alla iň beýikleriň iň beýigidir)[1] — diýip, azançynyň aýdýanlaryny gaýtalapdyr.

Onda ol:

— Sen menden öňürtilediň, Allany has beýgeltdiň. Şonuň üçin sen azat, bu hurma bagy hem seniňki — diýipdir.

* * *

Ubeýd ibn Umeýr[2] şeýle diýipdir: »Mujtehitler[3] geçmiş bilen oýnaýan ýaly bolmaly däldir, olar her bir işlerini akylly-başly çözmelidirler».

* * *

Eger haýsydyr bir işiň alajyna üns berilse, onuň gapylary açylar.

* * *

Pylany öz işinde göýä duýduryjy kazy ýaly.

* * *

Pylany akanda suwdan çalasyn, süýnende ýyldyzdan çalt.

* * *

Ol şeýle bir çakgan welin, kölegesi onuň yzyndan ýetip bilenok.

---

[1] Azanda «Allahu ekber, Allahu ekber» (Alla iň beýikdir, Alla iň beýikdir) diýilýär, bu ýerde hyzmatkär oglan Allany has hem ulaldyp «Alla iň beýikleriň iň beýigidir» diýýär.

[2] Ubeýd ibn Umeýr ibn Katada ibn Sagyt Leýsi - tabygyn neslinden bolan mekgeli kazy. Ynamdar hadys rowaýatçysy. 68-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Mujtehit – dini hökümleri çykarýan din alymy.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Çalt ýöremek möminiň gözelligini giderýär».

* * *

Adyý ibn Arta bir gezek Yýas ibn Mugawyýa:

— Sen çalt ýöreýärsiň! — diýipdir.

Onda ol:

— Bu ulumsylykdan uzaklaşmak we işlerime howlukmak üçin — diýipdir.

* * *

Eswet ibn Ýezit ybadaty köp eder eken. Ol yssy günlerde hem agyz beklär eken, hatda bedeni göm-gök bolup, öýle yssysyndan ýaňa dilleri gurap gider eken.

Bir gezek Alkama[1] oňa:

— Bu bedeniňe näçeräk azap berýärsiň? — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, Abu Şebil, ýagdaý diýseň agyr, muňa gaýrat gerek, gaýrat — diýipdir.

* * *

Millet diňe tagalla bilen gaýratly bolar.

[1] Alkama ibn Kaýs ibn Abdylla ibn Mälik Nahgy Hemedany Abu Şebil - tabygyn. Yraklylaryň fakyhy bolupdyr we usuly Ibn Mesgudyňka meňzäpdir. Elmydama Gurhan okap gezipdir. Pygamberimiz dirikä dünýä inipdir. Sahabalardan hadys rowaýat edipdir. Syffyn söweşine we Horasan söweşlerine gatnaşypdyr. Iki ýyl Horezmde, biraz wagt Merwde we Kufada ýaşapdyr. Kufada wepat bolupdyr. Aradan çykan senesi näbellidir.

* * *

Är zähmeti bilen, at ýüwrükligi bilen, gylyç kesgirligi bilen tanalýar.

* * *

Isa alaýhyssalam bir gezek:

— Näme bilen meşgul bolýarsyň? — diýip, bir adamdan sorapdyr.

Ol:

— Alla ýolunda ybadat edýärin — diýip jogap beripdir.

Isa alaýhyssalam:

— Onsoň seniň aladaňy edýän barmy, seniň halyňdan habar alýan kim? — diýip ýene sorapdyr.

Ol:

— Doganym! — diýip jogap beripdir.

Onda Isa alaýhyssalam:

— Doganyň bolsa, ol senden hem köp sogap gazanýar — diýipdir.

* * *

It keýigiň yzyndan kowalap barýan eken.

Keýik ite garap:

— Sen meniň yzymdan ýetip bilmersiň — diýipdir.

It:

— Ol mäme üçin? — diýip sorapdyr.

Keýik:

— Sebäbi men öz janym üçin ylgaýaryn. Sen bolsa eýäň üçin ylgaýarsyň — diýipdir.

* * *

Şygyr:

Yhlas kanagaty bar bolan kişi,
Talabynda hökman gazanar ýeňşi.

* * *

Kim gözlese we tagalla etse tapar.

* * *

Pylany amatly pursaty alsa elden gidermeýär.

* * *

Tamdyr gyzgyn bolup durdygyça haýyrlan, ýagny mümkinçilikleriň çäginde iş ýerine ýetir.

* * *

Ýadan bedene rahatlyk ruhy gerek.

* * *

Meň wagtym köp, soň ýerine ýetirerin diýip işlerimi soňa goýdum, emma bir görsem wagtym has dar eken.

* * *

Mesleme Konstantiniýede[1] söweşip ýören ýerinden dogany Welide şeýle hat ýazypdyr:

Göze uky gelenok hiç, arada - Towana[2] çöli,
Ýyldyrym Gamra[3] tarapda depelere ýalkym salýar.
Orta ýaşly akylsyzlar kowumlardan bez-bez boldum,
Işiň kynlygyndanmyka sabyr-kanagatym alýar.

---

[1] Konstantiniýe – Konstantinopol, Stambulyň öňki ady.
[2] Towana – serhet şäheri we çöl ady.
[3] Gamra – Medinäniň ýanynda bir şäher.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Kim bir işde halka ýolbaşçy bolsa, beýlekilere terbiýe bermezden öňürti özüne terbiýe bermeli. Bu terbiýe hem dili bilen öwüt bermezden öňürti gylyk-häsiýeti bilen öwüt bermek arkaly berilmeli. Nebsine tälim berip, özüni terbiýelän kişi ynsanlara mugallymçylyk edip, olara terbiýe berenden has ýokarydyr».

* * *

Hezreti Omaryň rowaýat eden bir hadysynda Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Amallar niýetlere görädir. Her bir iş üçin niýet bardyr. Eger bir kişiniň hijreti Allatagala we onuň ilçisi üçin bolsa, onuň Allatagalanyň we onuň ilçisi üçin hijret etdigi bolar. Kimiň hijreti dünýä gowuşmak ýa-da bir gyza öýlenmek üçin bolsa, onuň niýeti hijret eden zady üçindir»[1].

* * *

Diňe haýwanlaryň işleri niýetsiz edilýändir.

* * *

Käbir hadys alymlaryna: «Bize pylany pylan hadysy gürrüň berdi» diýenlerinde olar: «Dur, garaş, ilki hadys diňlemäge niýet edeýin» diýer ekenler.

[1] Pygamberiiz Mekgeden Medinä hijret edende mekgeli bir ýaş ýigit hem öz söýýän gyzynyň Medinä hijret edendigi üçin bulara goşulýar. Şonuň üçinem onuň niýeti Alla we pygambere däldigi üçin hijret sogabyny almaýr.

* * *

«Newabygyl – kelimde»[1] şýle diýlipdir: «Eger niýet bilen bişirilmedik bolsa, seniň amallaryň çigdir».

* * *

Enesden[2] rowaýat eden bir hadysda Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Merhumyň yzyndan üç zat gider. Olaryň ikisi yzyna gaýdyp, biri galar. Onuň yzyndan neberesi, maly we amaly gider. Neberesi we maly yzyna gaýdyp, diňe amaly galar».

* * *

Käbir akyldarlar şeýle diýipdirler: «Amal beden agzalary bilen Allatagala gider. Niýet bolsa, kalp bilen Allatagala gider. Kalp patyşadyr. Beden agzalary bolsa, onuň esgerleridir. Patyşa öz esgerleri bilen söweşmez, esgerler hem patyşa bilen söweşmezler».

* * *

Allatagala pygamberleriň birine wahyý edip, şeýle diýipdir: «Olara aýt amallaryny gizlin etsinler, ony ynsanlara äşgär etjek mendirin».

* * *

Abdyleziz ibn Abu Rawwat şeýle diýipdir: «Eger amallar gurban bolsadylar, ot olary ýakardy. Eger beýle bolýan bolsa,

---

[1] «Newabygyl-kelim» – Zamahşarynyň bir eseriniň ady.

[2] Enes ibn Mälik ibn Nadr ibn Damdam Ensary - Medinäniň hazreç taýpasyndan bolan sahaba. Muhammet alaýhyssalamyň hyzmatkäri. 93-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Basrada ýogalan iň soňky sahaba.

onuň köplügine daýanmaň. Ýöne siz onuň takwalygyna, arassalygyna we dogrulygyna daýanyň».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Amal diňe yhlas bilen edilse we dogry bolsa kabul bolar. Yhlas diňe Alla üçin bolýandyr».

* * *

Dünýäniň ylymdan galany garaňkylykdyr. Ylmyň amaldan galany boşdur. Amalyň yhlasdan galany boşdur.

* * *

Ymam Şapygy şeýle diýipdir: «Amatly pursatlary olja hasaplaň».

* * *

Bähram Gur şeýle diýipdir: «Eger işler wagtyndan öň edilse, wagty gelende onuň peýdasy deger, emma wagtyndan soň edilse, onuň hiç hili peýdasy degmez».

* * *

Beşşar ibn Burt[1] bir mejlisde otyrkalar şeýle diýipdir: «Siz bu günlerimiziň hemmesini gürrüňleşip, iýip-içip we aýdym-saz bilen geçirmäň. Durmuşda ybadat etmäge hem howlugyň, sebäbi bu dünýä pursatdyr, wagtlaýyndyr».

* * *

Howlukmaç gelen, utanyp gider.

---

[1] Abu Mugaz Beşşar ibn Burd – emewiler we apbaslylar döwründe ýaşap geçen asly toharystanly meşhur şahyr.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Eger Abu Musanyň[1] agzalaryny kesmäge güýjüm ýetsedi, adalatyň ornaşmagy üçin, ony parçalap, şäherlere ibererdim. Bu oňa menden sylag bolardy».

* * *

Bir emiriň öýlerine myhmançylyga baranlarynda:

— Çöregiň örän ak görünýär-le? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Siz onuň aklygyna üns bermäň, onuň içi gandyr. Men çöregimiň ak bolmagy üçin niçeme gezek soltanlaryň gapysyny gylyç bilen kakdym — diýipdir.

[1] Abu Musa Eşgary Abdylla ibn Kaýs – sahaba. Ol örän adalatly bolupdyr.

## ELLI SEKIZINJI BAP

## YZZAT, ABRAÝ, ÜSTÜNLIK, ÖSÜŞ, ÝOLBAŞÇYLYK, ŞAN-ŞÖHRAT, BELENTLIK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Hezreti Alynyň rowaýat etmegine görä, Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala kimi günäkärlik pesliginden takwa yzzatlygyna ýetirse, ony mal-mülksiz baý eder, tire-taýpasyz hormatly eder, dostsuz bagtyýar eder».

* * *

Hezreti Alynyň ogly Hasana:

— Sende beýiklik bar — diýipdirler.

Onda ol:

— Ýok, beýiklik mende däl, yzzat-hormatda bar. Sebäbi Allatagala: «Üstünlik Allanyňky, pygamberiňki we möminleriňkidir»[1] diýdi — diýipdir".

* * *

Ibn Abu Lubaba[2] şeýle diýipdir: «Kim batyl zatlar bilen yzzat-hormat islese, onuň haky hökmünde Allatagala oňa biabraýçylygy berer».

---

[1] Gurhanyň «Munafikun» süresiniň 8-nji aýaty.

[2] Abu Abdyrahman Saýyp ibn Abu Lubaba ibn Abdylmunzir ibn Rafaga Ensary - ynamdar hadys rowaýatçysy. Resulallanyň döwründe dünýä inipdir.

* * *

Nasr ibn Ýesar şeýle diýipdir:

Ýeňlişimiz peslik däldir, ýeňliş - bize puşmandyr,
Terk edenler ýitgimiz däl, asman - öňki asmandyr.

* * *

Bir adam Hasan Basra ýüzlenip:

— Maňa daýanar we arka bolar ýaly bir zat aýt, maňa maslahat ber — diýipdir.

Onda Hasan Basry:

— Allanyň iň beýik işi seni ynsan hökmünde hormatly edip ýaratmagydyr — diýipdir.

Onda ol:

— Meniň daýanjym bar eken we hiç kim hem menden üstün däl eken — diýipdir.

* * *

Muhammet Hanapyýadan[1]:

— Ynsanlaryň iň hormatlysy kim? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Bedenini biderek işlere sarp etmeýän adam — diýipdir.

Soň bolsa ýene:

[1] Muhammet Hanapyýa ibn Aly ibn Abu Talyp – Hezreti Alynyň ogly. Hasanyň we Hüseýiniň enebaşga dogany. Onuň ejesi Hawla binti Japar hanypa ogullary tiresinden bolupdyr, şonuň üçinem oňa Ibn Hanapyýa diýipdirler. 21-nji hijri ýylynda Medinede doglupdyr. Garaýagyz, edermen, ylymly we takwa bolupdyr. Keýsanylar (şaýy mezhebiniň bir goly) ony ahyrzamanyň Mätisi hasaplaýarlar, onuň ölmändigine we Rydwa dagynda ýaşaýandygyna ynanýarlar. Ibn Zubeýrden gaçyp, Taýyfa gidipdir we 81-nji hijri ýylynda hem şol ýerde wepat bolupdyr.

— Sebäbi siziň bedeniňiziň bahasy ýokdur, onuň bahasy diňe jennetdir. Ony jennet üçin satyň, ýagny ybadat ediň — diýipdir .

* * *

Çarwa arap Basra gelipdir. Ol Halyt ibn Safwandan[1]:

— Bu şäheriň hojaýyny, iň hormatlysy kim? — diýip sorapdyr.

Halyt hem oňa:

— Hasan ibn Abul Hasan[2] — diýip jogap beripdir.

Onda ol:

— Onda ol arapmy ýa-da gulmy? — diýip sorapdyr.

Halyt oňa:

— Gul — diýipdir.

Çarwa:

— Ol nädip siziň hojaýynyňyz bolýar? — diýip sorapdyr.

Halyt:

— Biz oňa dünýä işlerinde mätäç dälem bolsak, din işlerinde oňa mätäçlik çekýäris — diýipdirler.

Onda çarwa:

— Bu häkimlik sürmäge ýeterlikdir — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsanyň arkasyndan aýakgap zyňylmagy, onuň kalbyna uly zyýan berýän zatdyr».

---

[1] Halyt ibn Safwan ibn Abdylla ibn Amr ibn Ahtam Temimi - basraly meşhur arap dilewary. Tankyt we öwgi meselesinde deňsiz-taýsyz bolupdyr. Emewi halypalary Omar ibn Abdyleziz we Hyşam ibn Abdylmälik bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Ömrüniň ahyrynda gözleri kör bolupdyr we 133-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Jahyz ony husytlardan hasaplaýar.

[2] Muhammet ibn Saýyp Kelbi.

* * *

Fuzaýl ibn Ýýaz şeýle diýipdir: «Ýolbaşçylyga höwes eder ýaly onda näme bar?! Onda diňe bahylçylyk, adalatsyzlyk we zulum bar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kim ýolbaşçylyga aşyk bolsa, halas bolmaz».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Ýolbaşçylyga höwes edýän kişi ynsanlaryň aýplaryny we olaryň erbetliklerini isleýän kişidir. Şeýle hem onuň ýanynda kimdir birini öwäýseň, diýip agzamak oňa ýakmaýar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kimiň özüne tabyn kişisi köpelse, onuň şeýtany köpeldigidir».

* * *

Ybraýym Edhem şeýle diýipdir: «Günäkär bol, ýöne ýolbaşçy bolma, sebäbi toba etseň, günäden halas bolup bolýar, emma ýolbaşçylyk heläk edýär».

* * *

Bir adam bir mesele boýunça Hasan Basrynyň ýanyna gelipdir. Emma onuň çuň nazaryndan çekinip, sorajak zadyny sorap bilmän, yzyna dönüpdir.

* * *

Halyt ibn Safwan şeýle diýipdir: «Ahnef ibn Kaýs[1] at-abraýdan gaçýardy, at-abraý bolsa onuň yzyndan galmaýardy».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kuraýyşlylary öňe tutuň, olardan öňe geçmäň. Olardan öwreniň, olara öwretmäň».

* * *

Şygyr:

Kuraýyş milleti haýyrly örän,
Elmydam siz onuň yzyndan ýöräň.

* * *

Abdylla ibn Omar[2] şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň: «Kyýamat güni bolanda Allatagala gullaryndan bir guly çagyrar. Ony öňünde duruzyp, mal-mülki barada soraýşy ýaly, wezipesi barada hem sorar» diýendigini eşitdim.»

* * *

Bir adam Kuteýba ibn Müslime[3]:

---

[1] Ahnef ibn Kaýs ibn Mugawyýa ibn Hasyn Murri Sagdy - temim taýpasynyň ýolbaçysy. Hijtretden 3 ýyl öň dünýä inipdir. Pygamberimiziň döwründe ýaşapdyr, ýöne ony görüp bilmändir. 72-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr. Halymlykda onuň ady rowaýata öwrülip galypdyr.

[2] Abdylla ibn Omar ibn Amr ibn Osman ibn Affan - Hezreti Osmanyň neslinden bolan şahyr. 120-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Kuteýba ibn Müslim ibn Amr ibn Hasyn Bahyly Abu Hafs – emewi serkerdesi. 49-njy hijri ýylynda dünýä inipdir. Onuň kakasy Ýezit ibn Mugawyýanyň ýakyn adamlaryndan bolupdyr. Merwanylaryň döwründe ösüp ulalypdyr. Abdylmälik ibn Merwan ony Reý şäherine häkim belläpdir. Soň Abdylmäligiň ogly Welit ony Horasana häkim belläpdir we ol Mawerannahryň Horezm, Sistan, Samarkant ýaly

— Biz seniň ýanyňa ýitgileriň we zyýanlaryň barada soramaga gelmedik. Biz senden şöhratyň we wezipäň barada sorajak — diýipdir.

Onda ol:

— Siz meniň iň agyr işlerimi soraýarsyňyz. Walla, biz mallarymyzy biziň ýüzümizi goramagy (işlerimizi ýapmagy) üçin berýäris — diýipdir.

* * *

Asym ibn Abul Junut Kary Basra gidermen bolupdyr we Şagbynyň[1] ýanyna gelip:

— Seniň bir ýumşuň barmy? — diýipdir.

Onda Şagby:

— Ol ýere barsaň, Hasan Basra meniň salamymy ýetir — diýipdir.

Asym oňa:

— Men ony tanamaýaryn — diýipdir.

Onda Şagby oňa:

— Sen gözleriňe iň owadan görünen we häsiýeti agras bolan adama meniň tarapymdan salam aýt — diýipdir.

* * *

Bedr[2] gijesiniň nury bar onda,

---

şäherlerini eýeläpdir. Hytaýyň serhetlerine çenli söweş edip, ol ýerleri jizýe (salgyt) tölemäge boýun edipdir. Onuň häkimligi 13 ýyl dowam edipdir. Welit wepat bolansoň, onuň ýerine Süleýman ibn Abdylmälik geçipdirr. Kuteýbanyň onuň bilen arasy bolmansoň, Kuteýba hem özüniň garaşsyzlygyny yglan edipdir. Süleýman hem onuň üstüne Katadanyň serkerdeliginde goşun iberipdir. 96-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[1] Amyr ibn Şerahyl Şagby - tabygyn neslinden bolan fykh alymy we şahyr. 19-njy hijri ýylynda Kufada dünýä inipdir. Ynamdar hadys rowaýatçysy. Soň ol Hajjajdan gaçyp, Abdylmälik ibn Merwanyň ýanyna barypdyr. Ol hem ony rum hökümdaryna ilçi edip iberipdir. 103-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Bedr gijesi – aýyň 14-i gijesi.

Hem Bedr[1] gününiň zory bar onda.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Men bir jemagat bilen söhbetdeşlikde otyrdym. Olaryň içinde bir adamyň şöhraty barada söz aýdýardylar. Ol hem gürlände diňe özüniň we dostlarynyň bähbidi hakda gürleýärdi. Hiç kim hem oňa böwet bolup bilmeýärdi, onuň şöhratyndan gorkýardylar».

* * *

Ýanyna bir bada dört-bäş adam gelse, Fuzaýl şöhratparazlykdan gorkup, turup gidiberer eken.

* * *

Eýýup Sahtyýany özüniň edýän ybadatlaryny gizlin saklar eken. Hiç kim onuň köp gülýändigini görmändir. Bir gezek onuň ýanyna girenlerinde onuň düşeginde oturan ýeriniň gyp-gyzyl bolup gidendigini görüpdirler. Galdyryp görseler, pagta doldurylan sebet bar eken. Ol gijelerine ybadat eder eken. Haçanda daň atanda, göýä ýaňy ukudan oýanan bolup, sesini gataldar eken. Özüniň göýä şu wagt turandygyny bildirjek bolar eken. Ol: «Magrypet[2] heläk boldy, men onuň bilen erbet bolmakdan gorkýaryn» diýer eken.

* * *

Muammar[3] şeýle gürrüň berýär: «Men Eýýup Sahtyýanynyň köýnegini gördüm. Uzyndy, tas ýere degip durdy. Men ondan:

---

[1] Bedr güni – hijri ýylynyň 3-nji ýylynda musulmanlar bilen müşrükleriň arasynda bolup geçen söweş.

[2] Magrypet – Allany doly manyda tanamak. Bu ýerde: şan-şöhrat manysynda.

[3] Muammar ibn Raşyt Ezdi Haddany - Basrada, Ýemende, Sanada ýaşap geçen alym. Eýýup Sahtyýanynyň dosty. 102-nji hijri ýylynda Ýemende wepat bolupdyr.

— Bu näme? — diýip soradym.

Ol:

— Öňler tekepbirlik uzyn eşik geýmekde eken. Indi bolsa gysga geýmekde — diýdi.

Ol tikinçä: «Has hem uzalt. Sebäbi şu wagt tekepbirlik gysga geýinmekde» diýer eken».

* * *

Nemri[1] şeýle diýipdir:

Yzzat uzyn geýmekde diýip aýdýar käbiri,
Yzzaty yzzat bilen tanamak adatymyz.
Maňa yzzat - Alladan, milletimden - hormatam,
Hakyň nazary düşen mertebeli adamy biz.

* * *

Hyşam ibn Abdylmäligiň[2] ýanynda birnäçe öý barada agzalypdyr. Onda ol:

— Geçmişi, geljegi, direg ýagdaýy we zaman kepilligi bolmadyk öý barada näme diýersiňiz — diýipdir.

Onda oňa:

— Eger şeýle bolsa ol öý uzak wagtlap durar — diýipdirler.

Ýagny, geçmişi diýmek bilen geçen, ata-babalarynyň abraýyny, geljegi diýmek bilen ogullarynyň abraýyny, direg ýagdaýy diýmek bilen baýlygy, zaman kepilligi diýmek bilen soltanlaryň ýanyndaky şan-şöhratyny aýtmak isläpdir.

[1] Mansur ibn Zeberkan ibn Seleme Nemri - Rasulaýnda ýaşap geçen şahyr. Öňürti haryjy mezhebinden bolupdyr, soň şaýylyga geçipdir. 190-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Emewi halypasy Hyşam ibn Abdylmälik ibn Merwan.

* * *

Anuşirwan bir adamyň şekilini ýasatdyrypdyr. Oňa:

— Onuň geçmişi ýok — diýipdirler.

Ol:

— Biz oňa öý we abraý ýasadyk — diýipdir.

* * *

Meniň şeýle gaýratym bar welin, eger dünýä gark bolsa, diňe onuň gaýnap möwç urmagyny islärdim. Eger gije bolsa, daň atmazlygyny islärdim.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Meniň belent hümmetim bar, hem-de şeýle gaýrat bar,
Seretan ýyldyzyndan has-da beýge ýetendir.
Ylym talap etmek üçin çykmasa nebis eger,
Diri däldir ol onda, bir çak mundan ötendir.

* * *

Emir Salyhy[1] şeýle diýipdir:

Meniň ähli gaýratlardan belent bolan gaýratym bar,
Mende ähli umytlardan bar bir belent umydam.
Meniň ähli nalyşlardan belent nalyş-perýadym bar,
Başga taýpalardan däl-de, bulaň bary Salyhyýeden[2].

* * *

Kulsum Attaba:

[1] Aly ibn Muhammet ibn Aly Salyhy Abyl Hasan - şapygy mezhebinden bolan fykh alymy.

[2] Salyhyýe – Ýemende bolan Salyhyýe döwleti.

— Pylan kişi hiç zada ähmiýet hem berenok — diýipdirler.

Ol hem:

— Onda oňa jennetden başga niýet galmandyr-da — diýipdir.

* * *

Käbirleri: «Men abraýa, göýä gözele aşyk bolnuşy ýaly aşyk» diýipdirler.

* * *

Mugawyýa bir gezek Araba ibn Ewsä[1] garap:

Araba ibn Ewsi açyp arasyn goşa zatlaryň,
Gördüm men onuň ösýänin haýyr-sogap işler bilen.
Eger-de baýdak buýsanç bilen galmasady ýokary,
Bolardy Araba hem onuň şan-y-şöhratyn alan —

diýip, Şemmahyň[2] aýdan sözleri saňa degişlimi? Sen milletiň hojaýyny bolmaga nädip ýetdiň? — diýipdir.

Onda ol:

— Men olaryň iň jomardy däl. Olaryň nebere taýdan hem iň abraýlysy däl. Ýöne men olaryň nadanlyklaryny aýyrdym, dilegçilerine jomart boldum. Kim meniň amalymy etse, ol meniň bilen deňdir. Kim menden köp amal etse, ol menden üstündir. Kim menden az amal etse, men ondan üstün — diýipdir.

---

[1] Araba ibn Ews ibn Kaýzy ibn Amr Ewsi Harysy Ensary - medineli ýolbaşçylaryň we emeldarlaryň biri. Çaga mahaly Muhammet alaýhyssalamy görüpdir. Mugawyýanyň döwründe Şama gelipdir. 60-njy hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

[2] Şemmah ibn Dyrar ibn Harmele - jahylyýet we yslam döwürlerinde ýaşap geçen şahyr.

Onda Mugawyýa:

— Walla, bu hakyky jomartlyk we hökümdarlyk — diýipdir.

* * *

Muhrama ibn Abdylmälik şeýle diýipdir: «Alymlaryň arasyndan Şapygydan agrasyny görmedim. Daşda we ýakynda ondan has sahyny we ýagşyny görmedim».

* * *

Şagby şeýle diýipdir: «Hezreti Omaryň gamçysy Hajjajyň gylyjyndan has täsirlidir. Sebäbi haçanda Huzystanyň hökümdary Hurmuzan ýesir düşende, Hezreti Omaryň nirä gidendigini gözlediler. Onyň metjidiň içinde gamçysyna ýassanyp ýatandygyny gördüler. Hurmuzan ony görende şeýle diýipdir: «Walla, bu hökümdar hakyky adalatly hökümdar. Men dört sany Hysrowa hyzmat etdim. Emma biri hem şu gamçynyň eýesi ýaly agras däldi» diýipdir.

* * *

Ahtal[1] Abdylmälik ibn Merwan[2] barada şeýle diýipdir:

Eger gözler oňa baksa, umyda baglap niýetin,
Görerler takwalyk nyşanyn hem-de Jepbaryň haýbatyn.

* * *

Bir mejlisde jahylyýet döwrüniň ýolbaşçylary barada gürrüň gozgalypdyr. Olaryň arasynda Abdylla ibn Zübeýr hem

[1] Ahtal Gyýas ibn Gaws ibn Sagt ibn Taryka ibn Amr Abu Mälik - taglap ogullary taýpasyndan bolan şahyr. 19-njy hijri ýylynda Hyra töwereginde dünýä inipdir. Hristian dinine uýupdyr.

[2] Emewi halypasy Abdylmälik ibn Merwan ibn Hakem.

bar eken. Ol: «Eger agzajak, ýatlajak bolsaňyz, onda Abdylla ibn Jedgany ýatlaň. Sebäbi abraý diňe ondan soň paýlandy» diýipdir.

* * *

Basrada bir ýyl gurakçylyk bolupdyr. Basranyň häkimi Ibn Amyr 10 000 kişini iýdirip geýdiripdir. Bu onuň abraýyny galdyrypdyr. Hezreti Osman oňa hat ýazyp, haýyr dileg-doga edipdir. Şeýle hem özüniň orunbasarlaryna oňa 400 000 dinar kömek bermegi emr edipdir. Hatynda hem oňa: «Hökümdarlyk seni Aýyň we Günüň derejesine çenli ýetirdi. Allanyň beren zadyndan bermäge niýetli bol. Sebäbi abraý diňe şondadyr we Allanyň ýolunda bolan zatdadyr» diýipdir.

* * *

Bir adam Fuzaýldan:

– Maňa nesihat et — diýip haýyş edipdir.

Onda ol:

– Günäkär bol, ýöne ýolbaşçy bolma — diýip jogap beripdir.

# ELLI DOKUZYNJY BAP

## YLYM, HIKMET, EDEP, KITAP, GALAM WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Mugaz ibn Jebel[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ylym öwreniň. Ylym öwrenmek gowulykdyr. Ylym ýolunda bolmak ybadatdyr. Ylym hakda pikir alyşmak ybadatdyr. Ylymda bir meseläni çözmek jahatdyr. Bilmeýäne öwretmek sadakadyr. Mynasyp bolana ylym öwretmek Alla ýakynlykdyr.

Biliň, ylym jennet mekanlaryna barýan ýoldur. Ylym ýalňyzlykda ýoldaşdyr. Mysapyrlykda dostdur. Ýalňyz çagyň syrdaşdyr. Gizlin zatlara delildir. Darlykda kömekçidir. Dostlaryň ýanynda bezegdir. Duşmanlara garşy ýaragdyr. Allatagala milletleri ylym bilen beýgeldýär. Olary gowulyklary

---

[1] Mugaz ibn Jebel ibn Amr ibn Ews Ensary Abu Abdyrahman - uly sahabalaryň biri. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe Gurhany jemlän alty sahabanyň biri. Hijretden 20 ýyl öňürti Medinede dünýä inipdir we ýaşlygynda musulman bolupdyr. Ýedi sany ensarylar bilen birlikde ikinji Akaba hadysasyna gatnaşypdyr. Muhammet alaýhyssalam ony Japar ibn Abu Talyp bilen dogan okaşdyrypdyr. Bedr, Uhut, Hendek we Muhammet alaýhyssalamyň gatnaşan beýleki ähli söweşlerine gatnaşypdyr. Tebuk söweşinden soňra Muhammet alaýhyssalam ony Ýemene kazy we dini öwrediji mürşit edip iberipdir. Tä Muhammet alaýhyssalam wepat bolýança, Ýemende bolup, soň Medinä gaýdyp gelipdir. Soň Abu Ubeýde ibn Jerrah bilen Şama söweşe gidipdir. 18-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. 157 hadys rowaýat edipdir.

ýaýmakda ýolbaşçy eder, dolandyryjy eder. Alymlaryň eserlerinden peýdalanarlar. Işlerine uýarlar.

Perişdeler ylym eýeleriniň dostlukly gatnaşyklaryna uly üns berýärler. Olary ganatlary bilen penalaýarlar.

Ylym eýelerine deňizdäki ähli balyklar, ýer ýüzündäki guşlar, suw we gury ýer jandarlary, öý haýwanlary baş eger.

Sebäbi ylym kalplary nadanlykdan halas eden nur, gözleri garaňkylykdan halas eden aýdyňlykdyr. Bedenleri ejizlikden halas eden güýçdür.

Bende ylym bilen salyh kişileriň derejesine ýetýär. Alladan gorkýanlaryň toparyna goşulýar. Dünýäde we ahyretde belent derejelere ýetýär.

Ylym pikirlenmekdir, ol orazanyň sogaby ýalydyr. Ylym barada pikir alyşmak namazyň ýerine geçýändir. Dogan-garyndaşlara ylym üsti bilen gowuşýarlar. Halal-haram işler ylym bilen ölçenýär.

Ylym ýolbeletdir, beýleki işler hem oňa tabyndyr. Ylym bagtly bendelere berler, günäkär gullar ondan mahrumdyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kyýamat gününde alymlaryň syýasy bilen şehitleriň gany ölçener. Hiç haýsy beýlekisinden agyr gelmez. Sabanyň säher çaglary ylym öwrenmegiň sogaby ýüz gazawatdan hem has gowudyr. Bir kişi ylym ugrunda sapara çyksa, onuň perişdesi oňa jenneti buşlar. Ýogalan wagty kimiň mirasy syýa bilen galam bolsa, ol jennete girer».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ylmy pes bolanlar, bahalary pes bolan ynsanlardyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Her bir kişiniň bahasy onuň eden ýagşylygyna görädir».

* * *

Musa alaýhyssalam bir gezek Allatagala ýüzlenip:

— Eý, ylahym, seniň iň söýýän ynsanyň kim? — diýipdir.

Onda Allatagala:

— Ylmyň ugrunda bolan — diýipdir.

* * *

Ylym almak barada şeýle diýipdirler: «Eger lezzet alyp bilmeseňizem ylym öwreniň. Bu meselede tankytlanmagyňyz, siziň üçin başga zat bilen tankytlanmagyňyzdan has gowudyr».

* * *

Enes ibn Abu Yýas[1] şeýle diýipdir:

Aýdýarlar, käbir zatlary,
Olaň özlerem bilmeýär.
Diýseň: «Aýdanyň özüň et!»,
Olar ýerine salmaýar.

* * *

Käbir geçen alymlar şeýle diýipdirler: — Ylym dört görnüşlidir:

1. Din üçin fykh[2] ylmy;
2. Beden üçin tebipçilik ylmy;

[1] Enes ibn Abu Yýas ibn Zenim ibn Amr ibn Abdylla ibn Jabyr Kinany - şahyr.
[2] Fykh – yslam hukugy.

3. Zaman üçin ýyldyz ylmy;
4. Dil üçin nahuw[1] ylmy.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Bilmeýän zadyňy aýtma, bilýän zadyňy aýt».

* * *

Halyl[2] şeýle diýipdir: «Biz islesek, ýazylan kitabyň baplaryndan kimiň güýçli, kimiň pesdigini bilip bilýäris. Ýöne biz ylmyň artykmaç bolmagyny söýýäris».

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Ylymda özüňden ökdä, nadanlykda özüňden pese tabyn bol».

* * *

Abul Hasan Gürgenli Hatyp[3] şeýle diýipdir: «Kelam alymlary[4] şerigatyň dilidir, diniň gylyjydyr, ylmyň deňzidir, din olar bilen aýak üstünde dur. Olaryň delilleri bilen ketjallar ýeňilýär, patyşa olaryň sözleri bilen goralýar, eger olar

---

[1] Nahuw – dil kadasy ylmy.
[2] Halyl ibn Muhammet ibn Amr ibn Temim Farahydy Ezdi Ferhudy Abu Abdyrahman - dilçi we edebiýatçy alym. 100-nji hijri ýylynda Basrada dünýä inipdir. Aruz ylmynyň esasyny goýupdyr we Sibeweýhin ussadydyr. Nadr ibn Şemil ol barada: «Men öz görenlerimiň içinde Halyl ýalysyny görmedim. Halyl hem özi ýalyny görmedi we garyp, sabyrly bolup ýaşady» diýipdir. 170-nji hijri ýylynda Basrada wepat bolupdyr. Onuň dile degişli «Kitabul-aýn», «Meganil-huruf» atly kitaplary bar.
[3] Abul Hasan Aly ibn Abdyleziz ibn Hasan Gürgenli – Gürgeniň we Reýiň kazysy bolup, ylym ugrunda köp ýerlere syýahat edipdir. Soň kazylar kazysy bolupdyr. 392-nji hijri ýylynda Nyşapurda wepat bolupdyr. Tabydy Gürgene alnyp gidilipdir.
[4] Kelam ylmy – Allatagalanyň barlygyndan we sypatlaryndan gürrüň gozgaýan ylym.

ýazmasalar-dy we höküm çykarmasalardy, onda bu iş esasy daýanjy bozardy we agyzdyryklary çözerdi.

Ahyrete ynanmaýan mülhitler, betgatçylar, dürli mezhepler kelam alymlarynyň ylmy delilleri bolup durdugyça gülüp we ýaňsylap bilmezler.

Eger olar kelam alymyny görseler, olaryň ýüzi çytylyp, reňkleri garalar. Olar hiç bir iş başarman, hinlerine sümülerler».

* * *

Eban ibn Taglap[1] şeýle diýipdir: «Ylmy delili bilen öwrenmek, göýä ýüňden gyrmyzy dona ýazylan alam[2] ýalydyr».

* * *

Saglap şeýle diýipdir: «Dostlarymyň ýanymdan gitmezligi üçin, gijäniň gündiz bolmagyny arzuw ederdim».

* * *

Bir adam Hyşam ibn Hakeme:

— Sen adamlaryň arasynda içinde kelam ylmyny iň gowy bilýän alym — diýipdir.

Onda Hyşam:

— Ol nähili bolýar? Men kelam alymy däl — diýipdir.

Onda ýaňky adam:

— Men güýçli kelamçylaryň jedelde senden üstün çykandyklary hakynda aýdanlaryny eşitdim. Eger sen olaryň ýanynda üstün bolmasaň, olar munuň bilen öwünmezdiler — diýipdir.

---

[1] Eban ibn Taglap ibn Rabah Rabygy Jeriri Abu Sagyt Kufi - kary we ynamdar hadys rowaýatçysy. 141-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Alam – donuň gyralaryna hat ýazylyp çekilen nagyş.

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Eger men bir zady bilmegi islesem, ony hökman okap öwrenýärdim. Eger bir zady eşidip we sorap öwrensem, onda kellämde ondan hiç zat galmaýardy».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ynsanyň ylma hyýanat etmegi, malyna hyýanat etmeginden has erbetdir».

* * *

Kufa şäherinden bolan Ibn Şebermeden:

— Hadyslary siz kän rowaýat edýärsiňizmi ýa-da basralylar? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Biz hüküm çykarýan hadyslary köp rowaýat edýäris, olar agladýan hadyslary köp rowaýat edýärler — diýipdir.

* * *

Şagbydan bir meseläni sorapdyrlar. Ol hem:

— Meniň ol ugurdan ylmym ýok — diýipdir.

Oňa:

— Sen beýle diýmäge utanmaýarsyňmy? — diýipdirler.

Onda ol:

— Perişdeleriň utanmadyk zadyndan men näme üçin utanaýyn. Olar hem: «Biziň ylmymyz ýok[1]« diýdiler ahyry — diýipdir.

[1] Gurhanyň «Maide» süresiniň 109-njy aýaty.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Alymyň ybadathondan artykmaçlygy meniň iň aşaky gatlakdan bolan adamdan üstün bolşum ýalydyr».

Başga bir rowaýatda bolsa şeýle diýipdir: «Alymyň ybadathondan artykmaçlygy on dördi gijäniň aýynyň beýleki ýyldyzlardan artykmaçlygy ýalydyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Alym bilen abydyň arasynda ýüz dereje bardyr. Her iki derejäniň arasy duşman atynyň aýlawda ýetmiş ýyl ýaryşmagy ýalydyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Hikmet möminiň ýiten malydyr. Eger ol müşrügiň (butparazyň) agzynda hem bolsa alsyn».

* * *

Mansur ibn Ammar şeýle diýipdir: «Hikmet satylmaz, diňe gowy diňläne beriler. Ony alýan pul tölemez, bahasyny diňe kalbynyň düşünmegi bilen üzlüşer».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Hikmeti nirede bolsa hem alyň. Sebäbi hikmet mynapygyň kalbyndan tä çykýança gygyryp durar. Ol möminiň kalbynda rahat ýerleşer».

* * *

Halyl şeýle diýipdir: «Nadanlyk ylymda haýa bilen ulumsylygyň arasynda otlap ýörendir».

* * *

Halyl ibn Ahmet Abu Hanypanyň[1] fykh ylmyna göz gezdiripdir. Oňa:

— Nähili gördüň? — diýipdirler.

Onda ol:

— Onuň hakyky dogry ýoldadygyny gördüm. Biz bolsa hezillik içinde, ýolumyz hem hezil — diýipdir.

* * *

Abu Hanypa ussady Hammadyň[2] ýanyna fykh ylmyny okamaga gelipdir. Hammat oňa: «Her gün üç mesele öwren, tä ylmyň tikinleri sökülýänçä, ýagny doly öwrenýänçäň ondan hiç zat artdyrma».

Ol hem onuň aýdyşy ýaly edipdir we barmak basyp sanaýmaly alymlaryň biri bolup ýetişipdir.

* * *

Abu Hanypa (goý, Alla oňa rehmet etsin)[3] şeýle diýipdir: «Alladan we onuň resulyndan gelen sözler başymyz üstüne, sahabalardan gelen sözleriň gowusyny saýlap alarys we olaryň sözlerinden çykmarys. Emma tabygyndan,[4] etbagut-tabygyndan[5] gelen sözler bolsa, olar hem adam, biz hem adamdyrys».

---

[1] Ymam Agzam Nugman Abu Hanypa - dört sünni mezhebiň biri bolan hanapy mezhebini esaslandyryjy.

[2] Hammat ibn Abu Süleýman Müslim Abu Ysmaýyl Eşgary Kufy - fykh ymamlarynyň biri. Ynamdar hadys rowaýatçysy, Abu Hanypanyň öweý atasy we ussady.

[3] Yslamyň sünni ynanjyna görä mezhep ymamlary, uly alymlaryň ady agzalanda «rahmetullahi aleýh» (goý, Alla oňa rehmet etsin!) diýilýär.

[4] Tabygyn – sahabalary gören nesil.

[5] Etbagut-tabygyn – tabygynlary gören nesil.

* * *

Agmeş[1] Abu Hanypadan birnäçe mesele barada sorapdyr. Olaryň jogaplaryny alansoň hem:

— Sen bulary nireden bilýärsiň? — diýip sorapdyr.

Abu Hanypa:

— Seniň aýdan hadyslaryňdan — diýip jogap beripdir.

Onda Agmeş:

— Eý, fykh alymlar jemagaty, siz tebiplersiňiz, biz bolsa derman ýazyp berýänçiler — diýipdir.

* * *

Ymam Abu Ýusupdan[2] haýsydyr bir mesele babatda soralanda, ol: «Bu jogap Abu Hanypanyň sözüdir. Kim ony özi bilen Rebbiniň arasynda ulansa, dinini halas eder» diýer eken.

* * *

Abdylla ibn Dawut[3] şeýle diýipdir: «Abu Hanypa barada erbet gürrüň gozgaýanlar, ýa onuň ylmyna bahylçylygy üçindir, ýa-da özleriniň nadanlyk derejesini bilmeýän nadanlardyr».

---

[1] Abu Muhammet Süleýman ibn Mehran Agmeş Esedi – ynamdar hadys rowaýatçysy. Onuň asly Tabarystandan bolupdyr. Hüseýiniň öldürilen güni dünýä inipdir, ýagny 61-nji hijri ýylynyň aşura gününde dünýä inipdir. Kufa şäherinde önüp-ösüpdir. Kary, hapyz we paraýyz alymy bolupdyr. 1300 töweregi hadys rowaýat edip, 148-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr.

[2] Ymam Agzamyň talyby Ymam Abu Ýusup ibn Ybraýym.

[3] Abdylla ibn Dawut ibn Amyr ibn Rabyg Hemedany - ynamdar hadys rowaýatçysy. Kufaly bolup, 121-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. 213-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Söwri[1] özünden bir mesele barada giňişleýin soralanda: «Bu meselede gözümiz gidýän alym barka (Abu Hanypa göz öňünde tutulýar), biziň bir zat diýmegimiz gowy bolmaz» diýer eken.

* * *

Abu Hanypanyň wepat bolandygy barada Şugbä habar ýetipdir. Ol haçanda ony ýatlanda şeýle diýer eken: «Kufaly alymlardan ylmyň nurunyň ýagtylygy söndi. Olar indi onuň ýalyny hiç haçan görüp bilmezler».

* * *

«Diwanda»[2] şeýle diýilýär: «Allatagala Ýeri göýä hanapy mezhebini Abu Hanypanyň ylmy bilen gazyk edişi ýaly uly alamatlar bilen gazyk edip goýdy. Hanapy mezhebiniň uly alymlary hanyf dininiň[3] halasgäridir».

* * *

Jomartlyk we halymlyk Hatamda we Ahnefdedir. Din we ylym hanyflykda we hanapylykdadyr. Ähli şerigatlar onuň meseleleri boýunça, gözbaşlar hem onuň akymy boýunça gidýändir.

---

[1] Abu Abdylla Sufýan ibn Sagyt ibn Masruk Söwri – hadys alymy. Hadysda «möminleriň emiri» lakamyny gazanypdyr. Öz döwründe din, Gurhan we takwalykda ussatlardan bolupdyr. Apbasly halypasy Mansur ony kazy bellemekçi bolupdyr, emma ol kabul etmändir. 144-nji hijri ýylynda Kufadan çykyp, Mekgä we Medinä gelipdir. Soň halypa Mäti ony çagyrypdyr, emma ol gitmändir. Soň Basra göçüpdir we şol ýerde hem 161-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Onuň birnäçe kitaplary bar.

[2] Zamahşarynyň «Diwan» atly eseri.

[3] Hanyf dini - ýeke Hudaýly din, ýagny yslam dini.

Ýagny jomartlyk Hatam Taýa degişlidir, halymlyk Ahnef ibn Kaýsa degişlidir, din hanyflyga degişlidir, ylym hanapylara[1] degişlidir.

* * *

Pes kişilere hikmet eşigini geýdirmäň. Sebäbi olaryň bedenleri onuň salkynlygy bilen zynatlanmakdan has ýowuzdyr. Olaryň boýunlary onuň şertlerini ýerine ýetirmekden ejizdir.

* * *

Beşir Ensary[2] şeýle diýipdir:

Eger sen sorasaň, bu habar menden —,
Ylmyň eýesine peýda berýänliginden.

* * *

Başga şahyr şeýle diýipdir:

Men asyryň adamlaryn görýärin,
Ylmy - diňe dost ýanynda öwünmek.
Sanap geçmek üçin ýeke-ýekeden –
Zulumlary, nähaklary öwrenmek.

* * *

Ylym iki görnüşdir: «Beýgeldýän ylym we peýda berýän ylym. Beýgeldýän ylym dinde fykh ylmydyr. Peýda berýän ylym tebipçilik ylmydyr».

---

[1] Türkmen halky hem Ymam Agzam Abu Hanypanyň mezhebi bolan hanapy mezhebine degişlidir we ýurdumyzda bar bolan ähli dini tälim-terbiý däp-dessur hanapy mezhebiniň fykhy (hukugy) boýunça öwredilýär.
[2] Beşir ibn Abdyrahman ibn Kagp ibn Mälik ibn Abu Kagp Amr Ensary - onuň atasy Kagp ibn Mälik Resulallanyň şahyry bolupdyr.

* * *

Wasyl ibn Atanyň[1] bir ýaş ýigitden hadys ýazýandygyny görüpdirler. Oňa:

— Sen ondan hadys ýazýarsyňmy? — diýdiler.

Onda ol:

— Men bu hadysy ondan hem has gowy bilýärin. Ýöne men onuň ylmyny artdyrmagy üçin oňa hadys ylmy bilen iş alyp barmagyň käsesinden dadyrýaryn — diýipdir.

* * *

Mezbet basganççaga çykyp barýan aýalyna seredip:

— Eger sen aşak düşseň, ýa ýokary çyksaň, ýa-da duran ýeriňde dursaň, menden talak — diýipdir. Aýaly hem şol duran ýerinden özüni ýere oklapdyr. Onda Mezbet oňa:

— Enem-atam saňa gurban bolsun! Eger Mälik ibn Enes[2] wepat bolsa, onda Medinäniň ýaşaýjylary özleriniň dini

---

[1] Wasyl ibn Ata – Hasan Basrynyň talyplaryndan. Mugtezile mezhebini esaslandyryjy. 131-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Mugtezile mezhebiniň döremegine şu waka sebäp bolýar: «Hasan Basrynyň mejlisine bir adam gelip, uly günä eden möminiň ýagdaýy barada, käbirleriniň onuň kapyr bolýandygyny (haryjylar), käbirleriniň bolsa imanly bolup galýandygyny (murjiýe) aýdýandyklaryny we muňa jogap bermegini soraýar. Hasan Basry heniz hiç zat diýmänkä Wasyl ibn Ata ýerinden turup: «Uly günä eden adam möminem däl, kapyram. Ol küpür bilen iman arasyndadyr» diýýär. Hasan Basry bolsa beýle däldigini, onuň mynapykdygyny aýdýar. Wasyl ibn Ata hem bu ýagdaýdan soň, Hasan Basrynyň mejlisini terk edýär. Hasan Basry hem: «Kad igtezile anna Wasyl» (Wasyl bizi terk etdi) diýýär. Mundan soň hem Wasyl ibn Ata we onuň tarapdarlaryna «mugtezile» (terk edenler) diýilýär. Wasyl ibn Ata hem Hasan Basrynyň başga bir talyby bolan Amr ibn Ubeýd bilen birleşip, mugtezile mezhebini esaslandyrýar. Mugtezile mezhebi akyda meselelerini düşündirýärkä, dini hökümleriň ýany bilen akyla hem uly üns berýär. Dini hökümleriň akyl bilen gabatlaşmadyk ýagdaýynda, başga manylar berýär.

[2] Mälik ibn Enes ibn Mälik Esbahy Hamyry Abu Abdylla - medinäniň we dört sünni mezhebiniň biri bolan mäliki mezhebiniň ymamy. 93-nji hijri ýylynda

meselelerinde saňa mätäç bolarlarmyka diýýän — diýip, onuň ugurtapyjylygyna baha beripdir.

* * *

Muzeni[1] namaz wagty gelende ýigrimi bäş rekat nepil[2] namazyny okapdyr. Muhammet ibn Yshak ibn Hazymy oňa:

— Seniň dostlaryň arasynda oturmagyň mundan has ýagşydyr. Namazyň saňa zyýan ýetirmeýär, emma seniň olara tälim bermezligiň olara zyýan bolýar. Sebäbi ylmyň bereketi artýar we netijesi miwe berýär — diýipdir.

Onda ol:

— Sen dogry aýdýarsyň. Ýöne men iki işiň arasyny birleşdirýärin. Men olara bir mesele öwredýärin, soň bolsa onuň üstünde pikirlenmekleri üçin öz erklerine goýýaryn. Şol wagt özüme hem nepil namaz okaýaryn — diýipdir.

Onda Muhammet oňa:

— Emma eger sen olara mesele berip, özüň hem olaryň garaýyşlaryny derňäp, ol meseleden netije çykarmaklaryna ýardam etseň, kömekçi boldugyň bolardy — diýipdir.

Onda Muzeni:

— Men seniň aýdyşyň ýaly hem edýärin — diýipdir.

* * *

Bir adam Eflatundan:

— Sen bu ylymlaryň hemmesini edinmäge nädip güýç tapdyň? — diýip sorapdyr.

---

Medinede dünýä inip, 178-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr. Hadys ylymyna degişli «Muwatta» atly ygtybarly hadys kitaby bar.

[1] Ysmaýyl ibn Ýahýa ibn Ysmaýyl Abu Ybraýym Muzeni - Ymam Şapygynyň dosty. 175-nji hijri ýylynda Müsüriň Mezine diýen obasynda dünýä inipdir. Örän takwa, alym, dilewar adam bolupdyr. 264-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Ymam Şapygy ol barada: «Ol meniň mezhebimiň kömekçisidir» diýipdir..

[2] Nepil namazy – parz we sünnet namazlardan aýry bolan we sogap üçin öz islegiňe görä okalýan namaz.

Onda ol:

— Zeýtun ýagyny çyrada bütin ömrümde içen suwumdan hem köp ýakdym — diýip jogap beripdir.

* * *

Ahmet ibn Harp[1] şeýle diýipdir:

Alymlaryň arasynda Abu Hanypa,
Emirleriň hökümdary — halypa.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Siziň iň ussat bolanyňyz ylym taýdan ussat bolanyňyzdyr».

* * *

Galen şeýle diýipdir: «Afina[2] halky şeýle kanun goýdy: «Eger kim öz perzendine ylym öwretmese, onda ol atalyk hukugyndan mahrum bolýar».

* * *

Abu Amr ibn Agla[3] şeýle diýipdir: «Men tä Halyl ibn Ahmet bilen Ibn Mukaffagy görýänçäm agraslygyň nämedigini bilmeýärdim. Olaryň ikisi hem gaty üýtgeşikdi. Olar özünde bolan zady dostuna öwredýärdiler. Göýä olar adamyň içindäki ähli zatlary bilýän ýalydylar. Bir gezek olar ylym we sungat

---

[1] Ahmet ibn Harp ibn Abdylla ibn Sehl ibn Giruz Abu Abdylla Zahyt Nyşapury - hadys we tasawwuf alymy. Oňa Merwezi hem diýipdirler. Abdallardan hasaplanypdyr. 234-nji hijri ýylynda 58 ýaşynda wepat bolýar.

[2] Afina – Ýunanystanyň paýtagty.

[3] Abu Amr Agla Zeban ibn Ammar Temimi Basry – dilçi we edebiýatçy alym. Ýedi karynyň biri. 70-nji hijri ýylynda Mekgede dünýä inipdir we Basrada wepat bolupdyr. Abu Ubeýde ol barada: «Ol edebiýat, arap taryhy we dili, Gurhan, şygryýet ýaly ylymlarda uly alymdy» diýipdir.

barada biraz gürrüň etdiler we her haýsy öz ýoluna gitdiler. Men Halyldan Ibn Mukaffag barada soradym.

Ol:

— Men onuň ýalyny görmedim. Onuň dil ylmy meniň ylmyndan hem has üstün — diýdi. Soň Ibn Mukaffagden Halyl barada soradym.

Ol:

— Men onuň ýalyny görmedim. Onuň ylmy meniň dil ylmymdan has üstündir — diýdi.

* * *

Ylym gowy düşünmek bilen artar, ýat tutmak bilen azalar.

* * *

Kagyza ýazylan ylym bilen hoşlaş, ony ýok et, kagyza ýazylan ylym kellede galmaz.

* * *

Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas[1]: «Din ylmyndan saňa sowatsyzlygyňy ýok etjek derejede ylym öwrenmegiň ýeterlik. Arap dil ylmynda saňa şaýat we nakyl getirip biljek derejede ylym öwrenmegiň ýeterlik»[2].

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Bedeniň kuwwaty iýmek-içmekdedir. Akylyň kuwwaty hikmetde we ylymdadyr».

---

[1] Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp Haşymy Kuraýşy - apbasly hakypalary Seffahyň we Mansuryň kakalary. 62-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. 100-nji hijri ýylynda ilkinji bolup emewileri agdarmak üçin wagyz işlerini başladýar. Gizlin ýagdaýda ilikinji apbasy halypasy diýilip ykrara edilýär. 125-nji hijri ýylynda ölüminden öňürti hem, ogly Ybraýymy ymam (halypa) yglan edýär.

[2] Sebäbi arap edebiýatynda we dilşynaslygynda aýdan her bir zadyň üçin nökman bir delil ýa-da şaýat getirmeli eken.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ylym öwrediň we ylym üçin rahatlygy we agraslylygy öwrediň. Alymlara zulum edýänlerden bolmaň. Bilmeýän zatlaryňyz bilen amal etmäň».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Ýaranjaňlyk mömininiň ahlagyna degişli däldir, ýöne diňe ylym öwrenmekde ýaranjaňlyk etseň bolýandyr».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Tä dil durýança ylym öwrenmäge howlugaryn. Ony tä gapyrgalar we beýleki agzalar görünýänçä, ýagny garraýançaň beýgelderin».

* * *

Anuşirwandan:

— Garrylara ylym okamak ýerlikli bolarmy? — diýp sorapdyrlar.

Ol:

— Kim bolsaň bol, kim nadan bolsa, nadanlyk ony erbet görkezer, kim alym bolsa ylym ony oňat görkezer — diýipdir.

* * *

Ylym we amal biri-birine baglydyr, göýä ruh bilen bedeniň ýakynlygy ýalydyr. Eger biri bolmasa, onuň beýlekisinden peýdalanyp bolmaýar.

* * *

Ýezit ibn Zerig[1] hadys alymlarynyň Abu Hanypanyň nädip şeýle uly derejelere ýetendigi barada gürrüňlerini eşidende şeýle diýipdir: «Heýhat, ol öz çykaran pitwasy[2] bilen gurşun reňk gatyry hem asmana uçurdy ahyry[3]«.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ymmatym iki zatda heläk bolar: Ylmy terk etmek we mal ýygnamak bilen».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Ynsanlara ylym öwrediň, sebäbi olar ylmyň ähli zatdan ýokarydygyny bilmeýärler».

Halyl şeýle diýipdir: «Men her wagt alyma duşanymda, ýa ondan bir zat alýaryn, ýa-da oňa bir zat berýärin».

* * *

Iki hili adam ylyma zyýan ýetirýär:

Birinjisi, özüniň pasyklygy sebäpli, ylmyndan gaçylýan pasyk alym;

Ikinjisi, özüniň takwalygy sebäpli, nadanlygyna çagyrýan nadan terkidünýä.

* * *

Bir adam Muhammet alaýhyssalamdan amallaryň iň peýdalysyny sorapdyr. Onda ol:

— Allany tanamak we din üçin bolan fykh ylmy — diýipdir we olaryň ikisini gaýtalapdyr.

---

[1] Ýezit ibn Werig Aýşy Abu Mugawyýa Basry - meşhur hadys rowaýatçysy. Hadys ylmynda ynamdarlardan hasaplanypdyr.

[2] Pitwa çykarmak – haýsydyr bir meselede dini karar, hököm çykarmak.

[3] Bu ýerde Abu Hanypanyň gatyrlar barada çykaran haýsydyr bir hökümi göz öňünde tutulýar.

Ol adam:

— Eý, Allanyň ilçisi, men senden amal barada soraýaryn, sen bolsa ylym barada maňa habar berýärsiň — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Eger ylymly bolsaň, azajyk amal hem saňa peýda berer, eger nadan bolsaň, köp amalyň hem peýdasy ýetmez — diýipdir.

* * *

Ylymsyz ybadat edýän ybadathon, göýä yzyny üzmän aýlanyp duran degirmen eşegi ýalydyr.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Bir kişi bir zat öwrense we öwrenen zady bilen amal etse, öwretse, asmanda onuň ady azymdyr[1]«.

* * *

Araplar alym, amal edýän we öwredýän adama: «Goşmaçaly köçe» diýýärler.

* * *

Abu Hanypa şeýle diýipdir: «Men Alladan Hammad[2] üçin doga-dileg edýärin».[3]

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim ylym öwrenmek üçin bir ýola girse, Alla ony jennete gidýän ýollardan birine saldy diýmekdir».

[1] Azym – belent, beýik.
[2] Hammad – Abu Hanypanyň ussady.
[3] Ol öz atasyndan öňürti ussadyna doga-dileg eder eken.

* * *

Halyl şeýle diýipdir: «Ylym gulpdur, sorag onuň açarydyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Alymyň ýalňyşyny surnaý bilen jar ederler, nadanyň ýalňyşyny onuň öz nadanlygy gizlär».

* * *

Amr ibn Ubeýt şeýle diýipdir: «Eger ylym bir surat bolsady, ynsanlar ondan başga gowy zada seretmezdiler».

* * *

Abu Sagyt Hudry Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Resulalla bir gezek:

— Eger jennet bakjalarynyň ýanyndan geçseňiz, ol ýerde otlaň — diýdi.

Ondan:

— Eý, Allanyň resuly, jennetiň bakjasy näme? — diýip soradylar.

Resulalla hem:

— Zikir halkasy (ylym mejlisi) — diýdi».

* * *

Mälik ibn Enes hadys gürrüň berjek bolanda ilki täret kylyp, sakgalyny darap, mejlisiň ortasynda edep bilen oturar eken. Ol bulary Resulallanyň hadyslaryna hormat üçin eder eken.

Günlerde bir gün düşegine girenden soňra, gije onuň ýanyna Ysmaýyl ibn Abu Uweýs[1] ondan hadys öwrenmäge gelipdir. Ol ýerinden turup, täret kylyp, oňa hadys aýdyp beripdir. Soň daşky eşiklerini çykaryp, düşegine geçipdir.

* * *

Günlerde bir gün Harun Reşit iki ogly bilen aýratynlykda Ymam Mälik ibn Enesden onuň hadys kitaby bolan «Muwattany»[2] diňlemekçi bolupdyr. Mejlisde başga adamyň bolmagyny islemändir. Onda Mälik oňa: «Eger ylymdan köpçülik mahrum edilse, onuň aýratyn kişilere peýdasy degmez» diýipdir. Onuň bu sözünden soňra, adamlara mejlise girmäge rugsat berlipdir.

* * *

Wehb ibn Munebbih[3] şeýle diýipdir: «Öňler alymlar ylymlary bilen dünýä meýil edýänleri saklar ekenler we olara dünýälerini pida etdirer ekenler. Emma indi alymlar ylymlaryny dünýä meýillilere harçlaýarlar we bu meselede takwa boldular. Olary dünýäleri bilen saklaýarlar».

---

[1] Ysmaýyl ibn Abu Uweýs Abdylla ibn Abdylla ibn Uweýs ibn Mälik ibn Abu Amyr Ashaby - ynamdar hadys rowaýatçysy. 220-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Muwatta – sünni dört mezhebiň biri bolan «hanbeli» mezhebiniň esaslandyryjysy we meşhur hadys alymy Ymam Mälik ibn Enesiň ygtybarly hadyslary özünde jemleýän hadys kitaby.

[3] Wehb ibn Munebbih Anbary Sangany Zymary Abu Abdylla – taryhçy alym. Gadymy kitaplary, köne rowaýatlary, aýratyn hem ysraýyllylara degişli rowaýatlary gowy bilipdir. Tabygyn neslinden hasaplanypdyr. Onuň kakasy Kesranyň Ýemene iberen pars ogullaryndan, ejesi bolsa humeýr taýpasyndan bolupdyr. 34-nji hijri ýylda Sanada dünýä inipdir we 114-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

* * *

Wehb ibn Munebbih ýene-de şeýle diýipdir: «Ylmyňy onuň isleýän zadyna harçla. Onuň islemeýän zadyny taşla. Ýogsam, sen göýä özüne miwe berlip, tä zaýalanýança özi hem iýmedik, özgä hem iýdirmedik kişi ýaly bolarsyň».

* * *

Wehb ibn Munebbih Mekhula[1] hat ýazyp şeýle diýipdir: «Salamdan soň, meniň eşidişime görä, sen yslam ylmy arkaly Alladan muhabbet we ýaranjaňlyk gazanypsyň. Bilip goý, bu iki ornuň biri beýlekisine böwet bolar. Wessalam».

* * *

Wehp ibn Munebbih ýene-de şeýle diýipdir: «Malyň tagmasy bolşy ýaly, ylmyň hem tagmasy bardyr».

* * *

Tawus[2] şeýle diýipdir: «Ylymly bolmak gynda gylyç saklaýan ýalydyr».

* * *

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Eger alym ylmy bilen amal etmese, ýagmyryň arassa ýeri palçyga öwrüp bilşi ýaly, onuň kalbyndan nesihat gider».

---

[1] Mekhul ibn Abu Müslim Şehrap ibn Şazel Abu Abdylla Hezeli - şamly fakyh we hadys alymy. Onuň asly Parsdan bolup, Kabulda dünýä inipdir. Hadys öwrenmek üçin Mekgä, Medinä we başga ýerlere hem aýlanypdyr. Soň Damaskda ýerleşipdir. 112-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Tawus ibn Keýsan Huwlany Hemedany Abu Abdyrahman – tabygyn neslinden bolup, dinde we hadysyň diraýet usulynda uly alym bolupdyr. Onuň asly Parsdan bolup, 106-njy hijri ýylynda Ýemende eneden bolupdyr. Şalardan we emirlerden daş durupdyr. Ibn Uýeýne şeýle diýipdir: «Üç kişi: Abu Zer, Tawus we Söwri soltanlardan daş durdy».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger-de ylmy amal etmek üçin okasaň, ylmyň artar. Amaldan başga maksat üçin okasaň welin, artmaz, diňe garyplygyň artar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Şu zamanyň karylary[1] göýä, bir adamyň duzak gurup, serçe tutuşyndaky ýaly wakany ýadyňa salýar.

Serçe:

— Näme ýerde görünmän ýatýarsyň? — diýip duzakdan sorapdyr.

Duzak hem:

— Pespälligim üçin — diýipdir.

Serçe:

— Onda näme üçin gizlenýärsiň? — diýipdir.

Onda duzak:

— Köp ybadat etmek üçin — diýipdir.

Serçe:

— Onda bu dökülip ýatan däneler näme? — diýipdir.

Duzak:

— Olary agzyny beklänlere taýýarlap goýdum — diýipdir.

Serçe oňa:

— Gör sen nähili oňat goňşy ekeniň — diýipdir.

Gün ýaşyp, agzaçar bolanda, serçe däneleri çokjak bolup duzaga düşüpdir. Duzakda gysylyp ýatan serçe:

— Eger her bir ybadathon seniňki ýaly gysýan bolsa, onda ybadatda haýyr ýokdur — diýipdir».

[1] Kary – 1. Okaýjy. 2. Gurhany ýat tutan adam.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eý, Gurhan göteriji! Gurhan seniň kalbyňda näme ekdi? Çünki ýagmyryň ýeriň bahary bolşy ýaly, Gurhan mömininiň baharydyr[1]«.

* * *

Muhammet ibn Wasyg[2] şeýle diýipdir: «Kyýamatda bir jemagaty dowzaha salarlar. Dowzahdakylar olara:

— Siziň nämäňiz bar? Siziň ysyňyz bize azar berýär — diýip sorarlar.

Onda olar:

— Allatagala biziň içimizde ylmy goýdy, biz hem onuň bilen amal etmedik — diýerler».

* * *

Semit ibn Ajlan[3] şeýle diýipdir: «Käbirleri Gurhan okap, ylym öwrenýärler. Ony öwreneninden soň bolsa dünýäni bagryna basyp, ony başlarynyň üstünde goýýar. Sen munuň ýalylara şu üç kişiniň biri hökmünde seret: Naçar aýal, boş çarwa arap, nadan ajamy».

* * *

Eger dünýäde hazyna görünmeýän bolsa, dünýä işleri nämä gerek. Olar höwes edip, dünýäni ýygnadylar. Olar göýä Allatagalanyň: «Olary ylymsyz azdyrýan günäkärler, olar nähili erbet günäkärlerdir[4]« diýen aýatynda aýdylyşy ýalydyr.

---

[1] Bahar – ýaşaýyş manysynda.

[2] Muhammet ibn Wasyg ibn Jabyr Ezdi Abubekr Abu Abdylla Fakyh - basraly zahyt. Oňa Basra kazylygy hödürlenipdir, emma ol kabul etmändir. Hadys ylmynda ynamdar bolupdyr. Kuteýba ibn Müslimiň goşunynda türkmenler bilen söweşe goşulypdyr. Hasan Basrydan 10 ýyl soňra, ýagny 120-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Semit ibn Ajlan – ynamdar hadys rowaýatçysy.

[4] Gurhanyň «Neml» süresiniň 25-nji aýaty.

* * *

Bedil ibn Meýsera[1] şeýle diýipdir: «Kim ylmy bilen Allanyň razyçylygyny gazanmak islese, Allatagala ondan razy bolar we ony ybadat ediji hökmünde kabul eder. Eger kim ylmy bilen Allanyň razyçylygyndan gaýry zady islese, Allatagala ondan razyçylygyny aýrar we ony ybadat ediji hökmünde kabul etmez».

* * *

Mugawyýa ibn Kyrra şeýle diýipdir: «Men eger metjide girenimde, ol ýerde ýeke oturan kişi meniň ýanyna baryp oturmagymy islese, şonuň ýanyna baryp oturýaryn. Eger bir jemagat oturan bolsa we olara: « Bular pylanyň halkasy» diýilse, olaryň ýanynda oturma we olary söýme».

* * *

Wasyl ibn Ata şeýle diýipdir: «Kim her geçen günde ylmynyň üstüne ylymdan bir goşant goşmasa, ol kemçilik içindedir».

* * *

Isa ibn Hazyr[2] şeýle diýipdir: «Alla Abu Huzeýfa[3] rehmet etsin. Men ony diňe öwrenýän ýa-da öwredýän ýagdaýda görýärdim».

* * *

Wasyl ibn Atanyň aýaly şeýle diýipdir: «Wasyl agşam düşende namaz okamaga durýardy. Kagyz bilen galamyny hem

---

[1] Bedil ibn Meýsera Akyly Basry - meşhur hadys rowaýatçysy. 130-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[2] Wasyl ibn Atanyň talyby.
[3] Abu Huzeýfa – Wasyl ibn Atanyň künýesi.

ýanynda goýýardy. Ol namaz okap durka, Allanyň kitabyndan ahyrete ynanmaýan mülhitlere[1] we betgatçylara degişli aýat çyksa, ony ýazyp alýardy. Soň ýene namaza gaýdyp gelýärdi. Ol şeýdip ýadaman, tä Rebbine gowuşýança dowam etdi».

* * *

Şebip ibn Şebibe[2]: «Muhammet ibn Hanapyýanyň hyzmatkärleriniň arasynda Amr ibn Ubeýdden kämilini görmedim» diýipdir. Oňa:

— Amr ibn Ubeýd haçan Muhammet ibn Hanapyýanyň tarapyna geçdi — diýipdirler.

Onda ol:

— Amr ibn Ubeýd Wasylyň hyzmatkärlerinden, Wasyl hem Muhammediň hyzmatkärlerinden — diýipdir.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Resulallanyň sahabalaryndan bir jemagat gördüm, olar: «Kim ylymsyz amal etse, peýda däl-de zyýan çeker. Ylymsyz amal eden, göýä ýolsuz ýerden ýöreýän ýalydyr. Ylmy ybadata zyýan bermejek görnüşde isläň. Ybadaty ylma zyýan bermejek görnüşde isläň» diýýärdiler».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Özi alym bolup ahyrete dünýäni kabul edip gidýänyň ýagdaýy nähili bolýar?! Onuň zyýany peýdasyndan kändir».

---

[1] Mülhit – dinsiz.

[2] Şebip ibn Şebibe Ibn Abdylla ibn Amr ibn Ahtam Temimi Mankyry Abu Muammar - Halyt ibn Safwanyň tarapdarlarynyň biri. Halypalar bilen dostlaşypdyr, garyp-gasarlar bilen oturşar eken. 170-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Eýýup Sahtyýany şeýle diýipdir: «Alymlaryň arasynda jedelli meselede pitwa çykarmaga gaýratly bolan ylmy az bolan alymdyr».[1]

* * *

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Alla Matara rehmet etsin, ol ylmy bilen ybadat edýärdi». Ol Matar ibn Tahman Warragy[2] göz öňünde tutýardy.

* * *

Muhammet ibn Müslim ibn Abul Wazzah[3] bir gün Halypa Mätiniň ýanyna baranda onuň elinde bir kitap bar eken. Mäti oňa:

— Bu kitaby oglum ýat tutdy — diýipdir.

Ol kitap Fazl Rakkaşynyň[4] kitaby eken. Soň ýene bir gün onuň ýanyna baranda görse, Mätiniň elinde ýene bir kitap bar eken. Mäti:

— Bu kitaby oglum ýat tutdy — diýipdir. Ol kitap hem Amr ibn Ubeýdiň[5] meseleleri eken.

Muhammet ibn Müslim ibn Abul Wazzah soň şeýle diýipdir: «Bu kitaplar Halypa Mansuryň eli bilen ýazylan kitaplardy».

[1] Ylmy az bolan elmydam öňe düşjek bolar durar diýen manyda.
[2] Matar ibn Tahman Warrak Abu Rija Horasany Sulemi - basraly hadys rowaýatçysy. 125-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[3] Halypa Mätiniň terbiýeçisi.
[4] Fazyl ibn Isa ibn Eban Rakkaşy - hadys alymy. Ýöne hadysçylar ony ynamdar hasaplamaýarlar.
[5] Ol hem mugtezile mezhebiniň tarapdary bolupdyr.

* * *

Mansur ibn Ammar ýüzünde «Bismillahi-r-rahmany–r-rahym» diýip ýazylgy bir kagyz bölegini tapypdyr we ony ýuwdupdyr. Düýşünde oňa: «Seniň ol kagyzy gorap saklanyň üçin, Allatagala saňa hikmet gapysyny açdy» diýlipdir[1].

* * *

Abu Bestam Şugbe ibn Hajjaç ibn Werd Ateki şeýle diýipdir: «Meniň otuz gezek zyna boýun egmegim, eşitmedik adamymdan «pylany aýtdy» diýmegimden has gowudyr. Asmandan dik başaşak gaýtmagym meniň üçin eşitmedik zadymy «pylan aýtdy» diýmegimden has gowudyr. Ol şeýle diýer eken: «Bu söz size Allanyň zikrine, namaza we dogan-gardaşy zyýarat etmäge böwet bolýar. Siz heý gorkmaýarsyňyzmy?»

* * *

Kagbul Ahbar[2] şeýle diýipdir: «Allatagala Musa alaýhyssalama şeýle wahyý edipdir: «Haýry öwren we öwret. Çünki men haýry öwrenýäniň we öwredýäniň gabryny garaňky bolmaz ýaly nurly ederin».

---

[1] Bu rowaýat meşhur türkmen sopusy we alymy Bişr Hafynyň (Eýmen babanyň) adyndan hem gelýär.

[2] Kagb ibn Manyg ibn Hyjnyl Hamyry Abu Yshak - Kagbul Ahbar ady bilen meşhur bolan tabygyn neslinden alym. Jahylyýet döwründe Ýemendäki ýehudy alymlardan bolup, soň Abubekriň döwründe yslamy kabul edipdir we Hezreti Omaryň döwründe Medinä gelipdir. Sahabalaryň we beýlekileriň köpüsi ondan öňki geçen milletlerini habarlaryny öwrenipdiler. Gurhany we hadyslary sahabalardan öwrenipdir. Soň Şama gidip, Humsda ýaşapdyr. Şol ýerde hem 32-nji hijri ýylynda 104 ýaşynda wepat bolupdyr.

* * *

Hasan Basry Abu Amr ibn Aglanyň ýanyndan geçip barýan eken. Onuň mejlis halkasy hyryn-dykyn eken, adamlar hem oňa baş egýärler eken. Hasan:

— Bu kim? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Abu Amr ibn Agla — diýip jogap beripdirler.

Onda Hasan:

— Lä ilähe illalla, alymlar Hudaý bolmaga ýakynlaşypdyrlar — diýipdir.

* * *

Emewi halypasy Hyşam ibn Abdylmälik şeýle diýipdir: «Gurhany we nahuw ylmyny öwreniň. Sebäbi nahuwsyz Gurhan, göýä başsyz göwre ýalydyr».

* * *

Sagyt ibn Jubeýr[1] şeýle diýipdir: «Ynsan ylym okap durdygyça alym bolar. Eger ylmy terk etse, öňküsinden hem has beter nadan bolar».

* * *

Salam ibn Misgin şeýle diýipdir: «Eýýup Sahtyýanynyň: «Günä iş edýän karydan nejis zat ýokdur» diýendigini eşitdim».

---

[1] Sagyt ibn Jubeýr Esedi Abu Abdylla - kufaly tabygyn. Kufanyň uly alymlarynyň biri. Onuň asly hebeşli bolup, eset ogullary taýpasyndan Beni Walibe ibn Harysyň azat eden guly. Ylmyny Ibn Apbasdan we Ibn Omardan öwrenipdir. Haçanda Ibn Apbas Kufa gelen wagty ondan pitwa sorar ekenler. Ol hem: «Siz menden pitwa soraýarsyňyz, siziň araňyzda Ibn Ummu Dehma bar ahyry (ýagny Sagyt)» diýipdir. Tä Abdyrahman ibn Muhammet ibn Eşgas Abdylmälik ibn Merwan tarapyndan öldürilýänçä, onuň ýanynda birnäçe ýyl ýaşapdyr. Soň ony Mekgäniň häkimi Halyt ibn Abdylla Kusry tutup, Hajjaja iberipdir. Ol hem 90-njy hijri ýylynda ony Wasytda öldüripdir.

* * *

Abu Sagyt Hudry[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ynsanlaryň iň erbedi Allanyň kitabyny okaýan we günä iş edýän hem-de günäsine puşman etmeýän adamdyr».

* * *

Sufýan Söwriden:

— Ylym beýikmi ýa-da jahat? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Eger, niýet düzüw bolsa, ylymdan beýik bolan zady bilmeýärin — diýipdir.

Onda oňa:

— Eý, Abu Abdylla ylym öwrenmekden maksat näme bolmaly? — diýipdirler.

Ol:

— Rebbiň bolan Allany we ahyret öýüni islemek — diýipdir.

* * *

Şeýle hem ol eger bir garry bilen duşaýsa ondan: «Ylymdan bir zat eşitdiňmi?» diýip sorar eken. Eger ol: «Ýok» diýäýse, onda oňa: «Allatagala saňa yslamdan sogap bermesin» diýer eken.

* * *

Eflatun şeýle diýipdir: «Hemme ynsanlar ynsan däldir. Diňe ylmy we edebi bolanlar ynsandyr».

---

[1] Abu Sagyt Hudry Sagt ibn Mälik ibn Sinan Hudry Ensary - sahaba. 12 söweşe gatnaşypdyr. Onuň rowaýat eden hadyslary 1170 sanydyr. 74-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Ulamalar ynsanlaryň baharydyr. Eger olary bir garyp görse, özüni baý ýaly duýar, eger olary syrkaw görse, özüni sag ýaly duýar».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Resulalla bir gezek: «Ymmatym üçin gorkýan zatlarymyň içinde iň gorkýanym alymlaryň ýalňyşmagy, akyldarlaryň hökümdarlaryň öňünde egilmekleri we erbet düşündirişlerdir diýipdir».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Muhammet alaýhyssalam bir gezek sahabalardan:

— Size iň jomart kişini habar bereýinmi? — diýip sorady.

Sahabalar oňa:

— Hawa, Eý, Allanyň resuly — diýdiler.

Ol:

— Jomartlaryň jomardy Alladyr. Men Adam ogullarynyň iň jomardydyryn. Menden soň siziň iň jomardyňyz ylmyny ýaýan adamdyr. Ol kyýamat gününde aýratyn ymmat bolup direljekdir. Şeýle hem tä ölýänçä, Alla ýolunda öz janyny sarp eder — diýdi.

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Günä iş edýän alym ähli pitneleriň başydyr».

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Alymlar iki görnüşlidir. Dünýä alymy we ahyret alymy. Dünýä alymynyň ylmy açykdyr.

Ahyret alymynyň ylmy gizlindir. Siz ahyret alymynyň yzyna düşüň, dünýä alymyndan gaçyň».

* * *

Kim çagalykdan ylym almasa, ulalanda öňe düşüp bilmez.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Dürleri doňuzlaryň aýak astyna zyňmaň»[1].

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Alymlaryň iň erbedi hökümdarlar bilen oturýandyr, hökümdarlaryň iň ýagşysy alymlar bilen oturýandyr».

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Eger bir adam menden Allatagala üçin hadys diňlemek isleýän bolsa, onuň öýüne baryp gürrüň bererdim».

* * *

Abu Hureýra Muhammet pygamberden şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eger pitne[2] gelse, abytlar heläk bolarlar, alym bolsa ylmy bilen halas bolar».

* * *

Geýlan ibn Müslim Damasky[1] doganyna hat ýazyp, şeýle diýipdir: «Salamdan soň, meniň saňa maslahatym, ylma ýapyş.

---

[1] «Ylmy mynasyp bolmadyk adama öwretmäň» diýen manyda.
[2] Pitne – gozgalaň, aýaga galmak, basybalyjylykly hereket.

Ondan aýrylma. Sebäbi ylym akylyň girýän we çykýan mesgenidir».

* * *

Bişr ibn Harys Merwezi bir gezek:

— Öwrenýän hadyslaryňyzyň zekatyny beriň — diýipdir.

Oňa:

— Eý, Abu Nasyr, ol nähili bolýar? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Her iki ýüz hadysdan bäş hadys bilen amal ediň — diýipdir.

* * *

Lukman Hekim ogluna wesýet edip, şeýle diýipdir: «Alymlar bilen oturyş. Iki dyzyň bilen olara gysylyp otur. Sebäbi Allatagala, göýä ýeri asmanyň ýagmyry bilen direldişi ýaly, kalplary hikmet nury bilen direldýändir».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eý, balam, gün-güzeranyň ugrunda bolşyň ýaly, ylmyň ugrunda bol. Mynasyp ýer tapýançaň, ylymdan söz açma».

* * *

Abu Hanypa köplenç şeýle diýer eken:

Kim ylym öwrense, bir goldaw isläp,
Onda onuň saýlan ýollary hakdyr.
Eý, zyýan içinde ýaşan kişiler,
Alym hatda takwadan-da artykdyr.

---

[1] Abu Merwan Geýlan ibn Müslim Damasky - ýalançy pygamber bolan Harysa ynanandygy üçin Hyşam ibn Abdylmälik ony Damaskyň gapysyndan asyp goýupdyr.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Alladan iň köp gorkýan kişi ylmy köp bolan alymdyr».

* * *

Basranyň metjitleriniň birinde bir toparyň arasynda jedel ýüze çykypdyr. Metjit araplardan doly eken. Soň olar Hasan Basrynyň eminligine razy bolup, onuň ýanyna gidipdirler. Ahnef bu barada şeýle diýipdir: «Eger alymlar emin bolup ýören bolsalar, onda alymlar hudaý bolmaga ýakynlaşypdyrlar. Kim özüni ylym bilen berkleşdirmese, pese düşer».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem perişdeler ganatlaryny ylym ugrundaky talyplaryň üstüne gererler».

* * *

Hikmet özüne öwrenen adama agraslyk gazandyrar.

* * *

Zuhry[1] şeýle diýipdir: «Bir sünnet[2] öwrenmek iki ýyl ybadat etmekden haýyrlydyr».

---

[1] Welit ibn Jemig ibn Abdylla ibn Jemig Zuhry – kufaly ynamdar hadys rowaýatçysy. Abu Tufeýlden we Abu Seleme ibn Abdyrahmandan hadys rowaýat edipdir. Ondan Ýahýa ibn Sagyt Kytan, Abu Ahmet Zebiri we beýlekiler rowaýat edipdir. Ibn Mugyn bilen Yjly ony ynamdar adam hasaplapdyrlar. Müslim «Sahyh» atly kitabynda onuň adyndan hadys getiripdir.

[2] Sünnet – Muhammet alaýhyssalamyň aýdan sözleri, eden işleri we gören zatlary, onuň ýoly, hadys.

* * *

Bir çarwa arap Hezreti Ala:

— Adamlaryň abraýlary özleriniň kalplaryna görädir — diýipdir.

Onda Hezreti Aly:

— Dogry aýdýarsyň, eý, çarwa arap, her bir adamyň gadyr-gymmaty onuň edýän ýagşy işlerine görädir — diýipdir.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Ynsanlaryň gadyr-gymmat taýdan iň pesi ylym taýdan pes bolanlarydyr».

* * *

Ibn Mesgut haçanda ylym ugrundaky talyplary görende şeýle diýer eken: «Hoş geldiňiz, eý, hikmet çeşmeleri, garaňkylyk çyralary, eşik köneldijiler, kalplary täzeleýjiler we hemme gatlaklaryň reýhanlary».

* * *

Abubekr ibn Aýýaş şeýle diýipdir: «Biz Agmeşyň ýanynda otyrdyk. Biz iki sany ýaş ýigitdik we hadys ýazýardyk. Şol wagt onuň bir dosty geçip gitdi. Ol adam säginip:

— Bular kim? — diýip sorady.

Onda Agmeş:

— Olar seniň üçin, seniň diniňi goraýan adamlar — diýdi».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ylym hemmelere peýdalydyr. Eger kimdir birine sen alym diýseň, ol çäksiz begener. Nadanlyk hemmelere

zyýandyr. Eger kimdir birine sen nadan diýseň, onuň gahary geler».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allatagala ylym beren kişisinden ylmyny hiç kimden gizlin saklamajakdygy barada söz alar».

* * *

Alla ylym okaýany ylmy ýaýratmak meselesine uly üns berýänlerden eýlesin, öwrenen zadyny ýerine ýetirmek bilen hakykaty äşgär etsin.

* * *

Edebiň miwesi ýiti akyldyr, ylmyň miwesi salyh amaldyr.

* * *

Her bir hadysyň onuň hakykydygyny tassyklaýan rowaýat zynjyry (rowaýat edýänleriň sanawy), ýagny senetleri[1] bolmalydyr.

* * *

Bir adam Hasan Basra:

— Men gije tehejjüt[2] namazyna turmagy we sadaka bermegi isleýärin welin, güýjüm ýetenok — diýipdir.

Onda Hasan Basry oňa:

— Sen nebsiňi nähili erbet zada egreldipsiň. Sen alymlaryň mejlislerinde otur. Sebäbi kalbyň posy diňe ylym bilen arassalanar — diýipdir.

---

[1] Senet – hadys rowaýatçylarynyň sanawy.

[2] Tehejjüt – gije okalýan hajat namazy. On iki rekat edilip okalýar.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Ensarylardan[1] bir adam Resulallanyň ýanyna geldi. Men hem bardym. Ol adam:

— Eý, Allanyň ilçisi, eger jynaza namazy okaljak bolup taýýar bolan bolsa we alymlar mejlisi hem ýygnanyşan bolsa, olaryň haýsysyna gitmegim has oňatdyr? — diýip sorady.

Onda Resulalla:

— Eger jynazanyň yzynda ony ýerlemek üçin onuň yzyna düşüp barýanlar bar bolsa, onda alymlaryň mejlisine gitmek müň jynaza gatnaşmakdan hem has artykmaçdyr — diýdi».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Allatagala adamlara Gurhany onuň sözleriniň üstünde pikir ýöretmekleri üçin we onuň bilen amal etmek üçin iberdi. Emma adamlaryň arasynda Gurhany okamagy özlerine ybadat hökmünde saýlap alan käbir adamlar bar. Olaryň biri bir gezek maňa: «Men Gurhany okadym, onuň ýekeje harpyny hem galdyrmadym» diýdi.

Walla, aslynda ol Gurhanyň her bir sözi barada pikir ýöretmän, diňe okamagyň hatyrasyna okany üçin ol Gurhan-y Kerimiň hemme harpyny hem galdyrandyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Alym we ylym öwreniji sogapda deňdirler. Olar kyýamat gününde göýä iki sany çapyşýan at ýaly bolup gelerler».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Resulalla bir gezek ylym öwrenmek we öwretmek

---

[1] Ensarylar – medineli musulmanlar.

barada şeýle diýdi: «Jennetiň gapysynyň agzynda bir agaç bar. Ol agajyň miweleriniň her biri göýä zenan göwsi ýaly. Ol agajyň aşagyndan bir çeşme çykýar. Ol çeşmäniň suwundan bolsa, diňe alymlar we talyplar göýä süýt we gatyk içýän ýaly içerler. Beýleki adamlar bolsa kepäp durandyrlar».

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Kim Allanyň razylygyny gazanmak maksady bilen ynsanlara öwretmek üçin ylymdan bir zat öwrense, Allatagala oňa ýetmiş pygamberiň sogabyny berer».

* * *

Ibn Omar[1] şeýle diýipdir: «Kim ylymdan bir zat öwrense, onuň bilen amal etsin ýa-da etmesin, müň rekat namaz okamakdan haýyrlydyr».

* * *

Pygamberler ylymlary köp bolandygy üçin alymlardan artykmaçdyrlar. Sebäbi pygamberleriň ylymlarynyň peýdasy has uludyr. Biziň pygamberimiz hem pygamberleriň iň beýigidir. Sebäbi onuň pygamberliginiň peýdasy beýlekileriňkiden has uludyr.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Erbet alymlar zerarly ymmatymyň waý halyna. Olar ylmy haryt hökmünde satýarlar. Alla olaryň bu söwdasynda bereket bermesin».

---

[1] Salym ibn Abdylla ibn Omar - medineli ýedi fykh alymynyň biri. 106-njy hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr

* * *

Ammar ibn Zyýat[1] bir gezek Söwrä şeýle diýipdir: «Eger seniň ylym geçirýän mejlisiňi hasap etmesek, Müsürde seniňki ýaly hiç kimiň ylym mejlisiniň bardygyny bilmeýärin».

* * *

Sabyt Benany[2] her haçan haýsydyr bir mesele barada pitwa çykaranda: «Men öz dyzlarymy ynsanlar üçin köpri etdim» diýer eken. Soň bolsa ol pitwasyndan däner eken.

* * *

Halkyň ahlagynyň bozulmagy alymlaryň wezipesini ýerine ýetirmeýändikleri üçindir.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Resulalla bir gezek:

— Amallaryňyzy Alla üçin yhlas bilen ediň we yslama hormat goýuň! — diýdi.

Onda oňa:

— Eý, Allanyň ilçisi, yslama nähili hormat goýmaly? — diýdiler.

Onda ol:

— Ylym okamak üçin ulamalaryň ýanyna barmak we nebsine uýanlary ret etmek bilen. Sebäbi bu aýdylanlary terk etmek bilen Allanyň razyçylygyny gazanmagy maksat edinse,

---

[1] Ammar ibn Zyýat – ynamdar hadys rowaýatçysy. Hasan ibn Arafa ol barada: «Onuň abdallardandygyna şek ýok. Ol hiç gülmeýär» diýipdir. 182-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Muhammet ibn Abdyrahman ibn Abu Atyýa Atawy Kenany - apbasly döwletinde ýaşap geçen şahyr. Mugtezile mezhebiniň tarapdary. 250-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

oňa tä gurulandan bäri Mekge halkynyň ybadatynyň sogaby berler — diýdi.

Onda oňa:

— Eý, Allanyň resuly, göz üçin edilýän amala sogap barmy? — diýdiler.

Onda Resulalla:

— Allatagala kim yslama hormat goýsa, niýeti hem Allanyň razyçylygyny gazanmak bolsun, bolmasyn, dowzah oduny oňa haram etdi — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Diliň ylmy öwrenmäge mümkinçiligi barka ylym öwrenmäge howluk. Ony tä gapyrgalaryň we beýleki agzalaryň görünýänçä beýgelt».

* * *

Ylmyň delilleri bardyr. Kiçiler onuň bilen ululara delil getirerler. Görmeýärsiňmi, hüthüt[1] guşlaryň iň kiçijigi bolsa-da, Süleýman alaýhyssalam üçin söz aýtdy. Süleýman alaýhyssalam özüne patyşalyk berlen pygamberdir we onuň ýaly patyşalyk ondan soň hiç kime berilmändir. Hüthüt Süleýman alaýhyssalama şeýle diýipdir: «Men seniň bilmeýän zadyňy öwrendim»[2].

* * *

Abu Amr ibn Agla şeýle diýipdir: «Bize pylanyň öýünde adamlar erbetlikler bilen meşgullanýarlar. Özleri hem serhoş. Ýanlarynda hem tanbury[3] bar diýdiler. Biz ol öýe girdik. Görsek, öýüň töründe bir ýaş ýigit otyr. Ýoldaşlary hem

---

[1] Hüthüt – Süleýman alaýhyssalamyň ilçi hökmünde Bylkysa iberen guşy.

[2] Gurhanyň «Neml» süresiniň 22-nji aýaty.

[3] Tanbur – saz guraly.

sakgallary agaran garrylar. Ýigit olara şygyrly bir depder okap berýärdi. Olar bize:

— Bu öýde erbetlik barmy? — diýdiler.

Men:

— Ýok. Walla, men ýoldaşlary ak sakgallylar bolan we elinde ylym depderi bolan ýaş ýigidi, eger onuň donunda Ýahýa ibn Zekeriýa alaýhyssalamyň gany bar bolsa-da[1] ony hiç kime habar bermezdim — diýdim.

* * *

«Abadylalaryň[2] fykhy» aňlatmasy nakyl bolup galypdyr. Olar: «Abdylla Ibn Mesgut, Abdylla Ibn Apbas[3], Abdylla Ibn Zubeýr, Abdylla Ibn Amr ibn As» dagydyr.

* * *

Men zahyt alymy we ylymly zahydy[4] görmegi arzuw edýärin.

* * *

Ylym soňsuz hazyna, hazyna hem sen oňa,
Saňa ylym öwreden, öwretmez buýsanjyny.
Ýakyn durgun ylyma, garşylagyn maksadyn,
Onuň başy-ahyryna ýitirme ynanjyňy.

---

[1] «Ýahýa pygamberi öldüren bolsa-da» diýen manyda.
[2] Abadylalar – atlary Abdylla bolanlar.
[3] Abul Apbas Abdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp – Muhammet alaýhyssalamyň doganoglany. Hijretden 3 ýyl öň Mekgede dünýä inipdir. Elmydama pygamberiň ýanynda bolupdyr. 68-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Ylmynyň çuňlugy üçin oňa «ymmatyň syýasy» diýip at beripdirler. Onuň Gurhany tefsir edýän bir kitaby bar.
[4] Zahyt – ybadathon, takwa.

* * *

Bu dünýäni eýe bolmaga,
Gylyçdan gaýry biderek.
Emma dini öwrenmäge,
Zebur sahypasy gerek.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) kuraýyşlaryň ýaş ýigitlerine şeýle diýipdir: «Eý, ogullarym we doganymyň ogullary! Siz bir kowmuň kiçilerisiňiz, käşgä başga bir kowmuň ululary bolsadyňyz! Siz ylym okaň. Kimiň ony ýat tutmaga güýji ýetmese, ony ýazsyn».

* * *

Hökümdarlygyny elden aldyran hökümdardan:

— Seniň bu ýagdaýyňa näme sebäp boldy? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Nämynasyplaryň ylym öwrenip, mynasyplara päsgel bolmagy — diýipdir.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Hikmeti nämynasyplara öwretmäň, zulum etdigiňiz bolar. Mynasyplaryň ony öwrenmegine päsgel bermäň, zulum etdigiňiz bolar».

* * *

Ylym özüni ähli päsgelçilikden mäkäm goraýandyr, onuň ýoly diňe öz aşygyna açykdyr.

* * *

Abubekr Horezmiden iň soňky deminde ýatyrka:

— Näme isleýärsiň? — diýip sorapdylar.

Ol hem:

— Kitabyň haşiýelerine[1] seretmek isleýärin — diýip jogap beripdir.

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Hiç biri miwe bermese, agaçlaryň köplüginden ne peýda? Hiç biri tagamly bolmasa, miweleriň köplüginden ne peýda? Hiç biri peýdaly bolmasa, ylmyň köplüginden ne peýda? Hiç biri dogry ýoly görkezmese, alymlaryň köplüginden ne peýda!»

* * *

Ynsanlaryň içinde edýän erbet işleri üçin bahana tapýanlaryň iň pesi, özüniň erbetligini özi bilýän kişidir.

* * *

Anuşirwandan:

— Näme üçin siz ylymdan dünýe malyny almaýarsyňyz, emma onda-da oňa höwes edýärsiňiz? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Biz ondan hiç zat almaýarys, emma ylma uly peýdalar getirip ony artdyrýarys — diýip jogap beripdir.

Ondan:

— Onda näme üçin ylmy kim bolsa hem alýarsyňyz? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Sebäbi ylmyň alynýandan has haýyrlydygyny bilýäris — diýipdir.

[1] Haşyýe – kitabyň gyralaryna ýazylan düşündiriş.

* * *

Batlamus ikinji[1] şeýle diýipdir: — Dört zady dört zatdan alyň:

1. Düri deňizden alyň;
2. Altyny daşdan alyň;
3. Müşki gülden alyň;
4. Hikmeti ony aýdyjydan alyň.

* * *

Aristotel şeýle diýipdir: «Hikmet belent bir merdiwandyr. Kimde ol ýok bolsa, Rebbine ýakynlygy ýokdur».

* * *

«Jawidan-e herat[2]« atly kitapda: «Dünýäde bendä berlen zatlaryň iň rüstemi hikmetdir. Ahyretde bolsa rehmetdir» diýlip ýazylypdyr.

* * *

Ýahýa Barmaky şeýle diýipdir: «Eý, balam! Her ylymdan özüňe gereginden biraz alyp gal. Sebäbi, kim bir ylymdan nadan bolsa, ol oňa duşmanydyr. Men seniň haýsydyr bir zada duşman bolmagyňy islemeýärin».

* * *

Aşgap ibn Tamaga[3]:

---

[1] Müsürde höküm süren Batlamus döwletiniň hökümdarlarynyň ikinjisi (b.e.ö. 285-246). Onuň ady Filadelfus bolupdyr.

[2] Jawidan-e herat – eýranlylaryň yslam dini gelmezden öň ulanan edep, nesihat, ahlak-terbiýe kitaby

[3] Abul Agla Eşgap ibn Jubeýr – tamakinçilikde rowaýata öwrülip galan şahsyýet. Hezreti Osmanyň gyzy Äşäniň elinde terbiýelenipdir. Medinede dünýä inipdir. Apbasly halypasy Mätiniň döwründe Bagdada gelipdir. Soň Medinä gaýdyp gelip, 154-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

— Eger sen şorta sözleri we hadys rowaýatyny terk etseň, bu saňa atylan ok ýaly bolar — diýipdirler.

Onda ol:

— Walla, men bir hadys eşitdim. Ol hadys şeýle: «Maňa Nafyg[1] Ibn Omardan gürrüň berdi. Muhammet alaýhyssalam:

— Kimde şu iki gylyk-häsiýet bolsa, Allanyň has gullaryndan bolar — diýipdir.

Onda oňa:

— Bu örän gowy hadys eken, hany şol iki häsiýeti bize aýdyp ber — diýipdirler.

Onda ol:

— Onuň birini Nafyg unudypdyr, beýlekisini hem men unutdym — diýipdir.

* * *

Şehr ibn Huşyp[2] şeýle diýipdir: «Men Hajjaja bir hadys gürrüň berdim. Onda ol:

— Saňa ony kim gürrüň berdi? — diýdi.

Men hem:

— Muhammet Hanapyýa[3] — diýdim.

Onda ol elindäki hasa bilen ýeri bir sagatlap çyzyp oturdy, soň bolsa:

— Sen ony örän sap ýerden alypsyň — diýdi».

---

[1] Nafyg ibn Abdyrahman ibn Abu Nagym Abu Rawym Mukry Medeni – meşhur ýedi sany karynyň biri. Medinede karylaryň ýolbaşçysy bolup, ýedi ýyl işläpdir. 169-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Şehr ibn Huşyp Eşgary - fakyh, kary we hadysçy alym. Onuň ynamdar hadys rowaýatçysydygy barada köp garaýyşlar bar. Asly Şamly bolup, Yrakda ýaşapdyr we hazyna işgärligine bellenipdir. 112-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Hezreti Alynyň ogly.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Allatagala eger birini peseltjek bolsa, onuň ylym öwrenmegine päsgel berer».

* * *

Zunnun Müsri[1] bir gezek:

— Ylmy nadanlyk bilen öwreniň — diýipdir.

— Ylmy nadanlyk bilen nädip öwrenmeli? — diýipdirler.

Onda ol:

— Eger sen alymyň ýanyna barmaly wagtyndan başga wagt barsaň, beýlekilerden öň barsaň, öz okuwyňda alymlara hormaty terk etseň, asudalygy, agraslygy we edep-tertibi saklamasaň, ine şular ylmy nadanlyk bilen islemek bolýar — diýipdir. Şeýle diýmek bilen ol hemme wagt, nirede bolsa hem ussadyňyzdan ylym öwreniň, diýmek isläpdir.

* * *

Anuşirwandan:

— Ynsanlaryň içinde ýagdaýy iň erbedi kim? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Nadanyň sözi ýöreýän alym — diýipdir.

* * *

Timaus[2] Sokratdan:

— Sen näme üçin öz hikmetleriňi bir diwana toplap, bize ýazyp bermeýärsiň? — diýip sorapdyr.

---

[1] Zunnun Müsri Sowban ibn Ybraýym Ahmymy Müsri Abul Feýýaz - Müsüriň meşhur abytlarynyň biri. Asly Nubaly. Halypa Mütewekkil ony zyndyklyk bilen günäkärläpdir. Ony öz ýanyna getirdip, onuň sözlerini diňlän soň, ony goýberipdir. Müsüre gaýdyp gelip, 245-nji hijri ýylynda Eljezirede wepat bolupdyr.

[2] Timaus – Gadymy grek akyldary. Sokratyň döwürdeşi.

Onda Sokrat:

— Sen nädip ölen goýnuň derisine ýazylan zada ynam bildirýäň, oňa ynam bildirer ýaly dirilere ynam edip bolýarmy? Sen nädip ylmy nadanlyk magdanyndan öwrenmegi arzuw edýärsiň. Sen oňa umyt baglap, aklyňy ulanmakdan daş düşersiň, şonuň üçinem özüň pikirlen, akylyňy ulan — diýipdir.

* * *

Hikmet berlip, altyn we kümüş ýitirenine gynanýan bilen saglyk-salamatlyk berlip, dert bilen ýadawlyk ýitirenine gynanýanyň ikisi bir zatdyr. Sebäbi hikmetiň miwesi salamatlyk we asudalykdyr. Malyň miwesi dert we ýadawlykdyr.

* * *

Katadadan[1]:

— Hasan Basry sorag berilýän mahaly gaharlanýarmy? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Eger, sorag berilýän mahalynda ýylgyryşlar köp bolsa — diýip jogap beripdir.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Siziň biriňiziň öz mähellesine ymam bolmaga ýa-da başga ýerde ymam bolmaga güýji ýetse muny ýerine ýetirsin. Sebäbi seniň nesibäňden hiç kim hiç zat alyp bilmez».

[1] Katada ibn Dagama ibn Katada ibn Uzeýz Abul Hattap Sudusy Basry - tefsir we hadys alymy. Aýdylyşyna görä, Basranyň iň uly hadys alymy bolupdyr. Hadys, dil, araplaryň taryhy we nesep ylmy boýunça uly alym bolupdyr. 61-nji hijri ýylynda dünýä inip, 119-nji hijri ýylynda hem Wasytda wepat bolupdyr.

* * *

Abdylla ibn Mübärek[1] şeýle diýipdir: «Men kimdir biriniň kitabyny okasam, onuň akylynyň mukdaryny bilýärin».

* * *

Ýakup ibn Yshak Kindi bir gezek Ibn Jehmiň[2] ýazan kitabyny okap, şeýle diýipdir: «Öz akyly bilen bagtlylygyň gizlin gapylaryny açypdyr».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Asyrlaryň we şäherleriň arasyndaky tapawutlara garamazdan, kitap hemme ýerde bolandyr we hemme ýerde okalandyr».

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Perzentleriňize edep kitaplaryny öwrediň, olaryň göwünlerinden turar. Emma mal-mülküň içinde göwnüňden turjak dür ýokdur».

* * *

Çarwa arap kitabyň ýüzüne seredip, hiç zada düşünmän: «Garaňkylygyň içinde hikmet ýyldyzlary» diýipdir.

---

[1] Abu Abdyrahman Abdylla ibn Mübärek Hanzaly Temimi Merwezi – ynamdar hadys rowaýatçysy. Onuň kakasy türkmen, ejesi bolsa horezmli bolupdyr. 118-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. Horasanda ýaşapdyr. Hadys alymlarynyň meşhurlarynyň biri. Fykh, edebiýat, dil we şygyrýet ylymlaryny özünde jemläp, zahyt we takwa bolup, gije-gündiz ybadat edipdir. Jyhada, gazawata gatnaşypdyr. Kelam ylmyny dereksiz hasaplap terk edipdir. Ýazan kitaplarynyň sany köp bolupdyr. 181-nji hijri ýylynda gazawatdan gaýdyp gelýärkä wepat bolupdyr. Onuň «Jyhat» atly kitaby bu ugurda ýazylan ilkinji kitapdyr.

[2] Abul Hasan Aly ibn Jehm ibn Bedr - apbaslylar döwründe Mütewekkiliň halypalygynda ýaşap geçen şahyr we edebiýatçy alym.

* * *

Jahyz kitabyň waspy barada şeýle diýipdir: «Nirede gördüň, goltuga gysylyp göterilýän bossany ýa-da otaga öwrülen bag-bossanlygy?»

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Her bir sözüň kitapda öz orny, öz ýeri bar,
Düzülen dürler kimin bezelendir göwhere.
Tertipsiz düzülmegi göwheri bar dürleriň,
Asla abraý däldir, laýyk däldir göwnüňe.

* * *

Kitap bossanlykdyr, hat onuň nerkes gülleridir.

* * *

Ensarly sahabanyň biri Muhammet alaýhyssalama:

— Men hadyslary diňleýärin, ýöne ýat tutup bilemok — diýipdir.

Onda Resulalla oňa:

— Sag tarapyňdan kömek isle (ýagny, ony ýaz) — diýip jogap beripdir.

* * *

Halypa Mamun kitaba seredip oturan ogullarynyň birine:

— Eý, oglum, seniň bu kitabyň näme kitap? — diýipdir.

Onda ol:

— Zehiniňi çuňlaşdyrýan we wagşylygyň nämedigni beýan edýän zatlar ýazylan kitap — diýipdir.

Onda Mamun:

— Maňa ýüzündäki gözleri bilen däl-de, akylynyň gözi bilen görýän zürýady nygmat hökmünde beren Alla öwgi bolsun! — diýipdir.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Kitap ýazdym, okamadym olary,
Okap, ýalňyşymy gördüm men, düşün.
Eger-de ýazmasam günde bir setir,
Nazarym kitapda, aýlaýar başym.
Sebäp parz namazyn okaýan zahyt —
Takwalygy bilen görýär ýalňyşyn.

* * *

Kitap ýazsaň, oňa gözüň aýla sen,
Aklyň bilen möhürlegin şeýle hem.

* * *

Ibn Apbas pygamberden şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim dostunyň ýazan zadyna birugsat seretse, ol oda sereden ýalydyr.

* * *

Ibn Hajjaç[1] şeýle diýipdir:

Garyplyk hem peslik, bary duýulýan,
Nähili ajaýyp «jamygy sufýan»[1].

---

[1] Abu Abdylla Hüseýin ibn Ahmet ibn Muhammet ibn Japar ibn Muhammet ibn Hajjaj Nili – buweýhileriň döwründe ýaşap geçen şahyr. Fyrat derýasynyň golaýyndaky Nil obasyndan bolandygy üçin oňa Nili hem diýlipdir. Wezir Muhellebi we Adududdöwle dagylar bilen ýakyn gatnaşyk saklapdyr. 391-mji ýylda Nilde wepat bolupdyr.

* * *

Abdylhamyt ibn Ýahýa ibn Sagt[2] kätip ilkinji bolup ýazuw ýollaryny tutan we belagat ylmynyň ýollaryny açan kişidir. Merwan ibn Muhammet[3] dünýäni diňe onuň gözi bilen görýär eken, ýagny ony hiç ýanyndan aýyrmaz eken. Merwanyň meşhur alymlary şulardyr: Abdylhamyt kätip, Baglabeki Muezzin, Salam Hady[4], Köwser Hadym[5], Eşkar Merwan. Bularyň her haýsy öz döwürleriniň ýeke-täk nusga alarlyk alymlary bolupdyr, olaryň deňi-taýy bolmandyr.

* * *

Buhtury[6] şeýle diýipdir:

Kätiplikde şeýle ökde kişi men,
Işine mätäç däl Abdylhamydyň.

---

[1] Eger kitabyň içinde mowzuklar we dürli meseleler köp bolsa, onda oňa «jamygys-sufýan» diýlipdir.

[2] Abdyrahman ibn Ýahýa ibn Sagt Amyry – meşhur kätip. Lakamy hem Kätip bolupdyr. Çeper sözleýişde onuň ady rowaýata öwrülipdir. Asly kaýsaryly bolup, Şamda ýaşapdyr. Iň soňky emewi halypasy Merwan ibn Muhammet bilen gatnaşyk saklapdyr. 132-nji hijri ýylynda Müsürde wepat bolupdyr.

[3] Emewi halypalarynyň iň soňkusy.

[4] Salam Hady – apbasly we emewi döwletlerinde ýaşap geçen alym.

[5] Köwser Hadym – Merwanyň polis edarasynyň başlygy.

[6] Welit ibn Ubeýt ibn Ýahýa Taýy – apbasylar döwründe ýaşap geçen şahyr. 206-njy hijri ýylynda Menbeçde dünýä inipdir. Halypa Mütewekkil bilen dost bolupdyr. Öz döwrüniň üç sany beýik şahyrlaryndan hasaplanypdyr. Olar Abu Temmam, Mutenebbi we Buhteridir. 284-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Abul Agla Murry ol barada şeýle diýipdir: «Abu Temmam bilen Mutenebbi akyldardyr. Buhteri bolsa şahyrdyr».

* * *

Abdylhamyt şeýle diýer eken: «Eger pygamberlerden soň wahyý ynsanlaryň iň köp tagalla edýänlerine inmeli bolsady, onda çeper dilli kätiplere inerdi».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kätiplere hormat goýuň, sebäbi Allatagala ýaradan zatlarynyň rysgalygyny olaryň eli bilen berer. Bir gezek ondan:

— Sen belagatda[1] nämäni gowy görýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Saçlary düşeniň, ýagny Hezreti Alynyň aýdan çeper sözlerini ýat tutmagy — diýipdir.

* * *

Ibn Makla[2] rumlular bilen musulmanlary ylalaşdyryjy bir kitap ýazypdyr. Ol kitap Konstantinopolda ybadathanada saklanypdyr. Ony baýramçylyklarda görkezýän ekenler we ony ybadat edýän otaglarynyň iň gowy bezegleriniň ýanynda asyp goýupdyrlar. Adamlar onuň gözelligine haýran galypdyrlar.

* * *

Hökümdarlaryň biri sekiz sany hahama[3] Töwraty terjime etmegi tabşyrypdyr. Olaryň biri-birleri bilen ylalaşmandyklary

---

[1] Belagat – edebiýatyň bir görnüşi, suhangöýlik, çeper sözleýiş, ritorika.

[2] Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin Ibn Makla – edebiýatçy alym we şahyr. Hatynyň owadanlygy bilen ady rowaýatlara öwrülipdir. 276-njy hijri ýylynda dünýä inipdir. Oň Pars diýarynyň köp ýerlerinde salgyt ýygnaýjy bolup işläpdir. Apbasy halypalary Muktediriň, Kahyryň we Razynyň weziri bolup işläpdir. Ony halypanyň janyna kast etmeklikde aýyplap, sag elini kesipdirler. Soň bolsa dilini kesip, özüni hem zyndana salypdyrlar. 326-njy hijri ýylynda zyndanda hem wepat bolupdyr

[3] Haham – ýehudy ruhanysy.

üçin hersini aýry ýerde özbaşdak işledipdirler. Terjimeleriň hemmesi hem dogry hasaplanypdyr. Netijede, Töwrat sekizisi hem dogry hasaplanylýan aýry-aýry sekiz kitaba öwrülipdir.

* * *

Kim bir kitap ýazsa ýa-da bir şygyr düzse özüniň akylyny ynsanlara beýan edýändir. Eger ol kitap dogry ýazylan bolsa, onda onuň özüni tankyda hödürledigidir. Eger nädogry ýazylan bolsa, onda özüni käýinç sözlere hödürledigidir.

* * *

Juhadan[1]:

— Sen kitapdan näme öwrendiň? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Düşünen zatlarymy — diýip jogap beripdir.

* * *

Ýene-de ondan:

— Dört dirhemi üç adama nähili paýlajak — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Iki adama iki dirhemden, üçünjä bolsa hiç zat ýok — diýip jogap beripdir.

* * *

Halyt ibn Safwan bir gezek emewi halypasy Abdylmäligiň ýanynda gürlände ýalňyşypdyr. Abdylmälik oňa: «Sözde ýalňyşmak ýüzdäki mama keselinden hem has erbetdir» diýipdir.

---

[1] Juha — meşhur ýomakçy Abul Gasn Dujeýn ibn Sabyt ibn Dujeýniň lakamy. «Täjil-arus» atly sözlükde şeýle diýilipdir: «Abul Gasnyň lakamy Juhadyr». Ibn Salah: «Ol meşhur şorta sözli Juhadyr» diýipdir. Araplar Hoja Nasreddin Ependä «Juha», «Huja»diýýärler.

* * *

Ýene-de Emewi halypasy Süleýman ibn Abdylmälik şeýle diýipdir: «Sözde ýalňyşmak ýüpek eşikdäki ýyrtykdan hem erbetdir».

* * *

Halyl ibn Ahmet şeýle diýipdir: «Her kim özüniň mätäç bolýan zadyna diňe özüniň mätäç bolmadyk ylmy bilen ýetip biler».

* * *

Abu Şemr[1] hem ýokardaky sözleri eşidip, şeýle diýipdir: «Şeýdip mätäç bolunmaýan zat mätäç bolunýan zada öwrüler».

* * *

Amyr ibn Şerahyl Şagby şeýle diýipdir: «Men Bagdada gelenimde Hajjajyň ýanyna bardym. Ol meniň adymy sorady. Men hem adymy aýtdym. Soň ol maňa:

— Eý, Şagby, seniň Allanyň kitabyny bilşiň nähili? — diýdi.

Men:

— Ony menden öwrenýärler — diýdim.

Ol:

— Sen paraýyz[2] ylmyny nähili bilýärsiň? — diýdi.

Men:

— Soňuna çenli bilýärin — diýdim.

Ol:

— Fykh ylmyny nähili bilýärsiň? — diýdi.

Men:

---

[1] Abul Hasan Medaýyny Abu Şemr – kadaryýe mezhebiniň ymamlarynyň biri.

[2] Paraýyz – miras hukugy.

— Men onuň eýesi — diýdim.

Ol:

— Sen tire-taýpa ylmyny nähili bilýärsiň? — diýdi.

Men:

— Men onuň ölçeg birligidirin — diýdim.

Ol:

— Sen şygryýeti nähili bilýärsiň? — diýdi.

Men:

— Men olaryň diwany — diýdim.

Ol:

— Alla pederiňe rehmet etsin! — diýdi we maňa iki müň dinar bermegi buýruk berdi. Meni öz kowmumyň arasynda tanatdy.

Men onuň huzuryna Hemedanyň garyplarynyň biri hökmünde bardym we Hemedanyň baý adamy hökmünde-de çykyp gaýtdym».

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Belli mugtezile[1] ymamlarynyň Muammerden[2] galan hemmesi rowaýatçy alymlardy. Bişr ibn Mugtemir[3] olaryň içinde şygry iň köp bilýänidi».

* * *

Şygyr:

Kyýas ylmyna çen kelam ylmyndan,

---

[1] Mugtezile – VIII asyrda dörän ynanç-ygtykat mezhebi. Mugtezile mezhebiniň «El-usulul-hamse» atly bäş sany esasy ýörelgesi bolupdyr. 1.Towhyt (Allanyň birligi). 2. Adl (adalat). 3. Wagd (sylag) we wagyt (azap). 4.El-menzile beýnel-menzileteýn (aralyk ýagdaý). 5. Emru bil-magruf we nehýu anil-munker (ýagşy işleri emr edip, ýaman işlerden gaýtarmak).

[2] Muammer ibn Abbat Sulemi Eşgas - mugtezile mezhebiniň Muammeriýe golunyň ymamy.

[3] Abu Sehl ibn Mugtemir - mugtezile mezhebiniň Beşeriýe golunyň ymamy.

Jemlän Abu Hanypa fykh alymy.
Wezipeden uly sakgaly bilen,
Sarp etdi hökmüne tagallasyny.

* * *

Dört kişiniň öňüne, ýagny Abu Hanypanyň öňüne – fykhda, Halyl ibn Ahmediň öňüne – nahuwda, Jahyzyň öňüne – ýazyjylykda, Abu Temmamyň öňüne – şygryýetde hiç kim geçmedi we hiç kim bu babatda olaryň yzyndan ýetip bilmändir.

* * *

Abdylhamyt Ybraýym ibn Hamydyň ýanyna barypdyr. Ol hat ýazyp oturan eken. Haty hem gowy däl eken. Abdylhamyt oňa: «Galamyň gabyny uzalt we ýognalt, harplary gysga we sag eliň bilen ýaz» diýipdir. Ol hem onuň aýdyşy ýaly edipdir we haty owadan bolupdyr.

* * *

Ibn Mugtez atlaryň waspy barada şeýle diýipdir:

Olar gäwüş çalanda, dört aýagyn görersiň,
Barmaklaryň ujy bilen düşündirip berersiň.

* * *

Ibn Abu Bagl[1] şeýle diýipdir:

Syýa – göýä, garganyň yzy ýaly,
Kagyz – göýä, salgymyň ýalpyldysy ýaly,
Galam – göýä, naýzanyň ujy ýaly,

[1] Ahmet ibn Muhammet ibn Ýahýa - pars diýarynyň häkimi. Ibn Abu Bagl onuň lakamydyr.

Hat – göýä, bezelen don ýaly,
Lebiz (söz) – göýä, ýaşlyk günleri ýaly.

* * *

Emewi halypasy Mugawyýa Ubeýdylla ibn Zyýada[1] şeýle diýipdir: «Seniň ylmyň hemmesini ýat tutmaga güýjüň ýetmez. Sen ondan haýsy ýaýratmaga has mynasyp bolsa şony öwren, galanlaryny terk et, sen olardan peýdalanyp bilmersiň, senden hem hiç kim olary peýdalanyp bilmez».

* * *

Zuhry bir adama hadys gürrüň bermekçi bolupdyr. Ol islemändir. Onda Zuhry oňa:

— Sen menden öz habaryňy diňle — diýipdir.

Ol adam:

— Aýt — diýipdir.

Zuhry oňa:

— Allatagala alymlara öwretmegi wajyp etdi, biziň işimiz ylmy hemmelere aýtmak, sen öwren-öwrenme, ol öz işiň — diýipdir.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Öz dilinden halas bolana Alla rehmet etsin!».

* * *

Bir adam Ubeýdylla ibn Zyýat ibn Ebihiň ýanyna gelip:

— Biziň atamyz heläk boldy. Doganym hem mirasymyzy bizden aldy — diýipdir.

---

[1] Ubeýdylla ibn Zyýat ibn Ebih - jahylyýet we yslam döwürlerini gören şahsyýet. Muhammet alaýhyssalamyň döwründe ýaşapdyr, ýöne ony görüp bilmändir. Soň Abubekriň döwründe yslamy kabul edipdir. Hezreti Aly ony Pars diýaryna häkim belläpdir. 53-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

Onda ol:

— Seniň maldan çeken zyýanyňdan, nebsiňden çeken zyýanyň has köp — diýipdir.

* * *

Aristotel şeýle diýipdir: «Ahlakla hikmet, göýä bedene tebipçilik ýaly zerurdyr».

* * *

Harun Reşit ýolda alym Kesaýa[1] duşupdyr. Onuň bilen saglyk-amanlyk soraşyp, ýagdaýlaryny sorapdyr. Ol hem: «Eger men ylym we edep miwelerini ýygnap ýetişmedik bolsam, Allanyň meniň üçin möminleriň emirini duruzmagy maňa ýeterlikdir» diýipdir.

* * *

Ysmaýyl ibn Tureýh Sakafy[2] şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň akyllary galamlarynyň töweregindedir».

* * *

Emewi halypasy Merwan ibn Abdylmälik malynyň üçden biriniň edebiýatçylara berilmegini wesýet edip şeýle diýipdir: «Bu sungat öz eýesine jepadyr».

* * *

Sokratdan sorapdyrlar:

— Edepli bilen biedebiň tapawudy näme?

Ol hem:

[1] Aly ibn Hemze ibn Abdylla Esedi Kufy Abul Hasan Kesaýy - Harun Reşidiň ogullary Emin bilen Mamunyň terbiýeçisi. Kufanyň obalarynyň birinde dünýä inipdir. Soň Bagdada gelip, şol ýerde ýaşapdyr. 189-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Ysmaýyl ibn Tureýh Sakafy – emewileriň döwründe ýaşap geçen şahyr.

— Ynsan bilen haýwanyň arasyndaky tapawut ýaly — diýipdir.

* * *

Çarwa arapdan sorapdyrlar:

— Agraslyk bilen edebiň arasy nähili?

Ol hem:

— Biri magrypda, biri maşrykda — diýipdir.

* * *

Abu Haýýan şeýle diýipdir: «Eger dost gözleýän bolsaň, edep saňa dostdur, eger hazyna gözleýän bolsaň, edep saňa hazynadyr, eger gözellik gözleýän bolsaň, edep saňa gözellikdir, eger sogap isleýän bolsaň, edep saňa sogapdyr».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Kimiň edebi akylyndan ýokary bolsa, göýä köp goýny bolan çopan ýalydyr».

* * *

Barkagy şeýle diýipdir:

Aýtdylar: — Pylan kişi edepli, ýöne hiç zada üns berenok.

Aýtdym: — Ol göýä kirişsiz ýaý we uçsuz ok ýalydyr.

* * *

Ymam Abdylkahyr[1] şeýle diýipdir:

---

[1] Abdylkahyr ibn Abdyrahman ibn Muhammet Jürjany Nahwy – nahuw alymy. Arap diline we edebiýatyna ussat alym bolupdyr.

Nahuw ylmy wagyz, şygyr, takwym, kitap ýazmak üçin gerekdir.

Bularda nahuw bolmasa eger, onda diňleýji üçin öran zyýan-erbetdir.

* * *

Nahuw ylmyny okaýan bir rafyza[1]:

— «Nasp» näme?[2] — diýipdirler.

Onda ol:

— Aly ibn Abu Talyba (Hezreti Ala) duşmançylyk[3] — diýipdir.

* * *

Ýusup ibn Ahmet[4] özüniň kätip gyrnagy barada şeýle diýipdir: «Onuň haty göýä onuň bedeniniň gözelligi ýaly, onuň syýasy göýä saçynyň garalygy ýaly, onuň galamy göýä barmaklarynyň uçlary ýaly, onuň beýany (düşündirişi) göýä onuň göz çukurlarynyň jadysy ýaly, onuň galam artylýany göýä bakyşlarynyň gylyjy ýaly, onuň galam artyşy göýä onuň aşygynyň kalbyny paralaýşy ýaly».

* * *

Japar Barmaky owadan hata seredip şeýle diýipdir: «Galamdan gowy ýylgyryp aglaýany görmedim».

---

[1] Rafyzy – Hezreti Abubekr bilen Omary ykrar etmän, Hezreti Alyny üstün tutan şaýy topary.

[2] Nasp – arap dilinde ýeňiş düşümi aňladýan alamat. Esasan üstün hereketi aňladýar.

[3] Haryjylara hem «nasp» diýlipdir. Olar hem Hezreti Ala duşman bolupdyrlar.

[4] Ahmet ibn Ýusup ibn Ahmet ibn Ýusup ibn Kasym ibn Subeýh – meşhur kätip.

* * *

Galam hikmetiň ýolbaşçysydyr. Bu ylymlar hem ýitip gitjekdir. Kitaplary ylma goragçy ediň. Galamlary hem oňa çopan ediň.

* * *

Eýýup ibn Gassan şeýle diýipdir:

Gyrasy syýa yzly donundan başga[1],
Hiç zady ýok, gördüm ýeke bakyşda.

* * *

Kätip galamyny ýeňi bilen süpüripdir. Ondan sebäbini sorapdyr. Ol hem: «Biz kätipler käbir zatlara ynanýarys, olar biziň öz aramyzdaky ýörelgelerimiz. Men ony, Alla rehmet etsin, merhum kakamdan eşidipdim» diýipdir.

* * *

Sehl ibn Harun şeýle diýipdir: «Galam bedeniň burny ýalydyr. Eger ol ganasa özüniň syrlaryny äşgär eder we yzyny aýdyň görkezer».

* * *

Ahmet ibn Ysmaýyl[2] şeýle diýipdir:

Kagyzyň tapan eken güldürmegiň alajyn,
Hut jenneti ösümlik hikmet bolan agajyn.

---

[1] Öňler owadan donuň gyrasyna owadan hat ýazar ekenler.
[2] Ahmet ibn Ysmaýyl – kätip we edebiýatçy alym.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Syýa guýudyr, galam ýüpdür, kitap guýynyň başyndaky dynç alynýan ýerdir».

* * *

Hasan Basrydan mantygy gowy bilmek üçin arap dilini öwrenýän we onuň bilen mantygyň dogrulygyny ýüze çykarýan bir adam barada sorapdyrlar. Onda ol: «Goý öwrensin, sebäbi käbirleri Gurhanyň aýatlaryny okap, onuň dogry ýoluny tapmaýarlar, şondan hem heläk bolýarlar (hiç bolmanda olardan az günä gazanarlar)» diýipdir.

* * *

Ýene-de ondan sorapdyrlar:

— Pylan ýerde ýaş ýigitler arap dilini öwrenýärler?

Ol hem:

— Örän oňat, özleriniň pygamberleriniň dilini öwrenýärler, ýöne olary keseki sözler heläk eder. Olar Gurhana hakyky manysyndan gaýry many bererlermikä diýip çekinýän — diýipdir.

* * *

Zuhry şeýle diýipdir: «Ylymda nahuw ylmynyň orny, göýä gazandaky duzuň orny we ýakymly ysly zatlara goşulýan ramyk[1] ýalydyr».

* * *

Ol ýene şeýle diýipdir: «Arap dili sözüň zynaty we bezegidir».

---

[1] Ramyk – hoşboý ysly zatlar ýasalanda goşulýan gara madda.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kim hormat görmedik bolsa, edebi ýokdur».

* * *

Abul Alyýe[1] Ibn Apbasyň ýanyna gelipdir. Ibn Apbas ony bir sekiniň üstünde oturdypdyr, kuraýyşlardan birnäçe adamy hem onuň yzynda oturdypdyr. Abul Alyýe olaryň özüne erbet nazar bilen seredýändiklerini, ýüzleriniň salykdygyny görüpdir we şeýle diýipdir: «Siz näme maňa göýä algydaryňyza seredýän ýaly tamakinçilik nazary bilen seredýärsiňiz?. Edep bilen kiçi ulynyň ýanynda abraýly bolar, gul hökümdarlyga çenli beýgeler, ýesirler öz maşgalasyna gowuşar».

* * *

Akyldar ogluna maslahat berip şeýle diýipdir: «Eý, oglum! Malyň abraýy gider we ýok bolar, soltanyň abraýy iki gündür, bir gün seniň bähbidiňe, bir gün garşyňa, nesil abraýy unudylýandyr we bilinýän däldir. Emma edebiň yzzaty berk daňylan yzzatdyr. Malyň gitmegi bilen ol gitmez, soltanyň çalyşmagy bilen ol çalyşmaz, wagtyň geçmegi bilen ol kemelmez.

Eý, oglum! Patyşalar özüniň raýatynyň biri bolan kakaňy ulaltdylar. Raýatlar hem patyşalaryna ybadat edýärler. Ybadat edilýän bilen ybadat edýäniň arasyndaky abraýa üns ber!

Eý, oglum! Eger seniň kakaň edebi bolmasady, patyşalaryň ýanynda ýük çekýän düýe we hammal, hyzmatkär bolardy».

---

[1] Abul Alyýe Ryýahy - tabygyn neslinden ynamdar hadys rowaýatçysy. Jahylyýet döwründe ýaşapdyr we Muhammet alaýhassalam ýogalandan iki ýyl soňra yslamy kabul edipdir. Abubekriň ýanyna barypdyr, Hezreti Omaryň yzynda namaz okapdyr. Soň Basrada ýaşapdyr we 90-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Halypa Wasygyň ýanyna onuň mugallymy we terbiýeçisi ibn Zyýat gelipdir. Wasyk oňa uly hormat-sylag bildirip, hödür-kerem edipdir. Ondan munuň sebäbini sorapdyrlar. Ol: «Meniň dilimiň düwünlerini ilkinji bolup, Allanyň zikri bilen çözen we meni Allanyň rehmetine ýakynlaşdyran oldur» diýipdir.

* * *

Mamunyň terbiýeçisi bolan Attaby[1] köp wagtlap Mamunyň ýanynda görünmändir we ol Mamuna hat ýazyp, şu goşgyny iberipdir:

Hakykatda, terbiýäniň haky atalyk hakydyr,
Bilýär ony hyjazlylar hem-de Sapa-Merweliler.
Bilmäge onuň gadyryn hem-de ony goramaga,
Pygamberiň nesli bardyr, ony diňe şolar biler.

Soň Mamun ony çagyryp, oňa hormat-sylag edipdir. Onuň halyndan habar alyp durjakdygyna we indi beýle uzak wagtlap ýitirmejekdigine söz beripdir.

* * *

Buzurgmehrden:

— Näme sebäpden ataňa bolan hormatyňdan mugallymyňa bolan hormatyň has uly? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

---

[1] Bu Kulsum ibn Amr Attaby bolmaly. Çeşmelerde Attaby atly adamyň Mamunyň terbiýeçisi bolandygy barada maglumat ýok.

— Sebäbi, atam meniň şu dünýäde ýaşamagyma sebäp boldy. Mugallymym bolsa ahyret ýaşaýşyma sebäp boldy — diýipdir.

* * *

Galen[1] şeýle diýipdir: «Eger garamaýak bir adamyň ogly edepli bolsa, onuň derejesiniň beýgelmegi sebäpli, kakasynyň derejesi hem beýgeler, eger bir abraýly adamyň ogly edepsiz bolsa, onda onuň derejesiniň pesligi sebäpli, kakasynyň abraýy hem pese gaçar».

* * *

Bir çarwa arap azançynyň: «Eşhedu enne Muhammeden Resulalla» diýip «Rasululla» diýmegiň ýerine «Resulalla» diýip, ýeňiş düşümde okaýandygyny eşidip, şeýle diýipdir: «Bu bagty ýatan näme diýýär?» diýipdir[2].

* * *

Asmagy[3] ygraby[4] dogry ulanman bir şygyr düzüpdir, soň bolsa onuň çeper we manyly däldigini görüp: «Hakykatdan hem araplar ygrap bilen tapawutlanýarlar» diýipdir.

---

[1] Galen – Grek lukmany. 59-nji milady ýylynda Fergamus şäherinde dünýä inipdir. Fergamus Kiçi Aziýanyň şäherleriniň biridir. Geometriýa, matematika, hasap, logika, pelsepe, medisina ýaly ylymlary okap, 17 ýaşynda ökde tebipleriň biri bolup ýetişipdir. 89 ýaşynda wepat bolupdyr.

[2] Sebäbi eger «Rasul» sözüni «Rasulu» däl-de «Rasula» diýip okasaň, onda arap diliniň kadasyna görä, ol öň ýanyndaky sözüň sypaty bolýar we sözlemiň eýesi bolýar-da, oňa habar gerek bolýar. «Rasulu» diýlip okalsa welin, ol habar bolýar.

[3] Abdylmälik ibn Karyb ibn Aly ibn Asmag Bahyly Abu Sagyt Asmagy - şahyr. Harun Reşidiň dosty. 122-niy hijri ýylynda Basrada dünýä inip, 216-niy hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

[4] Ygrap – düşüm.

* * *

Ibn Abu Yshak şeýle diýipdir: «Araplar ygraby inçeltdiler, ony ýognaltmadylar, ýagny beýany gysgaltdylar, uzaltmadylar».

* * *

Ýunus Basry[1] şeýle diýipdir: «Araplar ygraby dodaklandyrdylar[2], ony berkitmediler».

* * *

Hashas ibn Jap şeýle diýipdir: «Araplar ygrabyň üstünde köp durýarlar, göýä ol olaryň ähli zadyny çözýän ýaly hasaplaýarlar».

* * *

Sokrat şeýle diýipdir: «Hikmet berlip, altyn-kümüş ýitirenine gynanýan haýyp gynanýar».

* * *

Päk häsiýetde gördüm, men özge üstünlik görmedim,
Kämil akyl görmedim men başga — edep-terbiýeden.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Bir habar eşideniňizde rowaýat akylyňyzy däl-de, üns-ähmiýet akylyňyzy ulanyň. Çünki ylym rowaýatçylary köpdür, emma ylma üns berýänler azdyr».

---

[1] Abu Abdyrahman Ýunus ibn Habyp Dabby Basry- dilçi we edebiýatçy alym. 90-njy hijri ýylynda dünýä inipdir we 182-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Arap dilinde «işmam» (dodaklandyrma) diýen kada bar. Bu ýerde şol göz öňünde tutulýar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ene-ata öz çagasyna ýagşy edepden oňat başga hiç zat sowgat berip bilmez».

* * *

Kim edepliniň ýanynda otursa, edebi oýanar.

* * *

Edepleriň iň gowusy, eýesiniň öwünmedik edebidir.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Belentlige edep-terbiýeden başga el ýetirip biljek ulag ýokdur».

* * *

Kim hoşniýetli bolmasa, edebiniň peýdasy ýokdur.

* * *

Mugawyýa bir adamyň: «Eý, wagşy!» diýip birine gygyrýandygyny eşidip: «Wagşy edebi bolmadyk kişidir» diýipdir.

* * *

Edepli bolsaň dymmagy bil, ol iň uly edepdir.

* * *

Ymam Muhammet Bakyrdan[1]:

— Adamyň edebi haçan şer bolýar? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Eger edep köpelip, ýagşy ahlagy azalanda — diýipdir.

[1] Muhammet Bakyr ibn Aly Zeýnelabydyň ibn Huseýin ibn Aly – şaýylaryň on iki ymamynyň bäşinjisi.

* * *

Aristotel şeýle diýipdir: «Kim edebi terk etse, akyly gysyr bolar».

* * *

Her zadyň zynaty bardyr, akylyň zynaty edepdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Abraýlaryň hormatlysy edepdir».

* * *

Edep akylyň suratydyr. Islediginçe akylyň suratyny owadanlaşdyr.

* * *

Sorapdyrlar:

— Edebi nädip küýsediňiz?

Aýdypdyrlar:

— Süýt emýän çagasy ýitende enäniň çagasyny gözleýşi kimin.

* * *

Wakydy[1] ogullarynyň birine şeýle diýipdir: «Eger biz öwrenen ylmymyzyň köpüsini Alla üçin islän bolsadyk, hem dünýä, hem ahyret bagtlylygyna gowşardyk. Ýöne maksadymyz dünýä bolandygy üçin ýazgydymyzdan başga hiç zada gowuşmadyk».

---

[1] Abu Abdylla ibn Omar ibn Wakyt Sehmi Sulemi Wakydy - yslamyň ilkinji taryhçysy we hadys alymlarynyň biri. 130-njy hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir we 207-nji hijri ýylynda wepat boldupyr.

* * *

Edep bir nahaldyr. Eger onuň ygaly ýeterlik, howasy gowy we suwy bol bolmasa ýaprak çykmaz.

* * *

Semama ibn Eşras şeýle diýipdir: «Näme öwrenseň, galam bilen ýazyp alyp berkleşdir. Gündelik dersleriňe arkaýyn bolma».

* * *

Galam kelamyň ilçisidir.

* * *

Aly ibn Ubeýda şeýle diýipdir: «Iň ker adam gizlin gürrüňi eşider, görünýän zady bilmez we gaýypdan habar berer».

* * *

Erbet ýazylan hata perişdeleriň haty diýilýär eken. Munda iki sebäp bar. Birinjisi, olaryň haty ynsanlara düşnüksiz. Owadan hat hemmelere düşnükli bolýar.

Ikinjisi, iň düşnüksiz hat belgidir. Perişdeleriň haty bolsa belgidir. Allatagala şeýle diýipdir: «Içinde amallar ýazylan bir kitapdyr. Ol kitaby Alla ýakyn bolanlar görerler»[1].

* * *

Hammat ibn Seleme şeýle diýipdir: «Nahuw ylmyny bilmezden hadys öwrenmek isleýän, göýä agzyna içi arpasyz, boş iým torbasy geýdirilen eşek ýalydyr».

---

[1] Gurhanyň «Mutaffifin» süresiniň 20-21-nji aýatlary.

* * *

Tawus bir gezek oglundan:
— Ýazdyňmy? — diýip sorapdyr.
Ogly:
— Hawa — diýip jogap beripdir.
Tawus:
— Barladyňmy? — diýip sorapdyr.
Ogly:
— Ýok — diýip jogap beripdir.
Tawus:
— Eý, oglum, onda ýazmaňy bes et? — diýipdir.
Tawus ýene:
— Eý, oglum, indi barlap çykdyňmy? — diýip sorapdyr.
Ogly:
— Hawa — diýip jogap beripdir.
Tawus:
— Nokat-oturlaryny[1] ýerli-ýerine goýuşdyrdyňmy? — diýip sorapdyr.
Ogly:
— Ýok — diýip jogap beripdir.
Onda Tawus:
— Nokat-oturyny ýerli-ýerinde goý. Sebäbi olar kitabyň nurudyr — diýipdir.

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Iblis hat ýazýanlardan galamy daşlaşdyrmak üçin olaryň üstüne ýetmiş sany şeýtany iberer».

---

[1] Bu ýerde arap hatynyň üstündäki, astyndaky degişli nokatlar, oturlar göz öňünde tutulýar

* * *

Hyşam ibn Abdylmälik şeýle diýipdir: «Gurhany we nahuw ylmyny öwreniň. Sebäbi, Gurhan nahuwsyz, göýä başsyz göwre ýalydyr».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Alymyň ýüzünden ýüzüňi sowmazlyk ybadatdyr».

* * *

Bir adamdan Ymam Japar Sadyk[1] barada sorapdyrlar. Onda ol: «Ol seredeniňde ahyreti ýadyňa salýan alymdyr. Muňa ynanmaýanyň ýüzüne seretmek bolsa pitnedir» diýipdir.

* * *

Dagfel Nisaba[2] şeýle diýipdir: «Ylmyň apaty, jepasy we kemçiligi bardyr. Apaty – unutmakdyr, jepasy – ylymda ýalan sözlemekdir, kemçiligi – ony mynasyp däl ýerlere ýaýratmakdyr».

---

[1] Ymam Japar Sadyk ibn Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin – şaýylaryň ynanjyna görä on iki ymamyň altynjysy. Tabygyn nesliniň ynamdar hadys rowaýatçysy. Ymam Agzamyň we Ymam Mäligiň ussady. Oňa «sadyk» (dogruçyl) diýilmeginiň sebäbi ol hiç haçan aldap görmändir. 80-nji hijri ýylynda dünýä inip, 148-nji hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

[2] Dagfal ibn Hanzala ibn Zeýt ibn Abdyzzehm Şeýbany – dilçi alym. Arap nesebini (tire-taýpa ylmyny) gowy bilýän eken. Nesep ylymynda onuň ady rowaýata öwrülipdir. Jahyz ol barada: «Ynsanlar dilde, ylymda we ýat tutmakda onuň taýyny görmediler» diýipdir. Mugawyýanyň halypalyk döwründe onuň ýanyna baranda Mugawyýa ondan käbir adamlaryň terjimehaly, araplaryň geçmiş taryhy we münejjimlik barada sorapdyr we onuň ylmyna haýran galypdyr. Soň ony ogly Ýezide terbiýeçi belläpdir. 65-nji hijri ýylynda ezarikalar bilen bolan söweşde gark bolupdyr.

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Ylmyň alymy bol, ylmy öwrenýän bol, ylmy diňleýji bol, ylmy söýýän bol, emma bulardan başga bäşinji topardan bolma, heläk bolarsyň».

* * *

Söwri şeýle diýipdir: «Ylym amala seslener, eger jogap berse durar, ýogsam gider».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Alymyň bir günäsi geçilýänçä, nadanyň ýetmiş günäsi geçiler».

* * *

Bir adam doganyna hat ýazyp şeýle diýipdir: «Sen ylym okadyň. Ylmyň nuruny günä işleriň garaňkylygy bilen söndürme. Şeýle bir garaňky gün geler welin, ylym eýeleri ylymlarynyň nury bilen ýörärler».

* * *

Ylym ýolbeletdir, amal gämiçidir, jan gämidir. Eger gämiçi bolmasa, ýolbelediň akly çaşar, eger ýolbelet bolmasa, gämiçi azaşar.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Nadanyň nadanlygynda arkaýyn bolmagy gelişmez, alymyň hem ylmynda dymmagy gelişmez».

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Gözleýji bol, gözlenýänden bolarsyň, ýagny ylym talap edýän, ylmy bilen abraý gazanar».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Meniň iki adama ýüregimiň awaýşy ýaly hiç kime ýüregim awamaýar. Ylmy öwrenip, oňa düşünmeýän we düşünip, ony öwrenmeýän».

* * *

Abdylhekim[1] şeýle diýipdir: «Men Mälik ibn Enesiň ýanynda ondan hadys öwrenýärdim. Oňa hadys okap berýärdim. Öýle namazynyň wagty geldi diýip, derrew namaza durdum. Onda ol maňa: «Eger niýetiň düzüw bolsa, seniň şu wagt ýerine ýetirýän işiň öňki ýerine ýetirýän işinden ýokary däldir» diýdi[2].

* * *

Sufýan Söwri Askalana[3] gelip, ol ýerde birnäçe wagt ýaşapdyr. Emma onuň ýanyna ylym barada sorag sorap gelen bolmandyr. Onda ol: «Bu şäherde ylym ölüpdir» diýipdir.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Hikmet şeýle diýip seslener: «Kim meni gözlese we tapmasa, onda bilýän zatlarynyň iň gowusyny etsin we bilýän zatlarynyň iň erbedini terk etsin. Eger şeýtse men onuň ýanyndadyryn».

---

[1] Muhammet Abdylla ibn Abdyl Hekim ibn Egyn ibn Leýs Müsri Fakyh - Müsüriň fykh alymy. 155-nji hijri ýylynda dünýä inip, 213-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.
[2] Elbetde, namazdan ýokary hiç zat ýokdur. Bu ýerde hadysy soňuna çenli okap gutaryp, namaza soň dursaň hem sogabyň uly bolardy diýilmek islenilýär.
[3] Askalan - Şamda bir şäher.

* * *

Nahgy[1] şeýle dýipdir: «Akmagyň berýän soragyny sora we akyllynyň ýat tutýan zadyny ýat tut».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipir: «Kim utanyp ylym öwrenýänden ylmyny saklasa, nadanlyga eşik geýdirdigidir. Haýa eşigini ýyrtyň. Sebäbi kimiň ylym öwrenmekde ýüzi utanjaň bolsa, ylmy hem gowşak bolar».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Şor ýeriň sepilen tohumy çüýredişi ýaly, ylym-hikmet hem mynasyp bolmadyk kişiniň elinde zaýalanýar».

* * *

Alym özüniň aýdýan zatlaryny diňläp, ýazýan bir kişini görüp, oňa: «Eý, gardaş! Eşidýän zadyň hemmesini ýaz. Sebäbi onuň azy hem ak ýerden[2] haýyrlydyr» diýipdir.

* * *

Ysmaýyl ibn Rija[3] ýaş kätip ýigitleri töweregine ýygnap, bilýän hadyslaryny ýatdan çykarmaz ýaly, olara hadys ýazdyrar eken.

---

[1] Alkama ibn Kaýs ibn Abdylla ibn Mälik Nahgy Hemedany – tabygyn we yraklylaryň fakyhy. Elmydama Gurhan okap gezipdir. Pygamber dirikä dünýä inipdir. Sahabalardan hadys rowaýat edipdir. Syffyn we Horasan söweşlerine gatnaşypdyr. Iki ýyl Horezmde, biraz wagt Merwde we Kufada ýaşapdyr. Kufada wepat bolupdyr. Wepat bolan senesi näbellidir.

[2] Ak ýer – depderiň boş ýeri.

[3] Ysmaýyl ibn Rija ibn Rabyga Zebidi Abu Yshak Kufy - ynamdar hadys rowaýatçysy. Kakasyndan, Abdylla ibn Abul Huzeýlden, Ews ibn Zamgaçdan we beýlekilerden hadys rowaýat edipdir.

* * *

Abu Derda Uweýmir şeýle diýipdir: «Resulalla bir gezek maňa şeýle diýdi: «Eger saňa: «Eý, Uweýmirm, ylym öwrendiňmi ýa-da bisowat galdyňmy?» diýilse näme edersiň? Eger sen: «Ylym öwrendim diýseň, onda saňa: «Öwrenen ylmyň bilen näme üçin amal etmediň?» diýiler. Eger sen: «Men bisowat galdym» diýseň, onda saňa: «Seniň bisowat galmagyňa nähili bahana bar?» diýiler».

* * *

Abdylmälik ibn Salyh Apbas şeýle diýipdir:

Peder bilen öwünýän bar adamlaryň arasynda,
Olarda isleg-höwes ýok takwa hem at barasynda.
Erbet terbiýe olary iň erbet hem iň pes etdi,
Edep eýesine zynat, külli ynsan balasynda.

* * *

Bir adam Ibn Omardan bir zat barada sorapdyr. Ol hem «Bilemok» diýip jogap beripdir. Ibn Omar gideninden soň ol adam: «Ibn Omaryň aýdan zady nähili oňat! Bilmeýän zadyna bilemok diýdi» diýipdir.

* * *

Sufýan ibn Uýeýne şeýle diýipdir: «Men Abdylla ibn Omaryň[1] hem bar bolan bir jemagatyň arasynda otyrdym. Ondan bir mesele soraldy. Ol:

— Bilemok — diýip jogap berdi.

Ýahýa ibn Sagyt[2] oňa:

---

[1] Hezreti Omaryň ogly.

[2] Ýahýa ibn Sagyt ibn Kaýs ibn Amr Ensary Buhary - ynamdar hadys rowaýatçysy.

— Saňa gaty geň galýaryn! Ýol görkeziji ymamyň (Hezreti Omaryň) ogly bolup, bilemok diýýärsiňmi? — diýipdir.

Onda ol:

— Öňürti men saňa Allanyň ýanynda we Alladan akyl nygmaty berlenleriň ýanynda has geň bolan zady habar bereýin: «Kim bir zady gowy bilmeýän bolsa we ol barada bir zat aýtsa ýa-da ynamdar bolmaýan adamdan hadys rowaýat etse, ol adam heläk bolar — diýdi».

* * *

Heýsem ibn Jemil[1] şeýle diýipdir: «Mälik ibn Enesden kyrk sekiz mesele babatda soralandygyny gördüm. Ol olaryň otuz iki sanysyna «bilemok» diýip jogap berdi».

* * *

Abu Süleýman ibn Bilal[2] şeýle diýipdir: «Men Kasym ibn Muhammedi[3] gördüm. Adamlar ondan sorag soraýardylar. Ol hem olara: «Eý, adamlar, siziň soraýan zadyňyzyň käbirini men düýbünden bilemok» diýýärdi».

* * *

Abdylla ibn Ýezit ibn Hurmuz[4] şeýle diýipdir: «Alym öz talyplaryna olardan bilmeýän zatlary soralanda: «Bilemok» diýer ýaly, özünden soňkylara «bilemok» diýen sözi miras goýmalydyr».

---

[1] Heýsem ibn Jemil Bagdady Abu Sehl Hafyz - asly horasanly bolan ynamdar hadys rowaýatçysy.

[2] Abu Süleýman Palestini ibn Bilal - ynamdar bolmadyk hadys rowaýatçysy.

[3] Abubekr Syddygyň ogly.

[4] Abdylla ibn Ýezit ibn Hurmuz - medineli fykh alymy.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Alymlar soltanlar bilen gatnaşyp başlaýançalar Allanyň ynamdar kişileridir. Eger olar soltanlar bilen gatnaşyp başlasalar we harsydünýälige ýüz ursalar, onda olaryň pygamberlere hyýanat etdikleridir. Şolar ýalylardan habardar boluň».

* * *

Hasan Basrynyň aýtmagyna görä, Resulalla şeýle diýipdir: «Bu ymmat tä karylary soltanlara meýil etmeýänçä, salyhlary günäkärleriň bet pygyllaryny dogry hasaplamaýança, ýagşylaryň ýamanlara gowy niýeti bolmaýança, Allanyň gudrat eliniň we hemaýatynyň astynda bolmagyny dowam eder. Eger olar bu işi etseler, Alla olaryň üstünden gudrat elini aýrar. Soň olaryň başyna zalym ýolbaşçylary musallat eder, olar azap çekerler. Olary ýoksullyk we garyplyk bilen urar».

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Eger bir karynyň soltan bilen has ýakyn gatnaşykda bolýandygyny görseň, bil, ol garakçydyr. Sen oňa aldanma».

Eger bu meselede: «Ol karylar zulumy ret edýär, mazluma zulum edilmegine päsgel bolýar ahyry» diýilse, onda biliň bu şeýtanyň aldawydyr, duzagydyr. Şeýtan günäkär alymlary maksatlary üçin basgançak hökmünde ulanýar».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Erbet ulama göýä suwuň akymyna böwet bolup ýatan äpet gaýa daşy ýalydyr. Ol daş ekerançylyga gelýän suwy, öz-ä bir içmeýär, ekerançylyga hem goýbermeýär».

* * *

Awzagy şeýle diýipdir: «Kapyrlaryň mazarystynlygyndaky tabytlar erbet bir ysyň bardygyndan şikaýat edipdirler. Allatagala mazarlara wahy edip, şeýle diýipdir: «Erbet karylaryň garynlarynyň ysy siziň ysyňyzdanam has erbetdir».

* * *

Abu Derda şeýle diýipdir: «Bilmeýäniň gününe bir waý, bilip etmeýäniň gününe ýedi waý».

* * *

Awzagy şeýle diýipdir: «Allatagalanyň iň halamaýan kişisi ýolbaşçylar bilen oturyşýan alymdyr».

* * *

Sehnun[1] şeýle dýipdir: «Iň ýigrenji alym mejlisine geleniňde özi ýok bolup, ony soranyňda: «Ol emiriň ýanynda» diýlen alymdyr».

* * *

Ibn Mübärek şeýle diýer eken: «Ýasawullar meniň alym dostlarymdan haýyrlydyr». Ondan:

— Eý, Abu Abdyrahman, ol nähili bolýar? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Sebäbi, ýasawul ýaşy gaýdyşansoň eden işine toba edýär, emma olar ýaşy gaýdyşsa-da soltanyň işini edýärler — diýipdir.

---

[1] Abdyssalam ibn Sagyt ibn Habyp Tenuhy - mäliki mezhebinden bolan fykh alymy. Sehnun onuň lakamydyr. 160-njy hijri ýylynda dünýä inip, 234-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Abu Harun Abdy[1] şeýle diýipdir: «Men Abu Sagyt Hudrynyň ýanyna bardym. Ol maňa: «Resulallanyň wesýeti bilen hoş geldiň. Resulalla şeýle diýipdi: «Menden soň size dinde düşünjeli boljak we meniň hadysymy sorajak kişiler geljekdir. Olar bilen gowy gatnaşyň» diýdi.»

* * *

Halypa Mamun Akaba[2] gijesinde Resulallany ykrar edip gelenleriň adyny sorady. Şol wagt içeri Ahmet ibn Abu Duwat girdi. Ol olaryň atlaryny, lakamlaryny we taýpalaryny ýekän-ýekän sanap berdi. Onda Mamun:

— Eger ynsanlar mertebelerine görä oturdylmaly bolsa, Ahmet olara nusga bolar — diýdi.

Onda Ahmet:

— Eger alymlardan halypa saýlanylmaly bolsa, özüne aýdylýan zady has gowy bilýän we düşünýän möminleriň emiri oňa nusga bolar — diýdi.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsanlaryň bir bölegi alymdyr we bir bölegi ylym öwrenijidir. Galanlary wagşydyr, olarda haýyr bolmaz».

---

[1] Abu Harun Abdy Ymara ibn Juweýn ibn Basry – hadys rowaýatçysy. Abu Sagyt Hudrydan we Ibn Omardan hadys rowaýat edipdir. Ondan Abdylla ibn Awf, Abdylla ibn Şuzep, Söwri we Hamdan dagylar rowaýat edipdirler. Şugba ony gowşak rowaýatçy hasaplapdyr. Hadys alymy bolan Darekutny hem ony ynamdar hasaplamandyr. 143-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Akaba gijesi – medinelileriň Akaba diýen ýerde Resulallanyň pygamberligini ykrar edip we yslamy kabul eden gijesi.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Yýadyň[1] ähli ynsanlary haýran galdyryp, olardan üstün bolan bir rowaýaty bar. Sebäbi onuň aýdan Kus[2] kyssasynyň[3] rawylarynyň hatarynda Muhammet alaýhyssalam bar».

* * *

Ýahýa ibn Hüseýin Hasany[4] Ymam Ryzanyň sahypasynyň senedi[5] barada şeýle diýipdir: «Eger bu sahypanyň[6] senedi däliniň gulagyna okalsa açylar».

* * *

Hadysda şeýle diýilýär: «Kim ynsanlara ylymsyz pitwa berse[7], oňa asman lagnat eder».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) özüniň kätibi Ubeýdylla ibn Abu Rafyga şeýle diýipdir:

---

[1] Yýad ibn Nezar ibn Magd ibn Adnan - jahylyýet döwründe ýaşap geçen şahyr. Jomart we sahy kişi bolupdyr.

[2] Kus ibn Sagyda - yslamdan öň ýaşap geçen «Araplaryň akyldary we emini» lakamy bilen tanalýan meşhur wagyzçy. Onuň aýdan çeper sözleri atalar sözlerine öwrülipdir. Ol butlara ynanmandyr. Onuň Muhammet pygamberiň ýakynda geljekdigini habar berendigi hem aýdylýar. Onuň pygamberi görendigi hem rowaýat edilýär.

[3] Kyssada pygamberimiz Kus ibn Sagydany Ukaz bazarynda düýäniň üstünde wagyz edýärkä diňländigini aýdýar. Ol rowaýaty hem Yýat gürrüň beripdir.

[4] Ýahýa ibn Hüseýin ibn Kasym ibn Ybraýym Hasany Alawy – şaýy mezhebiniň zeýdiýe golunyň ymamy. 220-nji hijri ýylynda Medinede dünýä inipdir we 298-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[5] Senet - hadys rowaýatçylarynyň sanawy.

[6] Bu ýerde biziň üçin näbelli bolan haýsydyr bir zar barada aýdylan sahypa (hadys) göz öňünde tutulýar.

[7] Pitwa bermek (pitwa çykarmak) – haýsydyr bir dini mesele boýunça höküm bermek, karar çykarmak.

«Döwet galamyňy dik tut we galamyň hem uzyn bolsun. Setirleriň arasyny aç, harplaryň arasyny ýakynlaşdyr, şonda hat eýesine has mynasyp bolar».

* * *

Musa ibn Abdylla ibn Ýahýa ibn Hakan[1] şeýle diýipdir:

Tagalla edýär talyplar abraýy üçin ylmyň,
Emma ylym olar üçin edenok hiç tagalla.
Ylmy goramaýan adam görkezýändir oňa zulmun,
Kim ony goraýan bolsa, onuň deregine — dogry ýolda.

* * *

Abdylla ibn Müslim ibn Jendep Hezeli[2] Halypa Mätiniň ýanyna bir karylaryň arasy bilen girip, on müň dirhem alypdyr. Soň fykhçylaryň arasy bilen girip, on müň dirhem alypdyr. Soň şahyrlaryň arasynda girip, on müň dirhem alypdyr, soň kyssaçylaryň arasy bilen girip, on müň dirhem alypdyr.

Onda Mäti: «Men şu gün Allanyň sen ýaly has köp emläk jemlän başga bir adamsyny görmedim» diýipdir.

* * *

Hydyr alaýhyssalam Musa alaýhyssalama şeýle diýipdir: «Eý, Musa! Ylmy amal etmek üçin öwren. Ony öwretmek üçin öwrenme, ýogsam, saňa şory ýetip, beýlekilere nury galar».

Soň Hydyr alaýhyssalam ýitip gidipdir we Musa alaýhyssalam aglap galypdyr.

---

[1] Musa ibn Abdylla ibn Ýahýa ibn Hakan - kätip, şahyr we edebiýatçy alym. Kakasy Ubeýdylla ibn Ýahýa Apbasly halypalary Mütewekkiliň we Mugtezidiň weziri bolup işläpdir.

[2] Abdylla ibn Müslim ibn Jendep Hezeli - hadys alymy.

* * *

Abu Hanypa şägirdi we dosty Dawut Taýa:

— Eý, Abu Süleýman! Indi öwrenen zadymyzy berkleşdirmek gerek — diýipdir.

Onda Dawut:

— Indi näme zat galdy? — diýipdir.

Abu Hanypa:

— Ylym bilen amal etmek — diýipdir.

Dawudyň kalby ýalňyzlyga, terkidünýälige we ybadata bölünipdir we tagat-ybadatyny has hem artdyrypdyr.

* * *

Sufýan şeýle diýipdir: «Eger niýet düzüw bolsa, ylym okamakdan has ýokary amal ýokdur, ýagny eger ol ylym bilen Allany we ahyret öýüni isleýän bolsa».

* * *

Japar ibn Barmaky Mekgä gelipdir. Şonda Fuzaýla:

— Eger ol seniň ýanyňa gelse, oňa hadys gürrüň berermidiň? — diýipdirler.

Onda ol:

— Men Resulallanyň hadysynyň hormaty üçin ony Japara aýdardym — diýipdir.

* * *

Sufýan Söwri şeýle diýipdir: «Nebisleriňizi ylym bilen zynatlaň, ylmyňyzy nebisleriňiz bilen bezemäň».

* * *

Halyt ibn Magdan ýanyna adamlar üýşüp başlanda, şöhratparazlykdan çekinip, turup gidiberer eken.

* * *

Awzagy şeýle diýipdir: «Kim bilýän zady bilen amal etse, onda oňa bilmeýän zadyny öwretmek we bilýän zadynda onuň bilen ylalaşmak Alla üçin hak bolar. Munuň üçin oňa jenneti wajyp eder. Kim bilýän zady bilen amal etmese, bilmeýän zadynda azaşsa we bilýän zadyna laýyk gelmese, onda oňa dowzahy wajyp eder».

* * *

Kaýs ibn Rabyg[1] şeýle diýipdir: «Eý, hojaýynlar we täjirler jemagaty! Siz ýaly bu ylma zeper ýetirýän ýokdur. Biz hiç ýere çykyp bilmän alymlaryň ýanynda oturyp, olardan iki, üç, dört hadys eşidip, olary ýat tutýarys. Siz bolsa syýahat edýärsiňiz, hadyslary ýazyp almaga mümkinçiligiňiz bar, emma olary ýazmaýarsyňyz, ýat tutmaýarsyňyz, gaýtam ýatdan çykarýarsyňyz».

* * *

Dahhaga[2]:

— Saňa näme boldy, näme üçin Omar ibn Abdyleziziň ýanyna gelmeýärsiň? — diýipdirler.

Onda ol:

— Men onuň adalatly ýolbaşçydygyny bilýärin. Ýöne ol siziň araňyzda uzak durmaz, az durar. Emewi döwletiniň emirleri meni tanamaýarlar. Men onuň ýanyna barmagy, meni tanatmagyny we ondan soň emewi emirleriniň meniň bilen gatnaşmagyny islemeýärin — diýip jogap beripdir.

---

[1] Muhammet Kaýs ibn Rabyg Esedi Kufy - hadys alymy. 168-nji hijri ýylynda Kufada wepat bolupdyr.

[2] Dahhak ibn Muzahym Balhy Horasany - tefsir alymy. Çaga terbiýeçisi bolupdyr. 105-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Bir gezek bir adam Dahhaga:

— Maňa döwet galam ber — diýipdir.

Onda ol oňa:

— Näme ýazjak bolýarsyň? Eger ýazýan zadyňa Alla razy bolsa, saňa döwet galam bererin. Ýogsam, men seniň Allanyň öňünde günäkärligiňe sebäp we şärik bolup biljek däl — diýipdir.

* * *

Bir talyp mugallymyna gaty köp sorag beripdir. Onda mugallym oňa: «Sen nebsiň köp ylym öwrenip, az amal etmegine höwes etmegine razy bolma. Men seniň sorag bermäge güýçli islegiň bardygyny görýärin. Şonuň üçin amal etmekde pes bolmazlyga we Iblisiň ýesirlerinden bolmazlyga üns ber» diýipdir.

* * *

Öňküler öwrenseler amal edýärdiler, amal etseler tanalýardylar, tanalsalar gaçýardylar.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ylym ikidir. Tebigy we eşidilip öwrenilen ylym. Eşidilip öwrenilen ylym, eger dogabitdi ylym ukyplylygy ýok bolsa, peýda bermez».

* * *

Çarwa arap özüniň ýatkeşligi bilen öwünip şeýle diýipdir: «Meniň ýatkeşligim, göýä çölüň çägesi ýaly, üstüne näme damsa, ony özüne sorup alýar».

* * *

Bir adam Wekig ibn Jerrahyň ýanynda özüniň ýatkeşliginiň erbetligini aýdypdyr. Onda ol: «Günä işleri terk etmek bilen ýatkeşligiňize kömek ediň» diýipdir. Onda ol adam şeýle diýipdir:

Gürrüň berdim ýatkeşligmiň erbetdigin Wekige,
Maslahat berdi maňa günäni terk etmegi.
Bu - ynsanyň ýatkeşligniň rüstemligi bar zatdan,
Özün günä işlerden juda daşda tutmagy.

* * *

Wekig şeýle diýipdir: «Kyrk ýyldyr, dünýä üçin ädim ätmedim we unudaryn öýdüp hadys diňlemedim».

Ondan:

— Ol nähili beýle bolýar? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— Sebäbi men näme öwrensem, onuň bilen hökman amal edýärin — diýipdir.

* * *

Abu Ýusup[1] şeýle diýipdir: «Meniň oglum ýogaldy. Men onuň depin işlerini özgelere tabşyrypdym. Sebäbi şol gün Abu Hanypanyň ylym mejlisi bardy. Men onuň bir günki sapagyny boş goýbermegi islemedim».

[1] Abu Ýusup - Ymam Agzamyň talyplarynyň we hanapy mezhebiniň iň uly alymlarynyň biri.

* * *

Ylym mejlisinde oturan Eýýup Sahtyýany dostunyň öý üçin gerek zatlary barada oýlanyp oturandygyny görüp, oňa: «Tur! Eger men Ummi Nafygyň (Eýýubyň aýaly) bir desse ota mätäçlik çekýändigini bilsem, siziň ýanyňyzda oturmazdym» diýipdir.

Ýagny ol ylym mejlisine gelen adam ähli zerur işleriniň ýerine ýetiren aladasyz kişi bolmaly diýmek isläpdir.

* * *

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Eşidişimize görä, ahyrzamanda tupan we garaňkylyk bolar. Ynsanlar özleriniň alymlaryna tarap ylgarlar, ýöne olaryň üýtgändiklerini görerler. Bu alymlar ylymlary bilen dünýäni iýenlerdir». Soň şu şygry aýdypdyr:

Dogry ýoly äsgermän, egri ýoly satyn alyp saýlany —
Dünýäni din bilen satyn alanyň haýrany men haýrany.

* * *

Ata ibn Abu Ryýah şeýle diýipdir: «Ibn Apbasyň ylym mejlisinden başga has hormatlanýan mejlis görmedim. Onuň fykh ylmy güýçlidi, rysgaly boldy. Gurhan alymlary onuň ýanyndady. Şahyrlar onuň ýanyndady. Olaryň hemmesiniň ylmy giň dereden çykýardy».

* * *

Medinäniň karysy Ibn Kesir[1] düýşünde Resulallany oturan ýagdaýda görüpdir. Adamlar hem oňa sorag berýän ekenler. Ol şeýle diýipdir: «Men münberiň aşagynda size bir

[1] Ibn Kesir – ýedi sany kyragat ylmynyň ymamynyň biri.

hazyna goýdum. Mälige[1] ony size paýlamagyny emr etdim. Mäligiň ýanyna gidiň».

[1] Ymam Mälik ibn Enes.



**Mawy tolkunly Hazar.** *Ahat Nuwwaýewyň çeken suraty.*

* * *

Muhammet ibn Yshak ibn Hazyma[1] şeýle diýipdir: «Asman giňişliginiň astynda Muhammet ibn Ysmaýyl Buharydan[2] hadys ylmyny has gowy bilýän, has köp ýat tutan hiç kimi görmedim. Muhammet ibn Ysmaýyl Buharynyň bilmeýän hadysy hadys däldir».

* * *

Ymam Buhary şeýle diýipdir: «Men ýüz müň sany sahyh hadys[3] we iki ýüz müň sahyh däl hadys ýat tutdum».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Men «Jamygus-sahyh» atly hadys kitabyma ýazan her bir hadysym üçin öňürti täret aldym we iki rekat namaz okadym. Onuň metinlerini Resulallanyň gubry bilen münberiniň arasynda goýdum. Her bir goýlan metin üçin iki rekat namaz okadym. Men ol hadyslary alty ýüz müň hadysdan saýlap aldym. Olary on alty ýylyň içinde ýygnadym. Olary özüm bilen Allanyň arasynda delil etdim».

* * *

Abu Haýýan Towhydy şeýle diýipdir: «Ylma keseki bolup durdugyňça amal bilen dostlaşma. Amalyň kem bolup

---

[1] Muhammet ibn Yshak ibn Hazyma Sulemi Abubekr Hapyz - nyşapurly hadys we fykh alymy.

[2] Muhammet ibn Ysmaýyl ibn Ybraýym ibn Mugyra Jagfy Buhary – iň uly hadys alymy. Ymam Buhary diýlip tanalýar. Meşhur «Sahyh Buhary» atly eseriň ýazary. 194-nji hijri ýylynda Buharada dünýä inipdir. Hadys ýygnamak üçin Horasana, Yraga, Müsüre, Şama gidip, müň töweregi alymdan hadys okapdyr we olardan 600 000 hadys ýazyp alypdyr. Olaryň içinden iň ynamdar kişileriň hadyslaryny özüniň kitabyna alypdyr, galanlaryny bolsa ygtybarly hasaplamandyr. 256-njy hijri ýylynda Samarkantda wepat bolupdyr.

[3] Sahyh hadys – hakyky hadysdygy derňelip subut edilen hadys.

durdugyça ylmyňa bil baglama. Emma eger ikisinden hem nesibiň az bolsa, olaryň arasyny birleşdir. Eger sen özüňi şol durşuňa amala berseň, seni ýadadar we iýer. Eger özüňi şol durşuňa ylma berseň, aljyradar we azaşdyrar. Amalyň apaty onuň göz üçin edilmegidir. Ylmyň apaty ulumsylykdyr. Haýyr olaryň ikisiniň arasyndaky meýdandadyr».

* * *

Kim özüniň gorkýan zadyny bilse, özüne gadagan edilen zatdan gaçmak aňsat düşer.

* * *

Bir diňlemek peýdalydyr, iki diňlemek düşünmekdir. Eger gowy göz ýetirilmese, öwrenilýän zat nadanlygyň dogany bolar. Kim ylmy düşünmän ýat tutsa, onda ol hasyly ýadawlyk bolan nadanlygy ekendir.

* * *

Süleýman ibn Abdylmälik gyrnaklaryny we aýallaryny ýygnap, olara ylymdan meseleler gürrüň berer eken. Soň bolsa olara: «Men siziň aýdýan zatlaryma düşünmeýäniňizi bilýärin, ýöne bulary ýat tutmagyňyzy isleýärin» diýer eken.

* * *

Mujahyt[1] şeýle diýipdir: «Bize Omar ibn Abdylezizi okatmaga getirdiler. Emma bir gün geçip-geçmänkä, biz ondan öwrenip başladyk».

---

[1] Mujahyt ibn Jebr Abul Hujjaç Mekki - mekgeli tabygyn we tefsir alymy. Ymam Zehebi oňa: «Karylaryň we tefsirçileriň şyhy» diýipdir. Tefsir ylmyny Ibn Apbasdan öwrenipdir. Birnäçe ýerlere syýahat edip, soň Kufada ýaşapdyr. 103-niy hijri ýylynda Mekgede wepat bolupdyr. Tefsirçiler onuň tefsir kitabyna

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) ogly Hasana şeýle diýipdir: «Eý, oglum! Alymlaryň söhbetlerine goşul. Eger erbet bolsaň, seni dogry ýola salarlar, nadan bolsaň, öwrederler, ýalňyşsaň düzederler. Akmaklaryň ýanynda oturma, sebäbi olar bularyň tersinedir».

* * *

Japar ibn Muhammet şeýle diýipdir: «Alym öwredýärkä gaharlanmaly däldir we öwredilýärkä ulumsylyk etmeli däldir».

* * *

Agmeş Abu Waýyldan[1] şeýle gürrüň beripdir: «Şu zamanyň karylary göýä turşy zatlary iýip-iýip, suw içip-içip çişip giden ýüňsüz arryk goýun mysalydyr. Hyrydar adam oňa haýran galar. Onuň ýanyna baryp, ony tutup görer we ony saýlamaz. Soň beýlekini tutar, ony hem saýlamaz, soň ýene birini tutar, ol hem şeýle. Soň ol: «Bularyň hiç haýsynda haýyr ýok» diýer».

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Käbir gije ylym barada pikir alyşmak, maňa şol gijäni ybadat bilen geçirmekden haýyrlydyr».

---

esaslanýarlar. Agmeşdan bu barada soralanda, ol: «Onuň ähli kitapdan (hristianlar we ýehudylar) sorag soraýandygyny görüpdirler» diýipdir.

[1] Abu Waýyl Şakyk ibn Seleme Esedi Kufy – ynamdar hadys rowaýatçysy. 1-nji hijrj ýylynda dünýä inipdir. Muhammet alaýhyssalamy görüpdir. Birnäçe hadys alymlaryndan hadys rowaýat edipdir.

* * *

Lukman Hekimden sorapdyrlar:

— Ynsanlaryň içinde iň alymy kim?

Ol:

— Beýlekileriň ylmyndan öz ylmynyň üstüne goşan alym — diýipdir.

* * *

Şagby şeýle diýipdir: «Saňa Muhammet alaýhyssalamyň sahabalaryndan näme gürrüň berseler, ony al. Olardan öň näme diýlen bolsa-da, olaryň pikirini ýokary hasapla».

* * *

Abdylmälik ibn Umeýra şeýle diýipdir: «Ylmyň nämynasyp kişilere gürrüň berilmegi onuň zaýalanmagydyr».

* * *

Hezreti Aly bir gezek: «Kim bir dirheme ylym satyn aljak?» diýipdir. Harys Egwer[1] ýerinden turup isleg bildiripdir we bir dirheme ýüzünde hat ýazylgy bir sahypa satyn alypdyr. Hezreti Aly: «Eý, Kufalylar! Ýarym adam siziň hemmäňizden üstün çykdy» diýipdir.

* * *

Ibn Omar Mekgä gelende şeýle diýipdir: «Eý, mekgeliler! Siziň araňyzda Ata Rabah barka, maňa sorag bermekçi bolýarsyňyzmy?!»

---

[1] Harys ibn Abdylla ibn Kagp ibn Eset Egwer Hemedany Haryfy - Hezreti Alynyň talyby. Şaýy mezhebiniň tarapdary. Hadys ylmynda ynamdar hasaplanylmaýar. 65-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Wehb ibn Munebbih şeýle diýipdir: «Dünýe malyň bolman, ylmyň bolsa, razy bol. Emma dünýe malyň bolup, ylmyň bolmasa, razy bolma».

* * *

Ibn Omardan paraýyz[1] ylmy barada soralypdyr. Onda ol: «Siz Sagyt ibn Jubeýriň ýanyna gidiň, çünki ol paraýyzy menden has gowy bilýär» diýipdir.

* * *

Leýs[2] şeýle diýipdir: «Bir alym aradan çyksa, eger ol ylmyny ynsanlara öwreden hem bolsa, onuň ylmynyň üçden biri özi bilen gider».

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Din we dünýäniň işleri iki zadyň aşagyndadyr. Olaryň biri beýlekisiniň aşagyndadyr. Olar gylyç we galamdyr. Gylyç galamyň aşagyndadyr».

* * *

Münejjimler ebjet hasabyna[3] görä, galamyň peýdalydygyny öňe sürýärler. Sebäbi ebjet hasabyna görä «elkalem»[4] sözüniň elip harpy 1, lam harpy 30, kaf harpy 100, lam harpy 30, mim harpy 40 sanyny aňladýarlar. Netijede jemi 201 bolýar. «Neffag», ýagny «köp peýda» diýen sözüň nun

---

[1] Paraýyz – miras hukugy hakyndaky ylym.

[2] Leýs ibn Sagd ibn Abdyrahman Fehmi - müsürli hadys alymy. Asly Horasanly bolup, 4-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. Örän jomart we sahy bolupdyr. 175-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Ebjet hasabynda arap harplarynyň her haýsynyň özüne mahsus bir sany bolup, şolar bilen käbir zatlaryň hasaby çykarylýar.

[4] «Elkalem» sözi galam sözüniň arapça aýdylyşydyr.

harpy 50, fi harpy 80, elip harpy 1, aýn harpy 70 bolýar. Netijede onuň hem jemi 201 bolýar.

* * *

Zurriýaseteýn Fazl ibn Sehl şeýle diýipdir: «Edebiýat on bölümdir. Üçüsi Anuşirwany: sadranç oýnamak, ut[1] çalmak, at üstünde hasa bilen top oýnamak. Üçüsi Şehrijany: geometriýa, tebipçilik, münejjimlik. Üçüsi araby: nahuw, şygyr, gadymy arap taryhy. Biri hem bularyň hemmesini goraýan şygyr parçalary we gije söhbetidir».

* * *

Zeýt ibn Sabyt «Bismillä» sözüni «sin»[2] harpsyz ýazmagy halamaýardy, eger ony «sin» harpsyz görse, bozýardy.

* * *

Amr ibn Asyň kätibi Hezreti Omara hat ýazypdyr we «Bismilläniň» «sin» («s») harpyny ýazmandyr. Hezreti Omar munuň üçin ony gamçylatdy. Ondan:

— Hezreti Omar seni näme üçin gamçylatdy? — diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

— «Sin» üçin — diýipdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziziň Müsürdäki häkimi oňa «sin» harpsyz bir hat ýazypdyr. Omar onuň ýanyna gelmegini buýruk beripdir we kitabyny hem kabul etmändir. Haçanda ol gelende,

---

[1] Ut – saz guraly.

[2] «Sin» harpy - arap elipbiýiniň 12-nji harpy, türkmen dilinde «s» sesini aňladýar. Şeýle hem haty owadan ýazjak üolup «sin» hsrpyny doly görkezmeýärler.

Omar oňa: «Bismillä» sözüniň «sin» harpyny ýaz-da, yzyňa – Müsüre git» diýipdir.

* * *

Jabyr ibn Abdyllanyň[1] rowaýat etmegine görä, Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Eger siz hat ýazsaňyz, oňa topragy sürüň. Sebäbi toprak mübärekdir. Ol dilegiň gowuşar».

* * *

Rowaýat edilişine görä, Resulalla iki sany hat ýazypdyr. Olaryň birine topragy sürüpdir, beýlekisine sürmändir. Toprak sürülen hatyň baran obasy yslamy kabul edipdir [beýlekisi kabul etmändir].

* * *

Resulalla Nejaşa[2] hat ýazanda ony topraga sürüpdir we ol musulman bolupdyr. Kesra[3] hat ýazanda, ony topraga sürmändir, ol yslamy kabul etmändir.

* * *

Resulalla Ekider Dumete[1] hat ýazypdyr. Ýöne oňa möhür goýmandyr. Soň haçanda ony ýeňen wagtlary oňa möhür goýupdyrlar.

---

[1] Jabyr ibn Abdylla ibn Amr ibn Haran Hazrajy Ensary - sahaba. Resulalladan köp hadys rowaýat eden sahabalaryň biri. Ondan sahabalaryň köpüsi hadys rowaýat edipdirler. Onuň kakasy hem sahaba bolupdyr. Jabyr 19 söweşe gatnaşypdyr. Ömrüniň ahyrynda pygamberiň metjidinde ylym mejlisini geçirer eken. 78-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Buhary, Müslim we beýleki hadysçylar ondan 1540 hadys rowaýat edipdirler.

[2] Nejaşy – Hebeşistanyň patyşasy.

[3] Kesra – Eýran hökümdary.

* * *

Bil, hatyň ölçegi okamagyň ölçegidir. Okamagyň iň gowusy ýazylany aýdyň bolanydyr, hatyň iň gowusy manysy aýdyň bolandyr.

* * *

Kim galama hyzmat etse, onuň aşgazanyna hyzmat etmedigidir.

* * *

Abul Hasan Ahmary şeýle diýipdir: «Men nahuw alymlarynyň arasynda delil getirilýän bir şygry ýatdan çykarypdyryn. Onda halypa Emin barada: «Men hökümdarlaryň içinde ondan (Eminden) we Mamundan akylly hiç kimi görmedim» diýlip aýdylýardy.

---

[1] Ekider Dumet – jahylyýet döwründe Dumetul Jendeliň hökümdary Ekider ibn Abdykmälik Kindi. Örän edermen adam bolupdyr. Onuň berk bir galasy bolupdyr. Muhammet alaýhyssalam Medineden onuň üstüne 420 sany atly goşuna baş edip, Halyt ibn Welidi iberipdir. Halyt ibn Welit gala ýakynlaşanda, galanyň ýaşaýjylarynyň birnäçesiniň ýabany sygyrlary tutjak bolup ýörendiklerini görýär we olary gabap, ýesir alypdyr. Soň olaryň araçylygy esasynda şäher bilen habarlaşyp, olar bilen ylaşyk gazanypdyr. Ýöne olar yslamy kabul etmändirler. Resulall hem olara bir hat ýazýar we eger olar salgyt tölemäge razy bolsalar, olara degmezligi sargaýar. 12-nji hijri ýylynda musulmanlar ol ýeri eýeleýärler.

# ALTMYŞYNJY BAP

## GAZAWAT, SÖWEŞ, ŞEHITLIK, ÝEŇIŞ, HÜJÜM, BATYRLYK, GORKAKLYK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allatagala öz ýolunda jyhat edýän, öz öýünden diňe Allanyň ýoly üçin çykýan we özüniň sözüni tassyk edýän kişiniň ýa jennete girjekdigine, ýa-da öz çykan öýüne olja alyp, sogap gazanyp gaýdyp geljekdigine kepil geçdi».

* * *

Ýene-de ol Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allatagala üç kişä hökman kömek eder: Alla ýolunda söweşýäne; namysyny saklaýan aýallara; azat bolmak üçin töleg tölemäge pul gözleýän gula».

* * *

Ýene-de ol Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ynsanlaryň iň haýyrlysy Alla ýolunda atynyň üzeňňisine ýapyşyp, söweş habaryny eşidende öldürmegi ýa-da ölmegi maksat edinip, göýä at ýaly uçup topulmaga taýýar bolup duran ýa-da dagyň depelerinde,

derelerde goýunlaryň yzynda ylgap gezip ýörkä namaz okaýan, zekatyny berýän we tä ölýänçä Rebbine ybadat eden kişidir. Bu iki ýagdaýda hem ynsan haýyrdan boş däldir».

* * *

Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Bil, Alla saňa özüňe seretmegiň we terbiýe bermegiň üçin göz berendir. Eger sen duşman bilen garşylaşsaň, saňa şehitlik berler ýaly özüňi ölümiň öňüne at. Şehitleriň ganyny ýuwmaň, sebäbi şehitleriň gany kyýamat gününde nur bolar».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Eger atyň üstünde hemişe berk otursaňyz we ýaýdan ok atsaňyz, sagdynlygyňyz dowamly bolar».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) Amr ibn Magdy Ýukrebi[1] görende şeýle diýer eken: «Bizi we Amry ýaradan Alla öwgi bolsun!».

* * *

Apbas ibn Merdas[2] şeýle diýipdir:

Atlardan döw kimin döwüşmek ýitdi,
Batyrlygy bilen Amr hem gitdi.

---

[1] Amr ibn Magdy Kerp ibn Rabyga ibn Abdylla Zebidi - ýemenli serkerde. 9-njy hijri ýylynda Medinä gelip, taýpasy zebit bilen musulman bolupdyr.

[2] Apbas ibn Merdas ibn Abu Amyr Sulemi - yslam we jahylyýet döwürlerini gören şahyr. Mekgäniň ýeňşinden öň yslamy kabul edipdir. 18-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Mühellepden ynsanlaryň iň batyrlary barada soralypdyr. Onda ol:

— Pylany we pylany — diýipdir.

Oňa:

— Ibn Zubeýr[1] nirede, Ibn Hazym Sulemi[2] hany? — diýpdirler.

Onda ol:

— Siz menden ynsanlary soradyňyz, jynlary soramadyňyz ahyry — diýipdir.

* * *

Abdyrahman ibn Suleým Kelbi[3] çagalarynyň biri-birlerini münüp oýnap ýörendiklerini görüp olara: «Alla sizi yslama ysnyşdyrsyn. Walla, eger siz pygamber neberesinden bolmasaňyz, söweş agtyklary bolardyňyz[4]».

* * *

Mansur ibn Ammar Merwezi[5] adamlary gazawada höweslendirip wagyz edip durka, bir aýal elindäki ýyrtyk ýaglygyny oklap: «Eý, Ibn Ammar, men seniň ýanyňa şu

---

[1] Abdylla ibn Zubeýr ibn Awwam ibn Huweýlit – sahaba. Hijretiň birinji ýylynda Medinede doglan ilkinji çaga. Hezreti Osman bilen köp söweşlere gatnaşypdyr. Örän edermen, wagyzçy, dilewar bolupdyr. 73-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abdylla ibn Hazm Sulemi – emewiler döwründe horasan emiri. Garaýagyz sypatly bu kişi edermen bolupdyr.

[3] Abdyrahman ibn Suleým Kelbi – emewi döwletiniň serkerdeleriniň biri

[4] Sebäbi hadyslaryň birinde «Alymlar pygamberleriň mirasdüşerleridir diýilýär». Bu ýerde hem alym bolmasaňyz, söweşiji bolarsyňyz diýilmek islenilýär.

[5] Mansur ibn Ammar Merwezi - wagyzçy. Merw şäherinde eneden bolupdyr, şonuň üçinem oňa Merwezi diýlipdir. Onuň döwründe wagyz sungatynda ondan öňe geçen bolmandyr. Soň Basrada ýaşapdyr. Müsürde, Bagdatda, Şamda wagyz edipdir.

ýyrtyk ýaglyk bilen geldim. Meniň ondan başga zadym ýok. Alladan ant içýärin, men öz ýaglygymy Allanyň ýolunda söweşýän gazynyň atyna ýüp etdim. Belki, Alla meniň günälerimi bagyşlar» diýipdir. Mejlisdäkileriň hemmesi aglaşypdyr we mejlis sarsylyp gidipdir.

* * *

Seýf ibn Zi Ýezn[1] Wehrez Deýlemini hebeşileriň üstüne iberjek bolanda Anuşirwana:

— Eý, adyl hökümdar, üç müň adamly goşun elli müň adamly goşunyň öňünde nähili durar? — diýipdir.

Onda Anuşirwan:

— Eý, çarwa arap, köp oduna azajyk ot ýeterlik — diýipdir.

* * *

Jerrah ibn Abdylla[2] sowudyny geýip duran eken. Adamlar hem oňa seredip dur ekenler. Ol: «Siz men öz bedenimden gorkýandyr öýdüp pikir etmäň, men sabrymdan gorkýaryn» diýipdir. Muny eşiden Şam çapyksuwary Sagt ibn Şemr Harşy[3] oňa: «Jerrah dogry aýdýar, çünki çapyksuwaryň bedeniniň goragy onuň janydyr» diýipdir.

---

[1] Seýf ibn Zi Ýezn – Ýemendäki Hamyryýe döwletiniň iň soňky hökümdary. Hijriden öň 110-njy milady ýylynda dünýä inipdir. Hebeşiler Ýemeni eýeläp, halkyň köpüsini gyrypdyrlar. Seýf ibn Zi Ýezn şol mahal hökümdar eken. Ol öňürti Rum hökümdaryndan kömek sorapdyr. Ol kömek etmekden boýun gaçyransoň, Eýran hökümdary Anuşirwandan kömek sorapdyr. Ol hem oňa Wehrez Deýlemini 800 töweregi esgeri bilen iberipdir. Bu goşun bileleşip, hebeşileriň üstüne ýöräpdir we hebeş hökümdaryny öldürip ýeňiş gazanypdyr. Seýf ibn Zi Ýezn hem Wehreziň başyna bir täç geýdiripdir. Hökümdar Seýfi soň hebeşiler öldüripdirler.

[2] Jerrah ibn Abdylla – emewiler döwründe ýaşap geçen serkerde.

[3] Sagyt ibn Amr Harşy - şamly gahrymanlaryň biri. 112-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Haýyr gylyçdadyr. Haýyr gylyç bilendir, gylyç haýyrdyr».

* * *

Halypa Mütewekkile Hamyryýe döwletinden galan bir gylyç barada gürrüň beripdirler. Ol ony Ýemenden, Magrypdan we beýleki ýurtlardan gözläpdir. Ahyry Basradan tapypdyr. Ony 30 000 dirheme satyn alyp, elinde aýlap görüp, gaty haýran galypdyr we ol onuň göwnüne ýarapdyr. Ony düşeginiň aşagynda goýup saklar eken.

Bir gezek ol Kiçi Buga[1]: «Sen maňa ony ýanynda göterer ýaly batyr, berdaşly gollary bolan bir türkmen tapyp ber» diýipdir. Kiçi Buga hem Bagyr Türkmeni[2] salgy beripdir. Mütewekkil ony Bagyr Türkmene berip: «Ony elmydam guşanyp gez. Men haçan ony islämde, ol seniň ýanyňda bolsun» diýipdir.

Mütewekkil şol gylyçdan hem öldürilipdir[3].

* * *

Apbasly wagyzçysy Abu Müslim Horasany şeýle diýipdir: «Iň edermen söweşiji başga biriniň golastynda ezilmegi namys edýän, öz milletini goraýan ýa-da özüniň aýalyny gabanýan kişidir».

* * *

Isgender Zulkarneýn şeýle diýipdir: «Seniň garşyňa dälde, peýdaňa bolar ýaly gün we ýel bilen dostlaş. Söweşde

---

[1] Meşhur türkmen serkerdesi Buga Sagyr (Kiçi Buga).
[2] Meşhur türkmen serkerdesi Bagyr Türkmen.
[3] Bagyr ony Mütewekkiliň ogly Mugtasyr bilen dildüwşüp öldürýär.

duşmanyňy yzyndan kowalar ýaly gaçmaga öwrenişdir, ýagny duşmanyň bilen yssy we ýelli günde söweş».

* * *

Afrasyýap[1] dogany Kersene şeýle diýipdir: «Eý, doganym, batyrgaýlygy hatda duşman hem halaýandyr. Gorkagy hatda enesi hem halamaz».

* * *

Kesra Hurmuz[2] Bähram[3] bilen söweşmek üçin garşylaşanda, weziri oňa:

— Sen näme taýýarlanmansyň? — diýdi.

Onda Hurmuz:

— Meniň taýýarlygym ýüregimiň mertligi, tutanerliligim, gylyjymyň güýji, we meni ýaradanyň kömegi — diýipdir.

* * *

Hezreti Alynyň gylyjy Zülpikar[4] neberesine nesilden-nesle miras hökmünde geçip, apbaslylara gelip ýetipdir.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Men Harun Reşidi gördüm. Ol gylyjy belinden aşyp ýördi. Ol maňa: «Eý, Asmagy! Saňa Zülpikary görkezeýinmi? Meniň şu gylyjymy gynyndan çykar» diýdi. Men ony gynyndan çykardym we onda on sekiz sany gädigiň bardygyny gördüm.

---

[1] Afrasyýap ibn Fuşeng ibn Rüstem (Alp Är Töňňe) - gadymy türkmen hökümdarlarynyň biri.

[2] Eýran şasy Hysrow Hurmuz.

[3] Bähram Gur ibn Ýezdigert Etim ibn Bähram ibn Sabur Zul Ektaf.

[4] Resulallanyň Hezreti Ala sowgat beren gylyjy. Onuň iki ujy bolupdyr.

Muberret özüniň «Iştikak» atly eserinde şeýle diýipdir: «Onda bil oňurgasyna meňzeş ajaýyp gädikler bardy. Ol gylyç Munebbih ibn Hajjajyň gylyjydy. Bu gylyç Mustalyk[1] gazawatynda Resulallanyň paýyna düşen oljady».

* * *

Abdylmälik ibn Salyh goşun serkerdesine şeýle diýip wesýet edipdir: «Sen bendeler üçin Allanyň täjirisiň. Sen göýä akylly hakyna tutma söwdagär ýaly bol. Eger peýda görjek bolsaň, söwda et. Ýogsam, sermaýa puluňy sakla. Tä doly ýeňiş asudalygyny gazanýançaň, olja alma. Sen duşmanyňa guran hiläňden hem has beter, duşmanyň saňa hile gurmagyndan gork».

* * *

Çarwa arap ogluna garap:

— Eý, oglum! Dostlaryň duşman bilen söweşýärkä, sen olaryň tarapynda bol. Ýöne sen gylyçdan habardar bol, sebäbi ol ölümiň ýüpüdir. Okdan hem heder et, sebäbi olar ölümiň ilçileridir — diýipdir.

Onda ogly:

— Men onda näme bilen söweşeýin — diýipdir.

Onda kakasy şeýle diýipdir:

Sähraň ýumruk ýaly daşlary göýä,
Saçlary syrylan kellä meňzeýä.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Duşman bilen duşmagy arzuw etmäň, Alladan asudalyk diläň. Eger duşman

---

[1] 5-nji hijri ýylynda bolup geçen gazawat.

bilen garşylaşsaňyz sabyr ediň we biliň, hakykatdan hem jennet gylyçlaryň kölegeleriniň aşagyndadyr».

* * *

Keýhysrow şeýle diýipdir: «Söweşde iň uly ýalňyşlyk ýaraşyk islemekdir».

* * *

Anuşirwan şeýle diýipdir: «Wagtynda gaçmak ýeňişdir».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Duşmanyň bakyşlary-ok, sözleri-zäher».

* * *

Amr ibn Leýs[1] esgerlerini gözden geçirip duran eken. Şol wagt hor atyň üstünde bir adam geçip barýan eken.

Amr:

— Alla şulara lagnat etsin. Olar atlaryna seretmän, olary ulanyp, onuň arkasy bilen aýallaryny semredýärler — diýipdir.

Onda ol adam:

— Eý, emir! Eger sen meniň aýalymy görseň, onda onuň meniň atymdan hem has hordugyny görersiň — diýipdir.

---

[1] Amr ibn Leýs Saffar – serkerde. 265-nji hijri ýylynda dogany Ýakup Leýsiň wepatyndan soňra, Horasana, Yspyhana, Sistana, Sinde we Kermana Halypa Mugtemit tarapyndan häkim bellenýär. Mugtemit 271-nji hijri ýylynda ony Bagdadyň şihneligine belläpdir. 279-njy hijri ýylynda Mugtemidiň wepatyndan soňra, Halypa Mugtezyt ony ýene Horasana häkim belläpdir we 284-nji hijri ýylynda Reýi hem oňa beripdir. Soň ony Mawerannahra belläpdir. Onuň bilen Ysmaýyl ibn Ahmet Samanynyň arasynda uly söweş ýüze çykyp, Samanynyň ýeňşi bilen gutarypdyr. Ibn Leýs bu söweşde ýesir düşüpdir we 287-nji hijri ýylynda Bagdada getirilip, tussag edilipdir. 289-njy hijri ýylynda hem zyndanda wepat bolupdyr.

Amr onuň sözüne gülüp, oňa daýaw bir at bermäge buýruk beripdir we oňa:

— Munuň bilen atyňy we aýalyňy semret — diýipdir.

* * *

Abbat ibn Hasyn örän edermen adam eken. Ondan:

— Sen duşmanyň bilen nähili galkanda duşuşmak isleýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Eglenýän ajal galkany bilen — diýipdir.

* * *

Ölüme tarap ineriň ýöreýşi ýaly ýöräň, duşmany ýyldyzlaryň dargaýşy ýaly dargadyň.

* * *

Hezreti Omara «Şäherleriň açary» diýipdirler. Sebäbi ol köp şäherleri basyp alypdyr.

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Allanyň dostlarynyň ellerindäki Allanyň gylyçlary barada näme pikir edýärsiňiz? Alla olara asmandan kömek eder, olary duşmanlarynyň başyna musallat eder»

* * *

Eger gylyçlar salamlaşsalar, ölüm agzyny açar. Käwagt ýowuz günler hem terbiýe berýändir.

* * *

Resulalla Uhut söweşi güni Abdylla ibn Jahşa[1] söweşmek üçin ýapraksyz hurma agajyny beripdir. Ol eli gylyçly gaýdyp gelipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) hyzmatkärine şeýle diýipdir: «Eý, Gammar! Wagşy ýyrtyjyny aýyplama, ýagny zalymyň eline düşseň ölümden sypmarsyň».

* * *

Ibn Rumy türkmenler hakda şeýle diýipdir:

Olaryň sanlary biçak köp hetden,
Ok-ýaýlary bolsa artyk her kesden

* * *

Mahraz Kätip[2] şeýle diýipdir:

Beýik Hakyň milleti - türkmen bolan düri bar,
Döwrüň oruntutarlaryn gylyçlap dep etdiler.
Kast etdiler öz mülkünde ol halypa Japara,
Ynsanlaryň ählisine gorky lybas atdylar.

* * *

Bu iki şygry Mustagyn öldürilenden soňra, Buga Türkmen aýdypdyr. Halypa Mugtez oňa on müň dinar, bir gyrnak we zer çaýylan tuwulga beripdir.

[1] Abdylla ibn Jahş ibn Ryýat ibn Ýuammer Esedi – sahaba. Uhud söweşinde şehit bolup, Hamza bilen bir guburda ýerlenipdir.
[2] Mahraz Kätip – halypa Mustegynyň döwründe ýaşap geçen şahyr.

* * *

Süleýman ibn Abdylmäligiň ýanyna birnäçe ýesir getiripdirler. Ol Farazdaga[1] olaryň biriniň kellesini kesmegi buýrupdyr. Farazdak gylyjy saljak bolanda gylyç elinden sypypdyr. Ýesir hem ýüzüni çytyp gorkupdyr. Süleýman we ýanyndakylar muňa gülşüpdirler. Jerir[2] munuň üçin ony ýaňsylapdyr. Farazdak hem özüne bahana tapyp şeýle diýipdir:

Ynsanlaryň hojaýyny, bulutlar bilen bereket berilýän,
Allanyň halypasyny güldürmegim, ynsanlaryň göwnüne ýaraýarmy?.
Gylyjym ýesirden gorkyma we aljyranyma elimden sypmady,
Ýöne ýazgyt gijä galdy. Iki eliňi ýaňky gylyjy gysanyň bilen,
Ölüm onuň ýazgydyndan öňe geçmez.

* * *

Halyt ibn Welit[3] syrkawlap, ölüm düşegine ýatyrka şeýle diýipdir: «Men niçeme söweşiji esgerler bilen garşylaşdym. Meniň tenimde gylyç bilen urulmadyk bir garyş ýer ýa-da ýaýdan atylan okdan ýaňa çişmedik ýer galmady. Indi men garry eşekler ýaly düşegimde öz ajalyma ölmeli bolýaryn, men Alla ýolunda söweşip ölmegi arzuw edýärdim».

Soň bolsa: «Gorkaklaryň gözüne uky gelmesin» diýipdir.

---

[1] Human ibn Galyp ibn Sagsaga Temimi Darymy Abu Farys – basraly şahyr. Farazdak lakamy bilen meşhur bolupdyr. Yslam şahyrlarynyň birinji gatlagyndan hasaplanypdyr. 110-njy hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Jerir ibn Utýe ibn Huzeýf Hatfy ibn Bedr Kelbi Ýerbugy - temim ogullary taýpasyndan bolan şahyr. 28-nji hijri ýylynda Ýemamada dünýä inipdir we 110-njy hijri ýylynda hem wepat bolupdyr.

[3] Halyt ibn Welit – Allanyň gylyjy lakamly sahaba we köp ýerleri eýelän serkerde.

* * *

Amr ibn Utbe ibn Farkat[1] gazawat edip ýören eken. Olar bir şäheri gabapdyrlar. Ol egnine täze ak köýnek geýip çykyp, kakasyndan:

— Bu köýnekden has gowy zat näme? — diýip sorapdyr.

Kakasy:

— Ýüpekden ýektaý — diýipdir.

Onda Amr:

— Meniň üçin onuň üstünde ganymy akdyrmakdan gowy zat ýok — diýipdir. Soň hatardan çykyp, namaz okap, doga-dileg edipdir.

Kakasy:

— Amr Rebbinden meniň üçin şepagat isleýär. Eý, oglum! Eger şehit bolmagy arzuw edýän bolsaň, mün atyňa — diýipdir.

Ol hem atyna münüp, söweşe gidipdir we şehit bolupdyr. Gany hem onuň köýneginiň üstüne akypdyr.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Allanyň iň gowy görýän damjasy özüniň (Allanyň) ýolunda akan gandyr ýa-da Alladan gorkulyp, gijäniň ýarynda gözden akan ýaşdyr».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Resulalla haçanda biz Haýbara[2] ýetenimizde: «Allahu ekber. Haýbar weýran boldy. Biz eger kimleriň topragyna girsek, onda duýduryş berlenleriň hasaby erbet bolar» diýdi».

---

[1] Amr ibn Utbe ibn Farkat Summi Kufy - meşhur hadys rowaýatçysy. Onuň kakasy Utbe ibn Farkat sahaba bolupdyr.

[2] 6-njy hijri ýylynda ýehudylaryň ýeňilmegi bilen gutaran gazawat.

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Öýleden ozal ýa-da öýleden soň ýekeje gezek Alla ýolunda gazawada çykmak dünýäden we onda bar bolan hemme zatdan haýyrlydyr».

* * *

Ibn Mesgut[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Şehitleriň ruhlary ýaşyl guşa öwrülýändir. Olaryň arşdan asylyp duran çyralary bardyr. Olar jennetde islän ýerlerinde uçýarlar. Soň ýene-de şol çyralara gaýdyp gelýärler».

* * *

Bir adam Abdylla ibn Kaýsyň: «Resulalla şeýle diýipdir: «Hakykatdan hem jennet gylyçlaryň kölegeleriniň aşagyndadyr» diýýändigini eşidipdir.

Onda ýaňky adam:

— Eý, Abu Musa, sen Resulallanyň ýaňky aýdan sözüni eşitdiňmi? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Hawa — diýipdir.

Ol dostlarynyň ýanyna gaýdyp gelip: «Size salamatlyk arzuw edýärin» diýipdir-de, gylyjyny gynyndan çykarypdyr.

Soň gylyjy bilen duşmanyň üstüne eňipdir we tä öldürilýänçä söweşipdir.

---

[1] Ibn Mesgut – Abu Abdyrahman Abdylla ibn Mesgut ibn Gapyl ibn Habyp Hezeli. Mekgede yslama ilkinji giren sahabalaryň biri. Mekgede Gurhany ilkinji bolup açyk ýerde köpçüligiň öňünde okan. 32-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

* * *

Enes ibn Mäligiň[1] kakasynyň dogany Enes ibn Nadr Bedr güni şehit bolmandyr. Ol gynanyp, şeýle diýipdir: «Ilkinji şehit edileni Resulalla gördi. Meniň oňa gözüm gitdi, käşgä Alla meni şehit edilen hökmünde oňa görkezsedi».

Haçanda Uhut güni bolanda ol: «Jennetiň ysy nähili oňat. Men ony Uhutsyz alýaryn» diýipdir we tä öldürilýänçä söweşipdir. Onuň endamynda segsen töweregi gylyç urgusynyň ýarasyny we çiş görüpdirler. Onuň aýal dogany Rabyg binti Nadr: «Men ony diňe barmaklarynyň ujundan tanadym» diýipdir.

* * *

Abu Mälik Eşgary Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim Alla ýoly üçin öýünden çyksa, ölse ýa öldürilse, aty ýa-da düýesi ony ýere ýykyp, boýnuny oňursa, ýa zäherli ýylan çaksa, ýa ýatyp düşeginde ölse, ýa Allanyň halan ölümi bilen ölse ol şehitdir. Onuň jaýy jennetdir».

* * *

Fadale ibn Ubeýd Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Her bir öleniň amaly ölçenýär, diňe Alla ýolunda ölen şehit muňa degişli däldir. Sebäbi onuň amaly kyýamat gününe çenli köpeldilýär. Şeýle hem ol gabyr azabyndan hem azatdyr».

---

[1] Enes ibn Mälik ibn Nadr ibn Damdam Ensary - Medinäniň hazreç taýpasyndan bolan sahaba. Muhammet alaýhyssalamyň hyzmatkäri. 93-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Basrada ýogalan iň soňky sahabadyr.

* * *

Abu Umama Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim gazawat etmän we gazawat etmegi arzuw etmezden ölse, ikiýüzlülikden bir görnüş hökmünde ölen hasaplanar».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Müşriklere garşy mallaryňyz, janlaryňyz we dilleriňiz bilen söweşiň».

* * *

Ukbe ibn Amyr şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň münberde durup: «Eý, iman edenler! Olara garşy güýjüňiziň ýetdigi mukdarynda, Allanyň duşmanyny we siziň duşmanlaryňyzy we bulardan başga-da Allanyň bilip, siziň bilmeýän zatlaryňyzy gorkuzmak üçin kuwwat we söweş atlaryny taýýarlaň»[1] aýatyny okandygyny eşitdim.

Aýatda geçen «kuwwat» sözüni «Biliň, kuwwat atmakdyr» diýip gaýtalady.

* * *

Ukbe ibn Amyr şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň: «Allatagala bir ok sebäpli, üç kişini jennete salar. Olaryň biri oky ýasan kişidir eger ol muny haýyr maksady bilen ýasan bolsa. Ikinjisi oky atan kişidir. Üçünjisi oky atana getirip beren kişidir. Atyň, münüň. Men siziň ok atmagyňyzy münmegiňizden has gowy görýärin. Ähli güýmenje batyldyr. Güýmenjeleriňiziň içinde diňe üç zada rugsat bardyr: bir kişiniň atyny seýislemegine, maşgalasy bilen näz-kereşme

[1] Gurhanyň «Enfal» süresiniň 60-njy aýaty.

etmegine we ýaý bilen ok atyp, atylan oklary ýygnamagyna. Bular Hakdandyr. Kim öwreneninden soňra atmagy ýigrenip terk etse, bilsin, ol bir nygmaty terk edendir ýa-da bu nygmata gadyrsyzlyk edendir» diýendigini eşitdim».

* * *

Fukaýma Lahmy şeýle diýipdir: «Men Ukbe ibn Amyra:

— Sen garran bolsaň-da, atyjylygy öwrenjek bolup, iki nyşananyň arasynda gatnaýarsyň, bu saňa agyr düşünmeýämi — diýdim.

Ol maňa:

— Eger Resulalladan eşiden bir sözüm bolmasady, özümi bu kynçylygyň içine atmazdym. Men Resulallanyň şeýle diýendigini eşitdim: «Kim atyjylygy öwrenip, soň ony taşlasa bizden däldir» — diýdi.

* * *

Sehl ibn Huneýf Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim çyn ýürekden Alladan şehit bolmagy dileg etse, eger ol düşeginde ölen bolsa hem Alla ony şehitleriň derejesine ýetirer».

* * *

Jabyr şeýle diýipdir: «Biz Resulalla bilen gazawatda gezip ýördük. Ol şeýle diýdi: «Şu wagt Medinede birnäçe adamlar bar. Olar siziň geçen ýerleriňizde we geçen jülgeleriňizde siziň ýanyňyzdadylar. Olara syrkawlyk böwet bolýar Syrkaw ýatan adam eger gazawady arzuw etse, onyň sogabyna eýe bolar».

* * *

Abu Musa şeýle diýipdir: «Resulalladan batyrgaýlyk, at-abraý we göz üçin söweşýän söweşijiler barada:

— Bularyň haýsysy Allanyň ýolundadyr? — diýlip soraldy.

Resulalla:

— Kim Allanyň kelamy beýgelsin diýip söweşýän bolsa, ol Allanyň ýolundadyr — diýdi».

* * *

Abdylla ibn Amr[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Alla ýolunda jyhada çykyp, söweş eden we sag-salamat olja bilen gaýdyp gelen goşun ahyretde beriljek derejäniň üçden ikisine bu dünýäde gowşar. Hiç hili olja almadyk, howply ýagdaýlary başdan geçiren we kynçylyklara sezewar bolan goşun bolsa, ahyretde doly derejä eýe bolar».

* * *

Isgender goşunyny gözden geçirip duran. Goşunyň hatarynda aty agsak bir adam bar eken. Ol ony hatardan çykarmagy emr edipdir. Onda ýaňky adam gülüpdir. Onuň gülküsi beýlekileri hem güldüripdir.

Isgender oňa:

— Sen näme gülýärsiň, men seni hatardan çykarjak bolýaryn — diýipdir.

Onda ol:

---

[1] Abdylla ibn Amr ibn As - sahaba. Kakasyndan öň musulman bolupdyr. Hat-sowat we surýany dilini bilipdir. Resulalla oňa özüniň aýdýan zatlaryny ýazmaga rugsat beripdir. Ol köp söweşlere gatnaşypdyr. Ol iki gylyç bilen söweşer eken. 65-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr. Muhammet alaýhyssalamdan 700 sany hadys rowaýat edipdir.

— Saňa haýran galýaryn — diýipdir.

Isgender:

— Näme üçin? — diýipdir.

Ol adam:

— Seniň astyňda ýüwrük bar, mende bolsa agsak ulag bar, ýagny sen gaçyp bilersiň, emma men gaçmaryn, emma onda-da meni hatardan çykarjak bolýarsyň? — diýdi.

Isgender onuň sözüne haýran galypdyr we hatardan çykarmandyr.

* * *

Mugan ibn Zaýyda goşunyna ýarag paýlapdyr. Esgerleriň birine erbet gylyç düşüpdir.

Ol:

— Alla seniň işiňi oňuna etsin, Eý, emir, maňa başgasyny ber — diýipdir.

Onda emir:

— Al, sebäbi onuň hem ýerine ýetirýän wezipesi bolar — diýipdir.

Onda esger:

— Oňa hiç haçan kesmezlik wezipesi berlipdir — diýdi.

Emir hem gülüp, oňa başgasyny beripdir.

* * *

Ýigrimi müň ýigdiň içinde diňe,
Batyr şoldur – eger kim çyksa öňe.

* * *

Uteýbe Medeniden sorapdyrlar:

— Sen näme üçin gazawada gitmeýärsiň?

Ol hem:

— Men öz düşegimde ýatyp ölmegi has gowy görýän. Ol maňa nähili gowy ýaraýar? — diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Ynsanda bolan iň erbet zat aşa gysgançlyk we güýçli gorkudyr».

* * *

Ubeýdylla ibn Zyýat Hezreti Hüseýini öldürene lagnat okapdyr. Çarwa arap bu barada: «Serediň bu pedernälete, nädip öz pygamberiniň agtygyny öldürdi?» diýipdir.

* * *

Omar ibn Abdyleziz şeýle diýipdir: «Eger men Hüseýiniň öldürilmegine gatnaşan bolsam we maňa jennete gir diýlen bolsa, Muhammet alaýhyssalamyň gözüne görünmekden utanyp girmezdim».

* * *

Hezreti Äşä Hezreti Hüseýiniň ölüm habary getirilende, ol gaty gynanypdyr we şeýle diýipdir: «Ol Jemel güni[1] meniň toparyma garşy çykypdy».

* * *

Mejnundan:

— Bu ymmatyň halas bolmagy üçin haça gerilmäge begenermidiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

[1] Jemel güni – Hezreti Aly bilen Hezreti Äşäniň arasynda bolup geçen söweş. Oňa «Düýe söweşi» diýlipdir.

— Ýok. Ýöne bu ymmatyň meniň halas bolmagym üçin haça gerilmegine begenerdim — diýip jogap beripdir.

* * *

Dawut ibn Aly[1] Hyjazda emewileriň neberesinden bolanlary öldürmekde aşa gidende, Abdylla ibn Hasan oňa: «Eý, agamyň ogly! Eger sen öldürmekde has aşa gitseň, onda seniň soltanyň ýanyndaky garşydaşlaryň soň seniň başyňa ýeterler» diýipdir.

* * *

Bureýde Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Bir mömininiň öldürilmegi Allatagalanyň ýanynda dünýäniň ýok bolmagyndan hem has uludyr».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Kim Allanyň binalaryny ýyksa (ýagny kim nähak ýere adam öldürse), ol melgundyr».

* * *

Abul Apbas Seffah[2] Süleýman ibn Hyşam ibn Abdylmäligi[3] we iki ogluny ýanyna getirdipdir. Şahyr Sedis:

Ol özüni sarsmaz soltan saýýardy,
Apbasly jellatlaň öňüne geldi –

---

[1] Dawut ibn Aly ibn Ubeýdylla ibn Apbas ibn Abdylmuttalyp – apbasy halypalary Seffahyň we Mansuryň kakasynyň dogany. Seffah ony Kufäniň häkimligine belläpdir. 81-nji hijri ýylynda dünýä inipdir we 133-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[2] Abdylla ibn Muhammet ibn Aly Seffah - ilkinji Apbasly halypasy.

[3] Süleýman ibn Hyşam ibn Abdylmälik - emewi serkerdesi. Ol hem özüni emewi halypasy yglan edipdir.

diýip, başlanýan şygry aýdyp başlanda, Abul Jehm Hursa[1] olaryň kelleleriniň kesilmegini emr edipdir. Seffah oňa: «Öňürti iki oglunyň kellesini al. Olaryň ölümini görsün» diýipdir. Ol hem ikisiniň kellesini, soň bolsa onuň kellesini alypdyr.

* * *

Abu Zekkar Magny[2] şeýle gürrüň beripdir: «Men Japar ibn Ýahýa Barmakynyň[3] ýanyndadym. Ol menden şu setirlerimi aýdyp bermegimi haýyş etdi:

Özüňden daş tutma hyzmatkärleri,
Bu gün-ertir olaň döwrany geler,
Gorkup, ykbalyňy eýleme pida,
Ähli kowmuň pida etdigiň bolar.

Men heniz sözümi gutaryp-gutarmankam, içeri Mesrur[4] girdi.

Japar oňa:

— Näme boldy? — diýdi.

Ol:

— Seniň kelläňi almaga geldim — diýdi.

Onda Japar:

— Özünden başga Hudaý bolmadyk Alla we saňa şaýat bolýaryn. Eý, Abu Zekkar we saňa şaýat bolýaryn, Eý, Mesrur, ähli gullar azatdyr, meniň ähli malym sadakadyr, meniň kimde

[1] Abul Jehi Kelbi - Abu Müslim Horasanynyň dostlaryndan we Saffahyň iň ýakyn adamsy.
[2] Abu Zekkar Agma Keluzany - bagdatly edebiýatçy alym. Japbar Barmakynyň şahyry.
[3] Japar ibn Ýahýa Barmaky – Harun Reşidiň weziri.
[4] Abu Haşym Mesrur – Barmakynyň we Harun Reşidiň hyzmatkäri. Reşit oňa Barmakyny öldürmegi tabşyrýar.

hakym ýa-da amanat zadym bar bolsa olary geçýärin. Gel, özüňe emr edilen işi ýerine ýetir — diýdi.

Ol hem gelip, onuň başyny kesip çykyp gitdi.

* * *

Hüseýin ibn Alynyň gubry Kerbeladadyr. Onuň kellesi bolsa, Damask metjidiniň sütünleriniň başyndadyr.

* * *

Abdylla ibn Amr Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Dünýäniň ýykylyp ýok bolmagy Allatagala üçin bir musulmanyň ganynyň dökülmeginden has ähmiýetsizdir».

* * *

Abu Müslim Horasana öňki inen kitaplarda: «Kim gylyç bilen gelse, gylyçdan hem öler» diýip ýazylgydygyny aýdypdyrlar. Ol: «Gylyçdan ölmek meniň üçin hekimleriň meniň derdim barada jedelleşmesinden we dert çekip däri-derman içmekden has oňatdyr» diýipdir. Muny Mansura habar beripdirler. Ol: «Ol nähili isleýän bolsa ölümini hem şonuň bilen gabatlaň» diýipdir.

* * *

Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) Uhut gününi ýatlanda: «Uhut güni iň köp sogaby alan Talha[1]» diýer eken.

---

[1] Talha ibn Ubeýdylla ibn Osman Teými Kuraýşy Abu Muhammet - sahaba. Jennet bilen buşlanan 10 kişiniň biri we yslama ilkinji giren 8 kişiniň biri. Şeýle hem 6 sany maslahat agzasynyň biri bolupdyr. Uhut, Hendek we beýleki söweşlere gatnaşypdyr. 36-njy hijri ýylynda Jemel söweşinde öldürilipdir we Basrada jaýlanypdyr. 38 hadys rowaýat edipdir.

Munuň sebäbi hem sahabalar Resulallanyň ýanyndan giden wagtlary Talha ibn Ubeýdylla onuň ýanynda galypdy. Onuň eline ok degipdir we ýaralanypdyr. Ol onuň bilen Resulallanyň ýüzüni goraýar eken. Ol ýetmiş töweregi ýara, urgy we çiş alypdyr.

* * *

Kaýs ibn Abu Hazm şeýle diýipdir: «Men Sagt ibn Abu Wakgasyň: «Alla üçin ilkinji ok atan arap mendirin» diýýändigini eşitdim».

* * *

Abu Sufýan[1] Mekgäniň eýelenen güni musulman bolupdyr we şeýle diýipdir:

Lat atyn ýeňende Muhammet aty,
Soňy garaňkylyk bolan wagtynda,
Dogry ýola düşdüm, dogry ýoly tapdym,
Gören günlerimiň iň bir gowusy,
Ömrümiň haky üçin berlen bagtymda,
Ýoly görkeziji görkezdi ýolum —
Haka tarap gitdim özgeler bilen,
Ykbalym eçilen tylla tagtynda.

Soň Resulalla ondan:

— Eý, Abu Sufýan, sen meni kowjakmy? — diýip [degip] sorapdyr.

Ol:

— Estagpyrylla, eý, Allanyň resuly — diýipdir.

[1] Abu Sufýan – Mugawyýanyň kakasy.

* * *

Resulalla Tebuk[1] ýörişine gidipdir. Abu Heýseme atly bir sahaba bu ýörişe çydaman yzyna-öýüne gaýdypdyr. Onuň iki aýaly bar eken. Aýallary onuň gelendigini görüp, oňa dürli miwelerden alyp, kölegede saçak ýazyp beripdirler. Ol bu ýagdaýy görüp, öz-özüne: «Uzyn kölegeler, ter miweler, näzenin aýallar, sowuk suwlar. Resulalla bolsa gyzgynyň, çölüň, ýeliň we epgediň içinde Bu maňa haýyr däldir» diýipdir we atyna atlanyp onuň yzyndan gidipdir. Resulalla ony göreninden, oňa elini uzadyp: «Eý Allam bu kişini , Abu Heýseme et» diýipdir.

* * *

Çarwa arap Ýemene häkim bellenipdir. Ol ýehudylary we hristianlary ýygnap, olardan:

— Siz Isa pygamber barada näme diýýärsiňiz? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Ony öldürdik we haçdan asdyk — diýipdirler.

Onda ol:

— Siz tä Isa pygamberiň hununy töleýänçäňiz, zyndandan çykmarsyňyz — diýipdir.

* * *

Sokratdan sorapdyrlar:

— Näme üçin kanunlaryňda öz kakasyny öldüreniň jezasy barada hiç zat agzamansyň?

Ol hem:

— Men onuň ýaly zadyň bolýandygyny bilmeýärdim — diýipdir.

[1] Tebuk ýörişi - 9-njy hijri ýylynda edilen ýöriş.

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Duşmanyň hiç bir işini kiçi görme. Sen, eger ýeňseň, öwünme, asgyn gelseň, bahana tapma».

* * *

Amr ibn Halza[1]şeýle diýipdir:

Kişi abraýyn görmedim hiç pes,
Belki, onuň abraýy galar has.

* * *

Ibn Rumy şeýle diýipdir:

Emri taýyn, saňa çenär okuny,
Eger ölümiňe seretseň göni.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Nähak ýere gan dökmekden daş dur. Sebäbi ol azap çekmäge sebäp bolan günä bolup durýandygy sebäpli, nygmatyň gitmegine, baýlygyň ýitmegine ondan has uly sebäp bolan başga zat ýokdur. Onuň bilen deňäp boljak başga uly günä ýokdur. Gan dökenleri kyýamat gününde hut Allanyň özi hasaba çekjekdir».

---

[1] Amr ibn Halza Ýekşeri - jahylyýet döwründe ýaşap geçen.edebiýatçy we şahyr.

* * *

Urwe ibn Zubeýr dogany Abdylla öldürilenden soň, Abdylmäligiň ýanyna gelip, ondan kakasy Zubeýriň gylyjyny özüne bermegini sorap:

— Ol gylyjy maňa gaýtaryp ber. Sebäbi ol gylyç Resulallanyň Huneýn[1] gününde oňa beren gylyjydy — diýipdir.

Abdylmälik oňa:

— Sen ony tanarsyňmy? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Hawa — diýipdir.

Abdylmälik:

— Näme bilen tanarsyň? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Seniň kakaň gylyjynda ýok bolan zat bilen, ony şahyryň şu sözleri bilen tanaryn — diýipdir:

Onda kemçilik ýok, bar onda diňe,
At toýnagynyň sesi üns berseň siňe.

Şondan soň Abdylmälik gylyjy beripdir.

* * *

Hassan[2] şeýle diýipdir:

Ýalan sözleýän bolsaň gürrüň berýän zadyňda,
Halas biz Harys ibn Hyşamyň[1] bolşy ýaly.

---

[1] Huneýn güni – hijriniň 8-nji ýylynda bolup geçen söweş.

[2] Hassan ibn Sabyt ibn Munzyr Hazreji Ensary — Resulallanyň şahyry. Jahylyýeti we yslamy görenleriň biri. Yslamdan öň ol Gassanylary taryplap şygyr ýazar eken. 54-nji hijri ýylynda Medinede wepat bolupdyr.

Dinini, musulmana garşy urşy terk etdi,
Aty uýany bilen halas bolandyr doly.

Harys ibn Hyşam Bedr gününde müşrikleriň tarapynda bolupdyr. Soň olardan gaçyp gidipdir we Mekgäniň ýeňşi güni musulman bolupdyr. Hezreti Omaryň halypalyk döwründe maşgalasy we mal-mülki bilen Şama gidipdir. Mekgeli aýal-erkekleriň, çagalaryň köpüsi onuň yzyna düşüpdirler. Olaryň aglaşýan sesleri asmana galypdyr. Ol hem aglap: «Eger men öýi öý bilen, goňşulary goňşular bilen çalyşmaly bolsam, muny hiç haçan siz bilen çalyşmazdym, sizden aýrylmazdym. Ýöne men Alla üçin gidýärin» diýipdir. Ol tä şehit bolýança Şamda Allanyň ýolunda söweş edip geçipdir.

Onuň Şama göçmegine şeýle waka sebäp bolupdyr: Ol we Suheýl ibn Amr Hezreti Omaryň ýanyna barypdyrlar. Olar onuň ýanyna girjek bolup, garaşyp oturypdyrlar. Omar hem olaryň ikisini görüp otursa-da, muhajyrlary we ensarlary öňürti kabul edip, olary yza goýupdyr. Hatda iň soňuna galypdyrlar.

Harys Suheýle:

— Sen Omaryň edýän işini görýärsiňmi? — diýipdir.

Onda Suheýl oňa:

— Eý, Harys, sen oňa gaharlanma. Biziň bu gaharymyzy özümize gönükdirmegimiz gerek. Haçanda olar yslama çagyrylanda howlugyp geldiler, bizi çagyrdy, emma biz has gijikdirdik — diýipdir.

Soň olar Omara:

[1] Harys ibn Hyşam ibn Mugyra Mahzumy Abu Abdyrahman - sahaba. Onuň jahylyýet döwründe hem, yslam döwründe hem uly abraýy boludyr. Bedr söweşinde müşrikleriň tarapynda bolup, Mekgäniň ýeňşi güni musulman bolupdyr. 18-nji hijri ýylynda Hezreti Omaryň halypalyk döwründe wepat bolupdyr. Abu Jehl ibn Hyşamyň dogany.

— Biz seniň bize bolan garaýşyňy bildik. Biz indi üçin nädip abraý-hormat gazanmaly? — diýipdirler.

Onda ol:

— Men diňe ýekeje ýol bilýärin. Ol hem Rum serhedinde jyhat etmek — diýipdir. Olar hem şundan soň Şama gidipdirler.

* * *

Mugawyýa bir gezek Eýmen ibn Harym Esedini söweşe çagyrypdyr. Ol bolsa oňa: «Meniň kakam we agam Resulallanyň sahabalarydy we olar maňa, iki musulman söweşse ýaraşdyrmagy emr etdiler» diýipdir we şu şygry okapdyr:

Kuraýyşdan başga adama doga edýäni halamok,
Nesip etsin öz soltany, bar meniň öz borçly ýerim.
Düşünjesiz, akmaklykdan sygynýaryn Biribara,
Bir bigünä musulmany öldürerinmi men heý-de,
Şeýle etsem ömürboýy ökünerin, ökünerin.

* * *

Bir gezek Jebraýyl perişde Resulallanyň ýanyna gelip, şeýle diýipdir: «Eý, Muhammet! Seniň Mugtada[1] öldürilen sahabalaryň hemmesi jennete girdiler. Allatagala Japara iki sany ak ganat berdi. Onuň iki aýaklary ganlary bilen boýalan, kellesinde lagly-jöwherden täç bar. Ol şeýle görnüşde jennetde perişdeler bilen uçup ýör».

[1] Mugta söweşi – 8-nji hijri ýylynda rumlylar bilen bolup geçen söweş.

* * *

Resulalla Huneýin söweşinde alty müň sany gul-gyrnak ýesir alypdyr. Abu Sufýan ibn Harby olara ýolbaşçy belläpdir.

* * *

Sagyt ibn Museýýep kakasyndan şeýle gürrüň beripdir: «Ýermuk[1] söweşinde sesler ýitipdi. Musulmanlar bilen rumlular biri-birine garyşypdy. Bir adamyň gygyrýan sesi eşidilýärdi: «Eý, Allanyň kömegi, ýakynlaş». Seretsek, ol Abu Sufýan eken».

* * *

Halypa Mamun dogany Emin ölenden soňra, onuň ejesi Zübeýdanyň ýanyna gynanç bildirmek üçin gelipdir. Ol aglapdyr we onuň ölüminde özüniň günäsiniň ýokdugyny bildiripdir. Şeýle hem öýle naharyny onuň bilen iýjekdigine söz beripdir. Nahardan soňra Eminiň gyrnaklarynyň biri hiňlenip çykypdyr. Ol özüniň ýalňyz galandygyna yşarat edip, Welit ibn Ukbanyň şu sözlerini okapdyr:

Ol Kesra ähtiýalanlyk edişi dek mürzeleriniň,
Olar öldürdiler ony aljak bolup mekanyny.
Öldüren kim bolsa bolsun, biziň üçin parhy ýokdur,
Biziň üçin des-deň ahyr tutan ýa alan janyny.

[1] Ýermuk söweşi – rumlular bilen bolan söweş.

# ALTMYŞ BIRINJI BAP

## BIWEPALYK, JENAÝATÇYLYK, OGRULYK, KEZZAPLYK, GEP GEZDIRMEK WE SYR PAŞ ETMEK HAKYNDA

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Biwepalyk edeniň üstünde kyýamat güni bir baýdak dikiler we oňa: «Bu pylan kişä biwepalyk etdi» diýiler».

* * *

Äşe Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Musulman özüne ynanylan zada jogapkärdir, ýagny amanada wepalydyr. Hatda bir gyrnak hem olaryň garamagyna goýulsa, onuň bilen öwünmezler. Sebäbi kyýamat gününde her bir biwepanyň baýdagy bardyr».

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Resulalla däne satyp duran bir kişiniň ýanyna bardy we ondan gallany nähili satýandygyny sorady. Ol hem nädip satýandygy hakda gürrüň berdi. Şol wagt Allatagala Resulalla elini dänäniň içine sokmagy wahyý etdi. Ol hem elini sokup gördi, görse ol çyg eken. Resulalla: «Kim hile-aldaw etse bizden däldir» diýdi».

* * *

Bir patyşa başga bir patyşanyň dostuna:

— Dostuň syrlaryny maňa aýt — diýipdir.

Onda ol:

— Sen muny maňa diýýärsiňmi? Eger bir kişi wepasyzlykdan bir käse datsa, wepadarlygyň ähli sogaplary onuň daşyna jemlense-de, onuň öwezini dolduryp bilmezler. Biwepanyň erbetlikde tutulmagy we agzalanda ýigrenilmegi muňa böwet bolar — diýipdir.

* * *

Mälik ibn Dinar şeýle diýipdir: «Hyýanat hökmünde özüňi hyýanatdan emin hasaplamak ýeterlikdir».

* * *

Yslamda eden ýagşylygy üçin bigadyrlyk edilip, iki kişi öldürildi. Abdylmälik ibn Merwan Amr ibn Sagyt Eşdegi, Halypa Mansur bolsa Abu Müslim Horasanyny öldürdi.

* * *

Bir adamyň soňky deminde «Otdan iki dag, otdan iki dag» diýýändigini eşidipdirler. Onuň maşgalasyndan onuň edýän işi barada soraldy. Olar: «Onuň iki sany ölçeg daşy bardy. Olaryň biri bilen çekip berýärdi, beýlekisi bilen çekip alýardy» diýdiler.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eý, Allam, men senden açlykdan pena isleýärin, ol nähili erbet dostdur we senden hyýanatçylykdan pena isleýärin, ol nähili erbet ýoldaşdyr».

* * *

Ýene-de ol Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Mekiriň, hilegäriň we hyýanatkäriň orny otdadyr».

* * *

Az zada hyýanat eden köp zada hyýanat eden ýalydyr. Şonuň üçin hem Allatagala agyr zatlar we agyr ölçegler bilen gorkuzýandygy üçin, ownuk-uşak zatlar bilen duýduryş berdi.

* * *

Haçanda özüniň işiniň gaýdandygyny aňan emewileriň iň soňky halypasy Merwan ibn Muhammet kätibi Abdylhamyt Kätibe:

— Sen git-de, ol kowumyň, ýagny apbaslylaryň tarapyna geç. Seniň meniň garşymda maňa peýda getirmegiňi isleýärin — diýipdir.

Onda ol:

— Seniň pikiriňçe şeýle bolsa, adamlar näme bilmezler öýdýärmiň? Olaryň hemmesi meniň saňa biwepalyk edendigimi aýdarlar, meniň adym biwepa bolar ahyry — diýip, şu şygry okapdyr:

Meň wepalylygym aýdyň, şübhe ýok,
Maňa munuň üçin hiç hili bahana ýok.

Soň Abdylhamydy halypa Mansuryň ýanyna getirenlerinde, ol oňa: «Sen meni ýanyňda sakla, sebäbi men belagat ylmynda döwrüň ýeke-täk düri» diýipdir.

Emma Mansur ony diňlemändir we onuň öňürti iki elini, soň iki aýagyny, soň kellesini kesipdir.

* * *

Halypa Mansur hyýanat edendigi bilinen häkimleriniň birine:

— Eý, Allanyň we möminleriň emiriniň duşmany, Allanyň malyny iýdiňmi! — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, möminleriň emiri! Biz Allanyň bendeleri, sen Allanyň halypasy, mal hem Allanyň maly. Onsoň biz nähili hyýanat edip iýen hasaplanýarys? — diýipdir.

Mansur hem gülüp:

— Ony boşadyň we başga işe bellemäň — diýipdir.

* * *

Hezreti Abubekr Syddyk (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Kimde şu üç zat bolsa, olar onuň garşysynadyr: zulum, sözüňde durmazlyk we mekirlik».

* * *

Allatagala şeýle diýipdir: «Siziň zulumyňyz diňe siziň garşyňyzadyr[1]. Kim ähdini bozsa, diňe özüniň garşysyna ähdini bozdugy bolar[2]. Kişi öz gazan guýysyna diňe özi düşer»[3].

* * *

Abd ibn Ubeýt[4] bir gün üýşüp duran adamlaryň ýanyndan geçip barýarka, olardan:

— Bu nämäniň üýşmeleňi? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Soltan ogrynyň elini kesýär — diýipdirler.

---

[1] Gurhanyň «Ýunus» süresiniň 23-nji aýaty.

[2] Gurhanyň «Feth» süresiniň 10-nji aýaty.

[3] Gurhanyň «Fatyr» süresiniň 42-nji aýaty.

[4] Amr ibn Ubeýt ibn Ubeýdylla ibn Ubeýd ibn Umeýr - ynamdar hadys rowaýatçysy.

Ol:

— Lä ilähe illalla! Açyk ogry gizlin ogrynyň elini kesýär — diýipdir.

* * *

Isgender bir ogrynyň haça gerilmegini emr edipdir.

Onda ogry:

— Eý, hökümdar, men bu işi etmäge mejbur edildim — diýipdir.

Onda ol:

— Indi haça gerilmäge mejbur edilýärsiň — diýipdir.

* * *

Hilegär garakçy bir ogrynyň gubruna baryp: «Alla saňa rehmet etsin, sen gyzyl eşik, ýiti pyçakdyň. Deşik görseň, syçandyň, dyrmaşmaly bolsa, pişikdiň, uçmaly bolsa, deňiz guşudyň, eger urulsaň, ýerdiň, içilseň, guýudyň, ýöne bu gün sen erbet ýerde ýatyrsyň» diýipdir.

* * *

Şäherli biri köýnek ogurlapdyr. Ol ony satmak üçin ogluna beripdir. Ony oglundan hem ogurlapdyrlar. Ogly gelende, kakasy oňa:

— Näçä satdyň? — diýipdir.

Ogly:

— Alan ýerimize — diýip jogap beripdir.

* * *

Garyplyk (mätäçlik) – ogurlyga çagyrar.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Biwepalygyndan arkaýyn bolup biler kim böriniň,
Diňe onuň ýarany, bilýär ol özün goranyn.

* * *

Omar ibn Mehran hatynyň soňunda möhüriniň içine: «Eý, Allam, bu haty goraýanlardan özüň ony gora» diýip ýazar eken.

* * *

Hyzmatkäri hojaýynyna:

— Hojaýyn, eşek ogurlandy — diýipdir.

Onda ol:

— Üstünde özümiň bolmandygyma şükür edýärin — diýipdir.

* * *

Karylaryň we hadysçylaryň at-abraýlylaryndan bolan Şehr ibn Huşyp döwlet hazynasyna giripdir we ondan bir torbajyk dirhem alypdyr. Bu barada oňa şeýle diýlipdir:

Az pula öz diniňi satanyň barça biler,
Eý, Şehr, karylara kim bakar ynam bilen.

Soň bu waka «Şehriň torbajygy ýaly» diýen ýörgünli söz düzümi bilen ynsanlaryň mallaryndan gizlin bir zat alynanda aýdylmaga başlapdyr.

* * *

Ökde ogrular barada: «Eger ol Käbe bilen ýekme-ýek galsa, ony hem ogurlardy» diýipdirler.

* * *

Bir adam Anuşirwanyň mejlisinden altyn käse ogurlapdyr. Anuşirwan hem ony görüpdir. Saky haçanda onuň ýitendigini aňanda, ol:

— Hiç kim bu ýerden barlanman çykmaz — diýipdir.

Anuşirwan hem:

— Hiç kime degmäň. Ony inkär edip bilinmejek adam aldy we ony şugullamajak adam gördi — diýipdir.

* * *

Mugawyýanyň hazyna işgärlerinden bolan bir adam bir haltajyk dinar ogurlapdyr, ol hem muny görüpdir.

Hazynaçy:

— Hazynadan bir haltajyk dinar kem gelýär— diýipdir.

Onda Mugawyýa:

— Dogry aýdýaň, men-ä onuň eýesi, ony ogurlanam seniň gol astyňdaky kişi — diýipdir.

* * *

Bir adam Amr ibn Ubeýde:

— Abu Aly Eswary seniň adyňy agzap, «azaşan» diýip, birnäçe gezek gaýtalady — diýipdir.

Onda Amr:

— Eý, pylany! Sen bize onuň gürrüňini getireniňde, onuň abraýynyň hakyna hormat goýmadyň. Şeýle hem dostumdan onuň halamaýan zadyny maňa ýetireniňde, meniň hakyma hormat goýmadyň. Bilip goý, biziň hemmämiz öleris, kyýamat bizi bir ýere ýygnar, şonda Alla biziň aramyzda höküm eder — diýipdir.

* * *

Kim seniň ýanyňa gelip birini şugullasa, soň seni hem başga birine şugullaýandyr.

* * *

Töhmetçi bir kişi Isgenderiň ýanynda bir adamy ýamanlapdyr. Onda ol:

— Seniň maňa ol barada aýdýan zatlaryňy we onuň sen barada aýdýan zatlaryny biziň kabul etmegimizi isleýärsiňmi? — diýipdir.

Onda ol:

— Ýok — diýipdir.

Onda Isgender oňa:

— Onda senden hem uzaklaşar ýaly şerden uzak dur — diýipdir.

* * *

Bir adam pelsepeçä:

— Pylany seni şeýle-şeýle diýip ýamanlady — diýipdir.

Onda ol:

— Seniň bu binamyslygyň bilen duşuşmagym zerarly, onuň bilen duşuşmakdan utanýaryn — diýipdir.

* * *

Sen ikiýüzli mekirlere ynam bildirme, olar seniň bähbidiňe işleýän ýaly bolup, seniň garşyňa işleýändir.

* * *

Ibn Tasaryýe şeýle diýipdir:

Bizi ähli tarapdan gurşap aldy şugullar,
Olaryň ýalňyz birem biziň üçin ýeterlik.
Biz bir mejlis geçirsek lezzet alyp eger-de,
Pälleriniň mekanyna şugullarlar göterip.

* * *

Musgap ibn Zubeýr bir gezek özüne ýetirlen bir habar üçin gahar-gazaba münüpdir. Ahnef ibn Kaýs hem oňa ynanmazlygy maslahat beripdir. Onda Musgap:

— Maňa muny ynamdar kişi gürrüň berdi — diýipdir.

Ahnef:

— Ýok, beýle däl, Eý, emir, sebäbi ynamdar adam şugullamaz — diýipdir.

* * *

Rabyg ibn Heýsem 30 000 dirheme gazawata gitmek üçin at satyn alypdyr. Ol hyzmatkärini ony gezdirmek üçin iberipdir. Hyzmatkär hem aty daňyp, namaza durupdyr. Ol namaz bilen gümra bolup durka, ony ogurlapdyrlar. Ol: «Eý, Allam! Eger ol günäkär bolsa, oňa dogry ýoly görkez, eger garyp bolsa, ony baý et» diýip, üç gezek gaýtalapdyr.

* * *

Huzeýfe[1] şeýle diýipdir: «Şu wagt şeýle döwür geldi. Ynam bildirer ýaly hiç kim galmady. Eger ol musulman bolsa musulmançylygyna ynam ýok, eger hristian bolsa, işlerine ynam ýok. Men şu gün diňe pylan we pylana ynam bildirýärin».

* * *

Salyh ibn Abdyl Kuddus şeýle diýipdir:

[1] Huzeýfe ibn Hasen ibn Jabyr Abesi Abu Abdylla - sahaba. Ýeman Hasemi onuň lakamydyr. Omar ony Medaýyn şäherine häkim belläpdir. Köp ýeňişlere gatnaşypdyr. 36-njy hijri ýylynda Medaýynda wepat bolupdyr. Hadys kitaplarynda onuň adyndan 225 hadys aýdylýar.

Dostuň sögendigin kim aýtsa saňa,
Ýalandyr, hiç mahal ynanma oňa.
Bu zatlary saňa diýmez ahyr ol,
Binamys kim – mälim ahyr her kime,
Öz dostuňa nädip kömek etmejek,
Zulum edilende gorana diňe.

* * *

Jüneýt Bagdady şeýle diýipdir: «Görýän zadyňy gizlemek güman edýän zadyňy ýaýmakdan has gowudyr».

* * *

Abdyrahman ibn Awf şeýle diýipdir: «Kim erbet bir zat eşitse we ony ile ýaýsa, şol erbet işi onuň özi eden ýaly bolar».

* * *

«Ymraul Kaýsyň[1] dony» diýen düşünje asty şer we biwepalyk bolan, ýalan abraýa degişli ýörgünli tymsaldyr.

Ymraul Kaýs kakasyny öldürenlerden aryny almak üçin Kaýsardan kömek soramaga gidipdir. Ol hem oňa goşun beripdir. Ymraul Kaýs gidensoň, Kaýsar özüniň ýalňyşandygyny bilip, onuň yzyndan zäherlenen bir don iberipdir we ony geýmegini sorapdyr. Ymraul Kaýs ony geýensoň, endamyny ýara gurşap alyp, etleri gurap gaçypdyr.

* * *

Hadysda ýene şeýle diýlipdir: «Yslamda gapyllykda kast edip, adam öldürmek gadagandyr».

---

[1] Bu kişi jahylyýet döwrüniň meşhur arap şahyry Ymraul Kaýs däl.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Yslamda ganhorluk gadagandyr».

* * *

Yslamda ilkinji ganhor Hezreti Omary öldüren Mugyra ibn Şugbäniň hyzmatkäri Abu Luludyr[1]. Soň Amr ibn Şurmuz[2] Zubeýr ibn Awwamy öldüripdir, soň Abdyrahman ibn Muljem[3] Hezreti Alyny öldüripdir.

* * *

Çarwa arap bir adamy ýamanlap şeýle diýipdir: «Ynsanlar amanatlary az-azdan iýýärler, emma pylany bolsa ony owurtlap içýär».

* * *

Hazagynyň gyrnagy Ganaç maňlaýyna şeýle diýip ýazypdyr: «Eger hyýanat etsem, men guraýyn».

* * *

Günäsiz batyrdyr, hyýanatçy gorkakdyr.

* * *

Pähim-paýhaslaryň birinde şeýle diýilýär: «Ynamdar ynamlydyr, hyýanatçy haýyndyr».

---

[1] Piruz Mejusy Nehawendi - asly rumly bolup, soň musulmanlara ýesir düşýär.
[2] Amr ibn Şurmuz Kemimi Sagdy. Ol 36-njy hijri ýylynda Basra häkimi Zubeýde ibn Musgaby öldürýär.
[3] Hezreti Alyny öldüren ganhor.

# ALTMYŞ IKINJI BAP

## GAÝGY-GAM, MUŞAKGAT, KYNÇYLYK, BELA, GORKY, AGY WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Huzeýfe şeýle diýipdir: «Men hiç zat tapmadyk günümde, örän arkaýyn bolýardym. Sebäbi men Resulallanyň şeýle diýendigini eşitdim: «Hakykatdan Allatagala öz mömin bendesini, göýä siziň biriňiziň syrkawyňyzy oňa bermeli däl tagamdan goraýşyňyz ýaly dünýäden gorar».

* * *

Abu Ukbe Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Alla eger öz bendesini söýse, synag eder, eger ony has söýse, ony «iktinag» eder. Ondan:

— Ýa, Resulalla «iktinag» näme bolýar? – diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Alla oňa mal-mülk we perzent bermez — diýdi».

Soň Abu Ukbe şeýle diýipdir: «Janym gudrat elinde bolan Alladan ant içýärin, men muny Resulalladan eşitdim». Soň hadysy gürrüň beripdir.

* * *

Musa alaýhyssalam ölüp ýatan adamyň üstünden barypdyr. Ýyrtyjy haýwanlar onuň etini iýip, süňklerini gemripdir, bagyr-öýkenini çykarypdyr.

Musa alaýhyssalam onuň Alla tagat-ybadat edýän kişidigini bilýän eken. Musa:

— Eý, Allam! Sen öz bendäňi meniň görşüm ýaly synag edýärsiňmi? — diýipdir.

Onda Alla oňa wahyý edip:

— Ol menden özüniň amaly bilen ýetmedik derejesini isledi. Men hem ony bu derejä ýetirmek üçin synag etdim — diýipdir.

* * *

Leýs ibn Sagt şeýle diýipdir: «Kalba gelen gaýgy-gam günäleri ýuwýandyr».

* * *

Bir gezek Hasan Basry Allanyň: «Dogrudan hem biz ynsany gaýgy-gam içinde ýaratdyk»[1] aýaty barada şeýle diýipdir: «Men ýaradylanlaryň içinde başyna düşen işe ynsan ýaly sabyr-takat edýän başga zady bilmeýärin. Ynsan dünýäniň darlyklaryna we ahyretiň kynçylyklaryna sezewar bolýar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Niçe nygmat berlenler bar, nygmatlar bilen belent derejelere ýetdiler, niçe gaýgy-gam çekýänler bar, olara dert-azap taýýarlanyp goýuldy».

---

[1] Gurhanyň «Beled» süresiniň 4-nji aýaty.

* * *

Ibn Mugtez şeýle diýipdir: «Kim özüni kynçylyklaryň öňüne atmasa, kynçylyklar onuň başyna geler».

* * *

Zekeriýa alaýhyssalam ogly Ýahýa alaýhyssalamy elmydama gaýgyly, aglap ýören we öz-özi bilen meşgullanyp ýören ýagdaýda görýän eken. Ol:

— Eý, Rebbim! Men senden özüme peýdaly ogul isläpdim, men ondan hiç hili peýda göremok — diýipdir.

Onda Alla oňa:

— Sen özüňe dost, weli ogul islediň. Weli hem diňe şunuň ýaly bolýar — diýipdir.

* * *

Söwri şeýle diýipdir: «Biziň ýanymyzda belalary nygmat we nygmatlary bela hasaplamadyk alym däldir».

* * *

Gaýgy-gam kalby garaldýar we akyly küteldýär. Olar pikir döretmeýärler we garaýyşlary dogry bolmaýar.

* * *

Ibn Apbasdan gynanç we gahar-gazap barada sorapdyrlar. Onda ol: «Bu duýgular gowy görülýän bir zada halanylmaýan zat duçar bolansoň ýüze çykýarlar. Ol halanylmaýan zat gowy görülýän zadyň üstünde bolsa netijesi gynanç, eger aşagynda bolsa netijesi gahar-gazap bolýar».

* * *

Mugtemir ibn Süleýman şeýle diýipdir: «Döwrüň çäresini tapmadyk belalaryň çäresini tapmaz».

* * *

Nygmatlar belalaryň alamatydyr.

* * *

Farkat Subhy şeýle diýipdir: «Töwratda şeýle ýazylandygyny gördüm: «Kim hökümdar bolsa azar, kim maslahatlaşmasa puşman eder, ýeter-ýetmezçilik uly ölümdir, gaýgy-gam garrylygyň ýarysydyr».

* * *

Akyldar bir adamyň başga birine:

— Alla saňa erbetlik görkezmesin! — diýendigini eşidip:

— Sen göýä oňa ölüm dileýän ýaly. Sebäbi dünýäde ýaşaýan hökman erbetlik göräýmeli ahyry — diýipdir.

* * *

Döwür hadysalaryň we kynçylyklaryň geçirijisidir.

* * *

Bir dert iki dertden ýeňildir.

* * *

Belalar az-azdan gelýär, arkaň bilen daş çekmek ondan has ýeňildir.

* * *

Ibn Uýeýne şeýle diýipdir: «Dünýä durşy bilen gaýgy-gamdyr. Kim onda şatlanan bolsa, ol dünýäsini gazanandyr».

* * *

Utby şeýle diýipdir: «Eger gaýgy-gam gutarsa, gözýaş kesiler. Munuň delili hem haçanda sen gamçy bilen urulýany we aglap, kellesi kesilmäge barýany görmeseň, onda bu aýdylan zadyň amala aşdygydyr».

* * *

Şugaýp ibn Haphap şeýle diýipdir: «Gaýgy-gam göýä reňkiň dökülişi ýaly dökülýändir. Eger öldürilmek üçin birinde galan gaýgy-gam bolsa-da, ol hökman ölmezinden öňürti döküler».

* * *

Aýdymçy ýaş ýigit merhumlara aglaýan bir gyza öýlenipdir. Ol onuň:

— Eý, Allam! Biziň rysgalymyzy giňelt — diýýändigini eşidipdir we oňa:

— Eý, keýwany, dünýä diňe begenç we gynançdyr. Ol bizi iki tarapdan hem eýeledi. Eger begenseler, meni çagyrýarlar, gynansalar seni — diýipdir.

* * *

Wehb ibn Munebbih şeýle diýipdir: «Jepa ýoly pygamberleriň ýoludyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Mömine bela gelmegi, göýä haýwana ýitmesin, uzaklaşmasyn diýlip zynjyr urulmagy ýalydyr».

* * *

Allanyň kitaplarynyň birinde şeýle diýlipdir: «Eger olaryň saglyk-salamatlyklary uzalsa, gynanýardylar we özlerinde bir kemçilik tapýardylar. Eger olara bela gelse, begenýärdiler we şeýle diýýärdiler: «Rebbiňiz size gaharlanýar, taýýar boluň».

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Maňa haýsydyr bir dert gelse, ony uly görýärdim, emma günälerimi sanamda ony kiçi görýärdim».

* * *

Sufýan Söwri Rabyganyň ýanyna gelip, oňa:

— Meniň gaýgy-gamym gaty köp — diýipdir.

Onda ol:

— Ýok, seniň gaýgy-gamyň az! Eger sen gaýgy-gamly bolsadyň, ýaşaýyş göwnüňe ýaramazdy — diýipdir.

* * *

Weýis Baba: «Sen Alla bilen bolan işleriňde, göýä ynsanlaryň hemmesini öldüren ganhor ýaly bol, ýagny gaýgy-gamly, gorkýan bol» diýipdir.

* * *

Abu Hanypa şeýle diýipdir: «Möminden has köp gaýgy çekýän ýokdur. Dünýäniň şärikleri aýşy-eşret içindedir. Olaryň tapawudy ahyretde belli bolar».

* * *

Şugaýp ibn Harp şeýle diýipir: «Men her haçan Sufýan Söwrini görenimde, ol göýä ýedi gat ýerde ähli zatdan gorkýan

ýaly, Abdyleziz ibn Abu Rawwada seredenimde, ony göýä kyýamat magşarda gezip ýören ýaly görýärin».

* * *

Agmeş şele diýipdir: «Men her haçan Mujahydy görenimde, eşek münüp oturan ýaly pespäl ýagdaýda görýärdim, ol gaýgyly ýagdaýda, ahyret işleri barada oýlanýardy».

* * *

Ybraýym ibn Beşar şeýle diýipdir: «Men Ybraýym Edhem bilen gürrüňdeş boldum. Onuň köp gaýgy çekýändigini, ellerini kellesine goýup, köp pikir edýändigini gördüm. Göýä ähli gaýgy-gamlar onuň depesinden inen ýalydy».

* * *

Başyna gelen bela üçin diňe Rebbini günäkärleýän gynanar.

* * *

Jabyr ibn Abdylla Muhammet alaýhyssalamdan şeýle rowaýat edipdir: «Kyýamat güni hoşnut bolan kişiler dünýäde bela berlen kişilere sogaplar berlensoň, dünýäde ýaşan mahallary bedenleriniň köp gaýgy çeken bolmagyny arzuw etjekdirler».

* * *

Allatagala Ybraýym pygamberi özüne dost edinende, onuň kalbyna gorky geldi. Hatda onuň ýüreginiň urşy, göýä guşlaryň howada ganatlarynyň sesleriniň eşidilişi ýaly daşdan hem eşidilýärdi.

* * *

Mesruk şeýle diýipdir: «Gorky umytdan öňdedir. Sebäbi Alla jenneti we dowzahy ýaratdy. Dowzahyň üstünden geçmän, jennete barmarsyňyz».

* * *

Fuzaýlden sorapdyrlar:

— Senden eşidýän gorkyly zatlaryndan ýaňa seniň ogluň nädip ýetginjeklige ýetdi?

Ol:

— Az günä bilen — diýipdir.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Eger saňa: «Sen Alladan gorkýarsyňmy?» diýilse, sesiňi çykarma. Sebäbi eger sen: «ýok» diýseň, onda sen uly günä gazanarsyň, eger: «hawa» diýseň, onda Alladan gorkýan adamyň özüni alyp baryşy seniň bolşuň ýaly bolmaýar».

* * *

Isa alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Sen gorkynyň haçan geljekdigini bilmeýärsiň. Ol gelmezden öňürti seniň oňa taýýarlykly bolmagyňa näme päsgel bolýar».

* * *

Salyh Meriý şeýle diýipdir: «Men Ata Sulemini güýçli gorkuzan zatdan gorkýaryn. Onuň aglamakdan döken gözýaşlaryndan ýaňa gözüniň hanasy soýulyp gitdi».

* * *

Rabyga Kaýsyýeden sorapdyrlar:

— Sen eden amallaryň içinde kabul bolan amaly gördüňmi?

Onda ol:

— Eger şeýle bolsady, onda gorkym meni amalymdan geçirerdi — diýipdir.

* * *

Sufýan Söwriden:

— Seniň amallaryň içinde iň ynamly bolany haýsy? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Maňa Allanyň gorkusy geleni bäri, hiç bir amalyma ynam etmeýärin, şondan başga zat meni gorkuzmaýar — diýipdir.

* * *

Zer ibn Omar kakasy Omara:

— Näme üçin beýlekiler gürlänlerinde, hiç kim aglanok. Eger sen gürleseň, aglaşmalar köpelýär? — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, oglum! Hakyna tutma aglaýan aýal bilen çyn ýürekden aglaýan aýal deň däldir — diýipdir.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Agy iki hilidir. Kalp bilen aglamak we göz bilen aglamak. Kalp bilen aglamak günäleriňe aglamakdyr. Bu aglaýyş peýdalydyr. Göz bilen aglamak bolsa, dünýä üçin aglamakdyr. Eger sen bir adamyň gözleri bilen aglaýandygyny görseň, onda onuň kalby gatydyr».

* * *

Nuh alaýhyssalam özüniň: «Eý, Rebbim! Hakykatdan hem oglum hem meniň neslimdendir»[1] diýen sözi üçin üç ýüz ýyllap aglap gezipdir.

* * *

Isa ibn Merýem Allanyň dostlaryny wasp edip, şeýle diýipdir: «Alla olaryň ösüp-ulalmaklary we ýetişmekleri üçin ekinlerini olaryň gözleriniň ýaşy bilen suwardy. Olaryň garyp düşen günleri, olaryň ekininiň hasyly bişendir».

* * *

Enes şeýle diýipdir: «Resulalla dowzah barada gürrüň berýärdi. Onuň ýanynda duran hebeşi (garaýagyz) möňňürip aglamaga başlady. Şol wagt Jebraýyl perişde indi we aýtdy: «Eý Muhammet, Eziz we Jelil bolan Alla şeýle diýdi: «Özümiň yzzatymyň, beýikligimiň, hormatymyň we rehmetimiň giňliginiň haky üçin aýdýaryn, eger bendäm dünýäde aglasa, ahyretde ol hökman köp güler».

* * *

Kagbul Ahbar şeýle diýipdir: «Alladan gorkup aglap, gözýaşlarymyň hem üst-başymy öl etmegi meniň üçin bir dag ýaly altyn sadaka bermegimden has gowudyr».

* * *

Muharyp ibn Desar şeýle diýipdir: «Men Omaryň namaz okaýan wagty aglaýandygyny gördüm. Namazyny okap bolandan soňra, ol: «Hakykatdan hem Gün Alladan gorkunjyna

[1] Gurhanyň «Hud» süresiniň 45-nji aýaty. Bu aýatda Nuh alaýhyssalamyň oglunyň oňa boýun bolman gämä münmändigi barada aýdylýar.

aglaýandyr. Eger aglap bilmeseňiz, aglaýan ýaly bolup görüniň. Allatagalanyň gazabyny hiç zat gaýtaryp bilmez, diňe ystygfar[1] aýtmak, aglamak we dileg etmek gaýtarar» diýdi».

* * *

Apbas ibn Ahnef şeýle diýipdir:

Aglamakdan tamam boldy gözýaşyň,
Gözýaşy kän başga göz al karzyna.
Gördüňmi aglara karz berlen gözi,
Kim diň salar seniň eden arzyňa?

* * *

Hasan Basry bir gün aglaýan biriniň ýanynda şeýle diýipdir: «Maksatsyz aýallaryň gygyryşy ýaly gygyrýar. Ýusup alaýhyssalamyň doganlary hem kakalarynyň ýanyna agşam aglap gelipdiler».

* * *

Bir adam şeýle diýipdir: «Men Hasan Basryny iki ýyllap ýakyndan gördüm. Her gün aglamakdan ýaňa onuň gözýaşlarynyň sakgalyna akýandygyny görýärdim».

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Geçen zada puşman etmek, wagty ikinji gezek zaýalaýandyr».

* * *

Halypa Mansuryň dosty Abu Eýýuba:

---

[1] Ystygfar – Alladan günäň geçmegini dilemek.

— Biz seni eger Mansur çagyrsa, reňkiň üýtgäp, aljyraňňy halda bolýandygyny görýäris — diýipdirler.

Onda ol:

— Meniň ýagdaýym, göýä laçyn bilen horazyň gürrüňindäki ýalydyr. Laçyn horaza: «Men sende hiç hili erbetlik görmeýärin. Sen kiçilikden tä ulalýançaň, öz kowumyň bilen ýaşaýarsyň. Seni iýmleýärler, däne-suw berip bakýarlar. Eger seni bir ýere göçürmek isleseler olara seni tutmak gaty kyn düşýär. Emma meni bolsa çöllere, uzak ýerlere üçin iberýärler» diýipdir. Onda horaz oňa: «Sen çişe düzülen laçynlary görmediň, men bolsa çişe düzülen ýigrimi sany horaz gördüm» diýipdir.

* * *

Sabyt Benany şeýle köp aglapdyr welin, tas gözlerini kör eden eken. Tebip oňa:

— Men indi sen aglamaz ýaly em etdim — diýipdir.

Onda ol:

— Eger aglanmasa, iki gözüň näme geregi bar? — diýipdir.

* * *

Nebiýulla Dawut alaýhyssalam dokuz sany ýüňden dokalan haltany alypdyr we olary gumdan doldurypdyr. Soň bolsa, tä olary gözýaşlary bilen deşýänçä aglapdyr.

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Eger ynsanlar Allanyň rehmetini we geçirimliligini bilsediler, nähili şat bolardylar. Eger onuň netijesini we gahar-gazabyny bilsediler, gözlerinden ýaş akardy».

* * *

Bedil ibn Meýsera Ukaýly şeýle diýipdir: «Aglamak ýedi zat üçin bolýandyr: Begenje, gynanja, agyra, gorka, göz üçin, serhoşlykda we Alladan gorkunjyna».

* * *

Abu Yýas şeýle diýipdir: «Kimiň akyl-düşünjesi bar bolsa, ol onuň gije-gündiz aglamagy bilen belli bolar».

* * *

Yshak ibn Suweýt[1] şeýle diýipdir: «Men Müslim ibn Ýesar bilen Mekgä çenli ýoldaş boldum. Ondan ýekeje söz hem eşitmedim. Ol şeýle diýdi: «Men bilmeýärin, Allanyň halamaýan zadyny taşlan adamyň gorkusy nämekä?!».

* * *

Ýezit ibn Rakkaşy gije-gündizi aglap geçirer eken, hatda onuň gözleriniň kirpikleri düşüpdir. Ogly oňa:

— Eger dowzah seniň üçin ýaradylan bolsa, munça aglamazdyň — diýipdir.

Onda ol:

— Dowzah näme diňe meniň we meniň ýalylar üçin ýaradyldymy? — diýip sorapdyr.

* * *

Yshak ibn Suweýt şeýle diýipdir: «Aglaýan we gözýaşlaryny süpürýän kişi Alladan gorkýan kişi däldir. Alladan gorkýan kişi Allanyň ýanynda netijesi erbet bolar diýip gorkýan zatlaryny terk edýän kişidir».

---

[1] Yshak ibn Suweýd ibn Hebira Adawy Temimi Basry - ynamdar hadys rowaýatçysy. Apbaslylar döwründe ýaşapdyr.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Biziň gorkymyz öňküleriň gorkusynyň ýanynda gorky däl, diňe şowa kör ýaly. Eger bir zat görünse, körleriň «pylan görünýär» diýişleri ýalydyr».

* * *

Aýdylypdyr: «Sen çaganyň ýaraglaryny ulan, ýagny çaganyň ýaraglary ýaranjaňlyk we aglamakdyr».

* * *

Şagyp Ýemany şeýle diýipdir: «Biz kitaplarda gördük, eger bende ahlaksyzlygyny düzetse, gözlerine häkim bolar. Olar bilen islendik görnüşde aglamagy başarar».

* * *

Muhammet alaýhyssalam hutba aýdyp duran eken. Şol mahal onuň gözüniň alnynda bir adam aglapdyr. Onda ol: «Eger möminler siziň berk daglar ýaly günäleriňiziň bardygyna şaýat bolsalar, olar bu adamyň aglaýşy ýaly aglamak bilen bagyşlanar. Onuň perişdesi oňa Allanyň rehmetini dilär we şeýle diýer: «Eý, Allam! Aglamaýanlaryň içinden aglaýanlara şepagat et!»

# ALTMYŞ ÜÇÜNJI BAP

## BUÝSANÇ, TEKEPBIRLIK, ÖWÜNMEK, ULUMSYLYK, DONUŇ ETEGINI ÝERDEN SÜÝRÄP ÝÖREMEK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allatagala sizden jahylyýet tekepbirligini arassalady. Indi ol takwa mömindir ýa-da betbagt bozgakdyr. Ynsanlaryň hemmesi Adam atanyň ogullarydyr. Adam ata bolsa toprakdandyr. Ynsanlar ýa dowzah kömründen bolan ölüp giden ejdatlary bilen öwünmekden dänerler, ýa-da Allanyň ýanynda burny bilen poh ýygnaýan tomzakdan hem has pes derejä düşerler».

* * *

Hezreti Omar barmaklary bilen öňki ata-babalaryny sanap ýatlaýan bir adamy gördi. Ol adam:

— Biz Mekgäniň töwereginde bolan Kede we Keda[1] depelerinde ýatanlaryň ogullarydyrys — diýip öwnüpdir.

Hezreti Omar oňa:

— Eger seniň diniň bar bolsa, seniň keremiň bardyr, eger seniň aklyň bar bolsa, paýhasyň bardyr. Eger seniň mal-mülküň

---

[1] Kede – Mekgede bir depe. Keda – Mekgäniň eteginde bir ýer ady.

bar bolsa, abraýyň bardyr. Eger bular ýok bolsa, onda eşek ikiňiz deňsiňiz — diýipdir.

* * *

Aly ibn Hüseýin Hezreti Aly ibn Abu Talybyň özüne wesýet edende, onuň şeýle diýendigini aýdýar: «Eý, Aly! Nadanlykdan aňyrda garyplyk ýokdur. Gopbamsylykdan aňyrda wagşylyk ýokdur».

* * *

Biziň üçin sizi görmezden öň iň gowy zadyňyz adyňyzyň gowy bolmasydyr. Eger sizi görenimizden soň, iň gowy zadyňyz edebiňiziň gowy bolmagydyr. Eger gürläniňizde siziň iň gowy zadyňyz manyly gürlemegiňizdir. Eger amal taýdan iň gowyňyzy habar bersek, siziň Alla üçin edýän amallaryňyzy gizlin edýäniňizdir.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Bir adam özüne hoş ýakýan eşigiň içinde, saçlary hem timarlanan ýagdaýda gidip barýarka ulumsylansa, ol ýere batandyr. Ol kyýamata çenli kynçylyklar bilen ýere batmagy dowam etjekdir».

* * *

Ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Alla kyýamat güni tekepbirlik edip, eşigini süýräp ýöreýäniň ýüzüne seretmez».

* * *

Bir adam biriniň ýörände gopbamsyrap ýöreýändigini görüp, oňa: «Allatagala ikimiziň nebsimizi meňzeş edip

ýaradypdyr, emma gylyk-häsiýetimizi meňzeş ýaratmandyr» diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Öwünjeňligi taşla, ulumsylygy goý we öleniňden soň barjak ýeriň bolan guburyň barada pikir et».

* * *

Dawut ibn Aly şeýle diýipdir: «Hökümdar nebga agajynyň[1] esasy sütünidir, biz bolsa onuň şahalarydyrys, ol onuň çür depesidir, biz bolsa baldaklarydyrys».

* * *

Musawyr ibn Hind[2] bir adamdan:

— Sen meni tanaýarsyňmy? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Ýok — diýip jogap beripdir.

Onda ol:

— Men Musawyr ibn Hind — diýipdir.

Ol ýene:

— Ýok, men seni tanamadym — diýipdir.

Onda Musawyr:

— Asmandaky Aýy tanamaýan kişi nähili bagtsyz we yzagalakdyr — diýipdir.

* * *

Pelsepeçiden sorapdyrlar:

---

1 Nebga agajy – ýaýyň oky ýasalýan berk agaç.

2 Musawyr ibn Hind ibn Kaýs ibn Zuheýr Abeş - şahyr. Yslamdan öň dünýä inipdir we 75-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

— Eger hakykat bolsa-da hem aýdylmagy gowy bolmadyk zat näme?

Ol:

— Ynsanyň öz-özüni öwmegi — diýipdir.

* * *

Attaby şeýle diýipdir: «Buýsanmak iki hilidir, hökmany we halanmaýan. Hökmany buýsanmakda ynsany Allanyň nygmatlary beýgelder we ol Allanyň özüne beren zatlaryna şatlanar. Emma halanmaýan buýsanmak Allanyň gadagan eden ulumsylygyna buýsanmakdyr. Görmeýärsiňmi, pygamberimiz sallallahy alaýhy we sellem: «Men adam ogullarynyň hojaýyny, emma men munuň bilen öwünmeýärin» diýipdir. Ol şükür buýsanjyny aýdyň etdi we ulumsylyk gopbamlygyny aşak düşürdi».

* * *

Çarwa arap özüni öwüpdir. Ondan munuň sebäbini sorapdyrlar. Ol: «Özüm-özümi öwmesem, kim meni öwer?» diýipdir.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Eger tebip hassalaryna peýdaly dermanlary ýazyp bermesedi, hiç kim oňa gelmezdi we oňa höwes etmezdiler».

* * *

Ibn Mukaffag özüniň risalasyny ýazanda, ony beýleki eserlerden tapawutlandyrmak üçin «El-ýetimiýe» (Ýetimler kitaby) diýip atlandyrypdyr. Ony atalar sözleri bilen bezäpdir. Eger oňa bu ady dakmadyk bolsa, ol onuň beýleki risalalary

ýaly bolardy. Ol kitaby beýgeldeni üçin kalplarda orun tapypdyr.

* * *

Abu Musa Eşgary gopbamsyraýan ogluna garap: «Sen göýä kakaň Amr ibn Asy aldaýşy ýaly ýöreýärsiň» diýipdir[1].

* * *

Farazdak bir gezek Abu Burdanyň: «Men nähili öwülmäýin. Men iki häkimiň ogly ahyry!» diýýändigini eşidip: «Olaryň biri gorkak, biri pasyk. Sen olaryň haýsynyň ogly bolsaň bolaý» diýipdir».

* * *

Omar ibn Abdyleziz erbet ýöreýiş bilen ýöreýän şaýy mezhebinden bolan bir adama seredip: «Eý, pylan, seniň ymam hasaplaýan kişiň[2] bu hili ýöremeýärdi» diýipdir.

* * *

Resulalla sahabalaryň biriniň goşunyň birinji hatarlarynyň arasynda eli gylyçly buýsanyp, iki-baka ýöräp ýörendigini görüpdir we oňa: «Bu ýöreýiş Allanyň halamaýan ýöreýşidir. Ýöne oňa diňe şu ýerde, ýagny söweş meýdanynda rugsat bardyr» diýipdir.

* * *

Resulallanyň kakasy Abdylla ibn Abdylmutallyp[1] şeýle diýipdir:

---

[1] Bu ýerde Abu Musa bilen Amr ibn Asyň arasynda bolup geçen bir hadysa hakynda gürrüň gidýär.
[2] Şaýylar Hezreti Alyny özlerine ymam hasaplaýarlar.

Jahandaky asylzadalardan abraýymyzyň zyýatdygyn,
Hem kakamyň höküm eden döwletiniň belentligin,
Atam, onuň atalary, asly hem päk nesli bilen,
Berkedenin at-abraý, mertebesin, şöhradyny,
Bilýän asylzada ähliniň şeýledigine beletligin.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Kuraýyşdan tekepbirleri barada agzalanlar mahzum ogullary bilen umeýýe ogullary taýpasydyr. Araplardan Japar ibn Kilap ogullary we Zerara ibn Adas ogullary taýpasydyr. Sebäbi mahzum ogullary, umeýýe ogullary, Japar ibn Kilap ogullary we Zerara ibn Adas ogullary taýpalarynyň aýratynlyklary olaryň buýsançlary we öwünmekleri bilendir. Sebäbi buýsanç olary gopbamsyratdy we olar özlerinde beýleki taýpalardan rüstemlik görüp başladylar. Eger taýpaçylyk häsiýetlerinden olaryň akyllary güýçli bolsady, onda olar göýä haşym ogullary taýpasy ýaly özlerini beýlekileriň ýanynda pespäl we ynsaply tutardylar.

* * *

Hasan ibn Agla Mugawyýanyň:

— Eger haşymylar sahy, emewiler mylaýym, awamylar batyr we mahzumylar ulumsy bolmadyk bolsalar, atalaryna meňzemezdiler — diýen sözüni eşidip:

— Ol munuň bilen «Haşym ogullarynyň elindäki zatlary gutardy we olar indi oňa mätäç boldular, umeýýe ogullaryny

---

[1] Abdylla ibn Abdylmutallyp ibn Haşym ibn Abdy Mennaf ibn Kusaý - Resulallanyň kakasy. Onuň lakamy «Zubeýh» bolupdyr. Abdylmutallybyň iň kiçi ogly. Heniz Muhammet alaýhyssalam dünýä inmänkä hijretden öň 52-nji ýylda Mekge bilen Medinäniň arasyndaky Ebwa diýen ýerde wepat bolupdyr.

mylaýymlykda wasp etdi, ynsanlar olary söýýärler, awam ogullaryny batyrlykda wasp etdi, olar öldürýärler we mahzum ogullaryny ulumsy diýip häsiýetlendirdi, olary ýigrenýärler» diýmek isleýär — diýipdir.

* * *

Aýdypdyrlar:

— Şu dört zat hiç haçan şu dörtlerde bolmaz we olaryň bolmagy mümkin däldir: zebiriler sahy bolmaz; mahzumylar pespäl bolmaz; şamlylar arassa nesil bolmaz; kuraýyşlylar Muhammediň neberesini söýmez.

* * *

Apbas ibn Abdylmuttalyp, Talha ibn Şeýbe we Aly ibn Abu Talyp dagylar özaralarynda öwnüpdirler. Apbas:

— Men Käbeden suw berýärin we ol ýeriň eýesi — diýipdir.

Talha:

— Men Käbäniň eýesi we onuň açarlary mende — diýipdir.

Hezreti Aly hem:

— Siziň aýdýan zatlaryňyzy bilemok. Ýöne men bu taýpada sizden we ähli ynsanlardan alty aý öňürti namaz okadym — diýipdir. Şol mahal hem: «(Eý müşrikler!) Siz hajylara suw bermegi we Metjidi Haramy (Käbäni) dikeltmegi (seretmegi), Alla we ahyret gününde iman edip, Alla ýolunda jyhat edenleriň imany bilen deň tutýarsyňyzmy?»[1] diýen aýat inipdir.

---

[1] Gurhanyň «Toba» süresiniň 19-njy aýaty.

* * *

Buzurgmehrden sorapdylar:

— Sen eýesiniň bahylçylyk etmeýän haýsydyr bir nygmatyny bilýärsiňmi?

Ol:

— Hawa, pespällik — diýipdir.

Onda olar:

— Sen öz eýesine rehim etmeýän belany bilýärsiňmi? — diýipdirler.

Ol:

— Hawa, özüňe göwnüň ýetmek — diýipdir.

* * *

Amr ibn As sakyf taýpasyndan bir adama:

— Sen nämäni artyk hasaplaýarsyň? — diýipdir.

Onda ol:

— Öňürti dini we hormaty, soňra bolsa taýpamy — diýipdir.

* * *

Musa alaýhyssalamyň döwründe iki sany adam öwnüpdir. Olaryň biri:

— Men pylanyň ogludyryn — diýip, atalaryndan dokuz sany müşrigi sanapdyr.

Beýlekisi bolsa:

— Men bolsa pylanyň ogludyryn. Eger ol musulman bolmadyk bolsa, onuň musulman bolmagyny arzuw ederdim — diýipdir.

Musa alaýhyssalama wahyý gelipdir: «Allatagala olaryň ikisiniň hem ýazgydyny başlaryna getirdi. Ol dokuz sany müşrik atasyny sanany onunjy edip dowzaha salmagy Alla emr etdi. Emma atasynyň musulman bolmagyny arzuwlan adamy

bolsa, atasy bilen musulman edip jennete salmagy Alla emr etdi».

* * *

Apbasylaryň azat eden guly Ammara ibn Hamza ibn Meýmun[1] gopbamsylykda nakyla öwrülip galypdyr. Hatda: «Ammaradan hem has gopbam» diýer ekenler. Apbasly halypalary Seffah bilen Mansur ony dürli ýerlere häkim belläpdirler. Onuň gopbamsylyklaryndan mysal: «Eger ol bir işde ýalňyşsa, ýalňyşan ýerine gider eken, ol ýerden gopbamsyrap yzyna gaýdyp gelip: «Bir sagadyň içinde ýykmak we düzetmek! Meniň üçin ýalňyşmak mundan has ýeňil» diýer eken.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ynsanyň özüne göwni ýetmegi onuň akylynyň bahylçylyk gyndandyr».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Kim özünden razy bolsa, özüne gaharlanýany köpelder».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Öz-özüňe göwnüýetmeklikden habardar bol. Sebäbi bu şeýtanyň sende bar bolan gowy ýagşylyklary aýyrmak üçin iň amatly pursatydyr».

---

[1] Ammara ibn Hamza ibn Meýmun Kätip - apbaslylar döwründe ýaşap geçen edebiýatçy, şahyr we döwlet adamsy.

* * *

Dawut alaýhyssalam bir gijäni ybadat bilen geçiripdir. Ol göýä bu ybadaty bilen özünden razy ýaly bolupdyr. Allatagala gurbaga dil berip, onuň bilen gepleşmegi wahyý edipdir. Gurbaga oňa: «Eý, Dawut! Sen göýä bu gije ybadatyň bilen özüňden razy ýaly görünýärsiň! Men bu ýerde ýigrimi gije bäri otyryn. Meniň garnyma ýekeje damja suw ýa-da ot girmedi. Meniň ýumurtgamdan çagalarymy sag-aman çykaran Alla şükür bolsun» diýipdir.

* * *

Selman Parsy şeýle diýipdir:

Meniň ata-babam yslam hergiz biliň, hergiz biliň,
Öwünýärler olar bolsa, kaýs ýa-da temim bilen.

* * *

Resulallanyň kakasynyň dogany Zubeýr ibn Abdylmuttalyp şeýle diýipdir:

Kuraýyşyň ähli taýpalary meni Mekgäniň abraýly adamy hökmünde görýärler,
Göýä minaranyň açyk ýerden rüstem bolşy ýaly, mende kuraýyşyň ýolbaşçylygyndan nyşan bar diýip hasaplaýarlar.

* * *

Ahnef şeýle diýipdir: «Peşew ýollarynda iki gezek akanlaryň nädip ulumsy bolýandyklaryna haýran galýaryn».

* * *

Hyşam ibn Hassan şeýle diýipdir: «Seniň üçin erbet bolan günä seni ulumsy edýän gowulykdan haýyrlydyr».

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Gijäni ýatyp geçirip, ertir ir bilen puşman etmegim, meniň üçin gijäni ybadat bilen geçirip ertir bilen oňa göwnümiň ýetmeginden haýyrlydyr».

* * *

Asmagy biriniň şeýle diýýändigini eşidipdir: «Hiç kim iki gezek gopbamsyramaz, ýagny eger ol bir gezek gopbamsyrasa, ony gaýtalamaz, ýagny hökman bu gopbamlygy üçin oňa bir jeza berler».

* * *

Abdyddar ogullary taýpasyndan bir adama:

— Sen näme üçin halypalyga geçmeýärsiň? — diýlende, ol:

— Köpriniň men üstünden geçenimde meniň abraýymy göterip bilmezliginden gorkýaryn — diýipdir.

* * *

Bir gezek Hajjaç ibn Artadan[1]:

— Sen näme üçin jemagata wagyz-nesihata gelmeýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Men ol ýere barýan dükançylar bilen bir ýerde dyklyşyp oturmagy halamaýaryn — diýipdir.

---

[1] Hajjaç ibn Arta ibn Sewr ibn Hubeýra ibn Şerahyl Nahgy - fykh alymy. 10 ýyllap din meselelerinde pitwa beripdir.

* * *

Ysmaýyl ibn Abu Halyt şeýle diýipdir: «Men Şagby we Abu Seleme dagylar bilen barýardym. Şagby:

— Eý, Abu Seleme! Medinelileriň iň alymy kim? — diýdi.

Onda Abu Seleme:

— Siziň ikiňiziň araňyzda ýöräp barýan kişi — diýipdir, ýagny «men» diýmek isläpdir.

* * *

Abu Müslim Horasany şeýle diýipdir: «Gopbamsylyk peslikden başga zat däldir, özüňe göwnüň ýetmek köçeden tapylan zatdan başga zat däldir».

* * *

Hezreti Omar donunyň etegini ýere süýräp, aýaklary bilen tozan turuzyp, ýöräp barýan ýöreýän bir adamy görüp, oňa:

— Sen bu ýöreýşiňi goý — diýipdir.

Onda ol:

— Men başga hili ýöräp başarmaýaryn — diýipdir.

Hezreti Omar ony gamçylapdyr. Ol ýene öňki ýöreýşini dowam etdiripdir. Omar ýene gamçylapdyr. Soň ol ýaňky ýöreýşini taşlapdyr.

Hezreti Omar:

— Eger şular ýalylary gamçylamasam, kimi gamçylaýyn? — diýipdir. Soň bir gün ýaňky adam Hezreti Omaryň ýanyna gelip:

— Alla saňa haýyrly sogaplar bersin. Meniň gursagymda şeýtan bar eken, sen ony gamçy bilen kowduň — diýipdir.

# ALTMYŞ DÖRDÜNJI BAP

## YRYM, BILGIÇLIK, ŞUMLUK, GUŞLARYŇ UÇUŞYNDAN PAL ATMAK, PALÇYLYK, GÖZBAGÇYLYK, JADY, GÖZ DEGMEK, TAPMAÇA, MATAL WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Süleýman ibn Bureýde kakasynyň aýdanlaryndan şeýle gürrüň beripdir: «Resulallanyň ýanynda yrym barada agzaldy. Şonda ol: «Eger kime şunuň ýaly yrymlardan bir zat gabat gelse, onda: «Eý, Allam! Seniň ýazgydyňdan başga yrym ýokdur, seniň haýryňdan başga haýyr ýokdur, senden başga Hudaý ýokdur, Alladan başga hiç hili güýç we kuwwat ýokdur» diýsin» diýdi».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Kim yrym edýän bolsa ýa-da yrym etdirýän bolsa, pal atýan bolsa ýa-da pal atdyrýan bolsa, ol bizden däldir».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Resulalla bir gezek:

— Ne kesel ýokaşma, ne-de yrym bardyr. Maňa ýagşa ýormak hoş ýakýar — diýdi.

Onda oňa:

— Ýagşa ýormak diýýäniňiz näme? — diýdiler.

Ol:

— Ýagşy söz — diýdi».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Resulalla (her işi) ýagşa ýormagy we ýagşy ady söýýärdi».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Eger güman etseňiz, güman edýän zadyňyzy amala aşyrmaň, eger yrym etseňiz, ol zatdan daşlaşyň we Alla töwekgel ediň».

* * *

Arwa ibn Amyr şeýle diýipdir: «Resulallanyň ýanynda yrym barada agzaldy, onda ol: «Gowusy olary ýagşa ýormakdyr we ol musulmana böwet bolup bilmez. Eger siz halamaýan bir zadyňyzy göreniňizde: «Eý Allam! Ýagşylyklar diňe senden gelýär, erbetlikleri diňe sen dep edýärsiň, Alladan başga hiç hili güýç-kuwwat ýokdur diýiň»diýipdir».

* * *

Abdylla ibn Bureýde kakasyndan şeýle gürrüň beripdir: «Resulalla hiç zada yrym etmezdi. Eger ol bir ýere kimdir birini häkim bellese, onuň adyny soraýardy. Eger onuň ady göwnüne ýarasa begenýärdi. Onuň bu şatlygy ýüzünde görünýärdi».

* * *

Nakyl:

— Guş[1] Allanyňky, seniňki däl (ýagny ýazgyt Alladandyr).

* * *

Bir çarwa arap Ubeýdylla ibn Zyýadyň dälizinde ýolbarsyň, goçuň we itiň suratyny görüp: «Ýolbars arlap dur, goç süsüp dur, it üýrüp dur. Ol olara hiç haçan hem düşünmez» diýipdir. Şondan soň Ubeýdylla birnäçe gün ýaşapdyr.

* * *

Kubeýsa şeýle diýidpir: «Men Resulallanyň: «Guşlaryň uçuşyndan pal atmak, yrym we bilgijiň hasa bilen urmagy – bularyň hemmesi Alla ortak goşmakdyr» diýendigini eşitdim».

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim palçynyň ýanyna gidip, onuň aýdýanlaryny tassyklasa, ýa-da haýyzly aýaly bilen jynsy gatnaşykda bolsa, ýa-da aýalynyň arkasyndan barsa, Muhammede indirilenden ýüz öwürendir».

* * *

Halypa Seffahyň serkerdesi Amyr ibn Ysmaýyl Mezjahy Müsürden emewi halypasy Merwan ibn Muhammediň gözlegine çykypdyr. Ol Feýýum obasynda bir topar arap bilen gabatlaşypdyr. Olaryň içinden bir adama:

— Seniň adyň näme? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Mansur ibn Sagt. Men Sagdyl-aşyrat[2] taýpasyndan — diýipdir. Amyr oňa yrym edip we öz işi oňuna bolsun diýip

---

[1] Araplarda guşuň sesiniň ykbala täsir edýändigi barada asylsyz ynanç bolupdyr.
[2] Sagdyl-aşyrat taýpasy – araplaryň köpüsi bu taýpadan gelip çykan.

ýylgyrypdyr. Soň ýoluny dowam etdiripdir. Ol şol gijede Merwan ibn Muhammedi tapypdyr.

* * *

Lebit şeýle diýidpir:

Ömrüňe ant-kasam bolsun, bu kelamym menden saňa,
Hasa bilen ýere urýan bilgiçlere ýalan ýardyr,
Guşlaryň uçuşyndan habar berýäne ynanma,
Ählisinem ýaradyjy Alla bardyr, Alla bardyr.

* * *

Mezret ibn Dyrar[1] şeýle diýipdir: «Men şeýle bir adam, meniň saçlarym möjegiň uwwaldysyna we garganyň gagyldysyna syh-syh bolmaýar».

* * *

Hezreti Aly aý ýitende we aý akrap ýyldyzlar toparyna girende, sapara ýola çykmagy we toý tutmagy halamaz eken.

* * *

Harp Rawendiniň hyzmatkäri Beşir Abu Müslimiň öldürilen güni Halypa Mansuryň ýanyna gelip:

— Eý, möminleriň emiri, men şu gün Abu Müslime şum bolan üç sany zat gördüm — diýipdir.

Onda Mansur:

— Olar näme? — diýip sorapdyr.

Beşir:

— Ol atyň üstündekä kellesinden telpegi ýere gaçdy — diýipdir.

---

[1] Mezret ibn Dyrar ibn Armele ibn Sinap Mazyny Zubýany Gatafany - jahylyýet döwrüniň şahyry. Ömrüniň ahyrlarynda musulman bolupdyr.

Mansur:

— Allahu ekber! Onuň yzyndan, kellesi hem gitdi, eý, Beşir — diýipdir.

Beşir:

— Onuň bilen aty hem taýyp ýykyldy — diýipdir.

Mansur:

— Allahu ekber! Onuň ykbaly we onuň gaty tirsek süňkleri döwüldi — diýipdir.

Beşir:

— Ol: «Men öldürildim we nebsim meni aldady» diýdi. Şol wagt çölde bir adam: «Bu gün seniň bilen meniň aramda ajalyň soňky güni» diýýärdi — diýipdir.

Mansur:

— Allahu ekber! Onuň ajaly ýetdi we bu dünýäden onuň yzy kesildi — diýidpir.

* * *

«Satyh ýaly görýär» diýlen söz araplarda nakyl hökmünde getirilýär. Satyh bir jadygöýüň adydyr. Olaryň aýtmaklaryna görä, ol ähli gizlin zatlary göýä eliniň aýasynda ýaly görýärmiş. Şeýle hem jadygöýligiň ähli tilsimlerini ele alanmyş.

* * *

Mundan başga-da «Şakka jadygöý ýaly» diýen söz hem ulanylýar. Ol ýarym adam, ýarym jyn bolanmyş.

* * *

Ibn Rumy şeýle diýipdir:

Sen göýä Şakkanyň we Satyhyň görüşi ýaly görýärsiň, olar meşhur jadygöýlerdir,

Olar gaýypdaky zatlary ynsanyň aýdyň gözi bilen görýärler,

* * *

Mezit öz gyrnagynyň elinde altyn ýüzük görüp:

— Ýüzügiňi maňa ber, men saňa ol barada şygyr aýdyp bereýin — diýipdir.

Onda ol şeýle diýipdir:

Elimdäki bu zehep[1],
Heder edýän en tezhep[2].
Ýöne, algynyň udy[3],
Gaýdyp geler söz hak.

* * *

Jahyz şeýle diýipdir: «Museýlime[4] «pygamberlikden» ozal Ubulläniň[5], Bakkanyň[6] we Hiranyň[7] bazarlarynda aýlanyp ýörer eken. Ol jady we gözbagçylyk bilen meşgullanarypdyr. Ol ýyldyza seredip pal atar eken we doga-tumar eder eken. Ol çagalara tilsim edip, olaryň boýnuna jaň dakyp, gijelerine ýeliň öňünden ylgadar eken we olara: «Perişdeler seniň ýanyňa gelýärler, bu perişdeleriň tykyrdysy» diýip, guşlaryň ganatlaryny bir ýüpe daňyp, olaryň üstünde uçurar eken. Soň yslam ýüze çykanda, ol öz kowumynyň arasyna barypdyr. Olar bolsa çarwa araplar bolupdyrlar we olaryň arasynda özüni

[1] Zehep – altyn.
[2] En tezhep – gider diýip.
[3] Ud – saz guraly.
[4] Museýlimetul-Kezzap - Muhammet alaýhyssalamdan soň özüni pygamber diýip yglan edipdir. Ol jadygöý we palçy bolupdyr. Soň ony Wagşy atly sahaba öldürýär.
[5] Ubulle – Dijle derýasynyň kenarynda bir şäher.
[6] Bakka – Hiranyň gaplaýynda bir şäher.
[7] Hira – Nejep şäheri. Kufadan 3 mil uzakda ýerleşýär.

pygamber hasaplap başlapdyr. Soň bolsa musulmanlar ony öldüripdirler we halk ondan dynypdyr.

* * *

Araplar itler we pişikler barada şeýle diýipdirler: «Olar öňüňizden çyksa kowuň ýa-da güýmener ýaly oňa bir zat oklaň».

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Gözi degýän bir adam şeýle diýdi: «Eger meni bir zat haýran galdyrsa, gözümden gyzgynlyk çykýar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Biziň ýanymyzda iki sany gözi degýän kişi bardy. Olaryň biri daşdan howzuň ýanyndan geçip gitdi we şeýle diýdi: «Men ony bu günki ýaly hiç haçan görmändim» diýdi. Howuz ikä bölünip ýaryldy. Ol ýene oňa: «Sözüm bilen seni heläk edäýdim-ow» diýdi welin, howuzda dört sany ýaryk emele geldi.

Beýleki gözi degýän diwaryň aňyrsyndan peşewiň sesini eşidip:

— Seniň akyşyň nähili güýçli eken — diýdi.

Oňa:

— Ol seniň ogluň — diýdiler.

Ol:

— Meniň gözüm oňa degmäwersiň — diýdi.

Oňa:

— Belki, oňa zyýany ýetmez — diýdiler.

Soň ol oglan hiç haçan peşew edip bilmedi we tä ölýänçä şeýle ýagdaýda geçdi.

* * *

Gözi degýän bir adam sagylyp duran sygryň süýdüniň sesini eşidip geň galypdyr we şeýle diýipdir: «Bu kimiň sygryka? Nähili süýtli eken» diýipdir. Şol wagt derrew oňa başga sygry görkezipdirler. Emma sygyrlaryň ikisem ölüpdir.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Maňa sowgat berdiň gülden — sewseni[1],
Gowulyk görmedim syn edip ony.
Ady «sewden»[2] hem-de «senden»[3] ybarat,
Görmesem, belki-de hoş eder meni.

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

Ýasemin gülünden durýaryn daşda,
«Ýas»[4] sözi bar ahyr ol sözde — başda.
Maňa erbet onuň adynyň ýary,
«Ýasda» näme görjek hederden başga.

* * *

Dowamlylygy üçin mirt[5] gülüne gowy yrym edýärler we çalt dargaýandygy üçin nerkes gülüni yrym edip halamaýarlar, oňa dönük diýýärler.

---

[1] Sewse'n — sowsan güli, liliýa.
[2] Sew — erbet.
[3] Se'ni — ol maňa erbetlik etdi.
[4] Ýa's – umytdan düşmek.
[5] Mirt – ýakymly ysly we gülli hemişe gök öwsüp durýan gyrymsy agaç.

Apbas ibn Ahnef şeýle diýipdir:

Eý, ajalym, seni nerkes diýende,
Ynsap bar ekeni, mirt diýse weli,
Onda sen wepaly bolardyň bilýän,
Sebäbi wepadar bolýar mirt güli.

* * *

Araplaryň ynanjyna görä, jynlar haýwanlaryň üstüne münýärmişler. Emma towşandan welin, onuň haýyz bolýandygy üçin gaçýarmyşlar. Şonuň üçinem araplar towşanyň aýak yzyny ýasadyp boýnuna dakyp gezer ekenler. Olar kim muny dakynsa, oňa göz degmeýär, oňa jady täsir etmeýär we jyn ondan gorkýar diýip ynanypdyrlar.

* * *

Asmagy şeýle diýipdir: «Men Ibn Awndan yrym barada soradym. Onda ol: «Eger bir adam syrkaw ýatan bolsa oňa: «Eý, sag adam!» ýa-da kimdir biri bir zat gözleýän bolsa: «Eý, gözleýän zadyny tapan!» diýen ýaly bimany zatdyr» diýdi».

* * *

Ykryma şeýle diýipdir: «Biz Ibn Apbasyň ýanynda otyrdyk. Şol wagt bir guş gygyryp uçup gitdi. Içimizden bir adam:

— Haýyrdyr — diýdi.

Ibn Apbas:

— Onda haýyr-da ýok, şer-de ýok — diýdi.

* * *

Mugawyýa Hudbe atly bir adamy Hajar ibn Adyý Kindini[1] we onuň ýany bilen on üç kişini öldürmegi üçin iberipdir. Hudbe ýeke gözli eken. Haşgam taýpasyndan bir adam oňa seredip: «Dogrudan hem guşuň uçmagy dogry bolup çykdy, ol biziň ýarymyzy öldürer» diýdi. Haçanda ol ýedi kişini öldürende, Mugawyýa ilçi iberip, galanlaryny bagyşlady.

* * *

Kesir[2] Müsüre ugrap özüniň söýgülisi Yzzatyň gözlegine çykypdyr. Ýolda oňa neht ogullary taýpasyndan bir çarwa arap duşupdyr. Ol oňa:

— Sen düýşüňde näme gördüň? — diýipdir.

Onda Kesir:

— Men düýşümde söwüt agajyndan ýere ýykylyp, ýelekleri ýolnan gargany gördüm — diýipdir.

Onda çarwa:

— Sen Müsüre git, Yzzat wepat boldy — diýipdir.

Ol bu söze üstünden suw guýlan ýaly bolupdyr. Soň ol Müsüre gelipdir. Adamlar bolsa Yzzatyň jynazasyndan dargap barýan ekenler. Ol şeýle diýipdir:

Nehtli nähili gowy bilgiç eken, onuň bilgiçligi aýrybaşga eken,

Ol guşlar arkaly nähili dogry bildi.

Yrym onuň nähili gowy kömekçisi.

Men düýşümde goranyp, söwüdiň üstünden ýykylyp, uly ganatlarynyň, gyrylýandygyny gördüm,

Ol bolsa guşlar bilen pal atdy we maňa,

---

[1] Hajar ibn Adyý ibn Mugawyýa ibn Jebele ibn Adyý ibn Rabyga - oňa Hajar Haýyrly diýer ekenler. Hezreti Alynyň tarapdary bolupdyr.

[2] Kesir - medineli şahyr. Yzzat atly bir gyzy söýüpdir we oňa bagyşlap gazal ýazar eken. Şonuň üçinem Kesir Yzzat diýlen ady gazanypdyr.

Garga seniň ýat ülkä gitmegiň we gynanç,
Söwüt bolsa seniň söýýän durmuş ýoldaşyňdan jyda düşmegiň diýdi.

* * *

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Eger Resulallanyň bir ýeri agyrsa, onuň ýanyna Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Allanyň ady bilen saňa zyýan ýetirýän ähli dertden, saňa bahylyň bahylçylyk edýän şerinden we ähli gözden-dilden seni gorap saklaýan dogany okaýaryn» diýerdi.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Eger biziň birimiz Resulallanyň ýanyna bir ýerimiz agyryp gelsek, ol sag eli bilen ony sypalap, soň bolsa şeýle diýýärdi: «Eý, ynsanlaryň Rebbi, derdi gider, şypa ber, sen şypa berijisiň, seniň şypaňdan başga şypa ýokdur. Senden ähli dertlere şypa isleýäris».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Resulalla öz ymmatyndan kimdir biri syrkawlasa, oňa muawwizeteýn[1] sürelerini okaýardy».

* * *

Ümmi Seleme şeýle diýipdir: «Resulalla özüniň öýdäki gyrnagynyň ýüzünde gara tegmil görüp: «Oňa göz degipdir, oňa em ediň» diýdi».

[1] Muawwizeteýn süreleri - Gurhanyň soňky iki süresi bolan «Felak» we «Näs» süreleri..

* * *

Jabyr ibn Abdylla şeýle diýipdir: «Biziň aramyzdan bir adamy içýan çakdy. Onda bir adam:

— Eý, Allanyň resuly, oňa em edeýinmi (ony okaýynmy)? — diýdi.

Onda Resulalla:

— Kim doganyna peýdaly bolup biljek bolsa, ony ýerine ýetirsin — diýdi.

* * *

Awf ibn Mälik Eşjagy şeýle diýipdir: «Biz jahylyýet döwründe doga-tilsim edýärdik. Biz bir gezek:

— Eý, Allanyň resuly, siz muňa nähili garaýarsyňyz? — diýdik.

Ol:

— Siz bilýän emleriziňi ediberiň. Eger içinde Alla şirk bolmasa, em etmekde zyýan ýokdur — diýdi.

* * *

Abu Sagyt Hudry şeýle diýipdir: «Resulallanyň sahabalaryndan birnäçe kişi bolup, saparda gezip ýördük. Araplardan bir kowumyň ýanynda düşledik we olardan bizi myhman almaklaryny soradyk. Olar myhman almadylar. Soň olaryň ýolbaşçylaryny içýan çakdy.

Olar hem biziň ýanymyza gelip:

— Içiňizde içýan çakany okap, sagaldyp bilýän barmy? — diýdiler.

Men hem:

— Hawa, men bar. Ýöne otuz goýun bermeseňiz bu işi etmerin — diýdim.

Olar hem:

— Biz size otuz goýun bereris — diýdiler.

Men hem oňa ýedi gezek «Alham» süresini okadym, ol hem gowulaşdy. Biz goýunlary aldyk, ýöne içimizden (muňa halalmy ýa-da dälmi) şek döredi. Şonuň üçinem goýunlara degmezden Resulallanyň ýanyna geldik we bolan hadysany aýtdyk.

Onda ol:

— Sen onuň («Alhamyň») şeýle täsirli bir dogadygyny nädip bildiň? Goýunlary böleşiň, meniň hem paýymy beriň — diýdi.

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Göz degmek hakdyr. Eger ýazgydy böwsüp geçýän bir zat bolsady, bu göz degme bolardy. Eger size göz degendigi üçin suwa düşmegiňiz islenilse, suwa düşübериň».

* * *

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Biziň döwrümizde göz degende gözi degene täret kyldyrýardylar. Soňam onuň täret suwy bilen göz degeni ýuwýardylar».

* * *

Amyr ogullary taýpasyndan bir aýal doga-tumar edende şeýle diýer eken: «Men saňa Allanyň ady bilen gyzgyn nebisden we erbet gözden gorap, doga-tumar edýärin».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Göz gözellige, suwa, ulaga we gök öwüsýän zatlara degýär».

* * *

Çarwa arap kiçiräk sürüsini ýitiripdir. Ol onuň gözlegine çykypdyr we ýolda başga bir çarwa araba sataşypdyr. Ol oňa süýt beripdir we ondan:

— Onuň gözlegine haçan çykdyň? — diýip sorapdyr.

Süri ýitiren:

— Daň atmazynyň öň ýanynda — diýipdir.

Ol:

— Näme eşitdiň? — diýipdir.

Süri ýitiren:

— Guzynyň üsgürýändigini, goýnuň mäleýändigini, düýäniň bögürýändigini, itiň we guşuň sesini eşitdim — diýipdir.

Ol:

— Bular seniň ýöremegiňe päsgeldir — diýipdir.

Soň süri ýitiren:

— Daň atan çagy maňa möjek sataşdy — diýipdir.

Onda öňünden çykan:

— Sen ýitgiňe ýakynlaşypsyň — diýipdir.

Süri ýitiren:

— Gün dogandan soňra düýeguşa sataşdym — diýipdir.

Onda ol:

— Ol ýeleklidir we ady hem gowudyr. Sen yzyňa dön, ýitiren zadyňy öýüňden taparsyň — diýipdir we onuň aýdyşy hem bolup çykypdyr.

* * *

Kagbul Ahbar şeýle diýipdir: «Ösümlikler Süleýman alaýhyssalamyň mährabynda öser ekenler we onuň bilen gürleşer ekenler. Olar: «Men şeýle ösümlik we şeýle derde derman» diýip dillener eken. Ol hem olaryň atlaryny, suratlaryny we peýdasyny ýazyp, kitaphanasynda goýar eken. Şeýdip olaryň hemmesi barada maglumat ýazypdyr. Onuň

ýanyna iň soňky bolup, çowdary ösümligi gelipdir. Süleýman alaýhyssalam ony görüp: «Indi meniň ölüm habarym geldi we Beýtil-mukaddes harap bolar» diýipdir».

* * *

Parslarda şeýle yrym bolupdyr: «Eger doňuzlara gyrgynçylyk gelse, adamlaryň ýaşaýşynda bölünişik bolar. Eger wagşy haýwanlara gyrgynçylyk degse, adamlara kynçylyk geler. Eger syçanlara gyrgynçylyk degse, ekerançylyk bereketli bolar, eger gurbagalaryň warryldysy köpelse, ölüm köpeler, eger leglekler gagyldasa we towuk oňa jogap berse, harabalyklar dikeldiler, eger towuk käkelese we oňa garga jogap berse, onda tersine ymaratlar weýran bolar. Eger horaz bir adamyň hasasynyň üstüne topulsa, ol adam hormata we şan-şöhrata eýe bolar. Emma towuk topulsa, onda tersine bolar».

* * *

Bir hristianyň boýnunda haç bar eken. Ol şeýle diýer eken: «Munuň agajy Isa alaýhyssalamyň asylan agajyndan. Muňa ot kär etmez». Ol şeýdip onuň bilen köp wagtlap gazanç edip gezipdir we ahyry aldaýandyr öýdüpdirler. Onuň agajyny ruhanylar ýakyp görjek bolsalar ýanmandyr.

* * *

Bir gezek çarwa arap: «Dik duran wagty oturan wagtlaryndan has pes bolýan zat näme, siz bilýärsiňizmi, ol itdir. It yzky aýagynda oturanda, dört aýagynda duran ýagdaýyndan has beýik bolýar» diýipdir.

* * *

Atasyz doglana haýran men, bendi,
Hem ene-atasyza bolup perzendi.

Olar Isa pygamber we Adam Atadyr.

* * *

Arap tapmaçalaryndan:

Döşi ak, ýagyrny gara, arkasy torbaly gezýär, peşewi damja-damja (kirpi).

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir:

Ýük çeker, öküz däldir, ganatlydyr, guş däldir. (gara tomzak).

* * *

Lakamy-ha «bilgiç», reňki — sary,
Iki sany orak oň aýaklary. (çekirtge).

* * *

Utby şeýle diýipdir: «Men Hyjazda göz degmegi açýan bir çarwa arap aýalyny gördüm. Ol şeýle diýdi: «Men seni hiç hili kemçiligi bolmadyk Allanyň sözi bilen ähli yns-jyns şerinden, gaharly nazardan goraýaryn. Seni günüň dogmagyndan, ähli ýöreýän hyssyldylardan, ähli gizlin nazarlardan, ähli hileli sözleýänlerden, çüfleýän hilegär aýal-erkeklerden, ýaýradyjylaryň seniň üstüňe ýaýradan zatlaryndan, saçly kelläňden, mawy gözleriňden, aşgazanly agzyňdan, oňurgaly arkaňdan, göbekli garnyňdan, dyrnakly elleriňden, yz goýýan aýaklaryňdan, toprakly guýrugyňdan, omuzly boýnuňdan. Sowuk suw bilen oda sepýärin. Alla seni öz penasynda aman saklasyn».

* * *

Ümmi Hysany görüp, galdym men haýran,
Özünden bolmadyk ogly bardy oň.
Şatdy ol, diýdim: «Bu nä beýle geň?»,
Maňa jogap berip şeýle diýdi ol:
«Çeňmi-nä, başga bir hemram bar-a meň».

* * *

Abul Atahyýa ýüze çykan gozgalaň sebäpli Basradan çykmakçy bolupdyr. Onuň gulagyna: «Eý, Alla töwekgel edýän, nirä!» diýen ses eşidilipdir we gitmän ol ýerde galypdyr.

* * *

Kagbul Ahbar Ibn Apbasa:

— Sen ýorgut hakda näme diýýärsiň? — diýipdir.

Onda ol:

— Ol barada näme aýdyp bolar? Allanyň ýazgydyndan başga ýorgut ýokdur, Allanyň haýryndan başga haýyr ýokdur, Alladan başga Hudaý ýokdur, Alladan başga hiç hili güýç-kuwwat ýokdur — diýipdir.

Kagbul Ahbar:

— Seniň bu aýdan sözleriň Allanyň inderen kitabynda, ýagny Töwratda bar — diýipdir.

# ALTMYŞ BÄŞINJI BAP

## AT-ABRAÝ, TAPAWUT, JEDELLEŞMEK, MEŇZEŞLIK WE ŞULARA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Resulalla Halyt ibn Welide we Ykryma ibn Abu Jehle seredende: «Ölüden diri çykarýar»[1] diýen aýaty okar eken. Sebäbi olaryň ikisi hem sahabalaryň haýyrlylaryndan bolup, kakalary bolsa, Allanyň we onuň resulynyň iň ganym duşmanlarydy.

* * *

Resulalla Ibn Allasa[2]:

— Özüň bilen Amyryň[3] arasynda näme bar? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Men iman etdim we ol kapyr boldy, men wepaly boldum we ol biwepa boldy, meniň çagam boldy, ol perzentsiz galdy. Men namysly boldum, ol pyssy-pyjurlyk etdi — diýipdir.

---

[1] Gurhanyň «Rum» süresiniň 19-nji aýaty.

[2] Alkama ibn Allasa ibn Awd ibn Ahwas Kilaby Amyry - sahaba. Jahylyýet döwründe Amyr taýpasynyň ýolbaşçylyrynyň biri. 20-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

[3] Amyr ibn Tufeýl ibn Mälik ibn Japar Amyry - jahylyýet döwründe Amyr taýpasynyň ýolbaşçylarynyň biri. Şahyr. Yslamy kabul etmändir.

Onda Resulalla:
— Sen ondan haýyrlysyň — diýipdir.

* * *

Hezreti Aly Mugawyýa şeýle diýipdir: «Seniň: «Biz hem Abdymennafyň ogullarydyrys» diýen sözüňe geleli. Dogry, ýöne Umeýýe Haşym ýaly, Harb Abdylmuttalyp ýaly däldir. Abu Sufýan hem Abu Talyba menzemez. Muhajyryň azat edilene meňzemeýşi ýaly, asyl neberesine güman bolmadyk hem şübheli nebereden gelene meňzemez. Haka uýan batyla uýana, ynanan ikirjiňlenene deň däldir. Öz atalaryna uýup jähenneme düşen, nähili erbet perzentdir.

Biziň ellerimizde pygamberlik üstünligi bar, biz şeýle neberedendiris. Biz jahylyýet üstünligi bilen üstün bolan kişini hor-homsy etdik, pes bolana üstünlik berdik. Alla araplary öz dinine topar-topar salyp durdygyça bu ymmat isleseň-islemeseň, oňa baş egdi. Kim ynanyp musulman boldy, kim gorkup musulman boldy. Ilkinji muhajyrlar üstünlikleri bilen geçip gitdiler, abraý gazandylar».

* * *

Hezreti Alydan kuraýyşlar barada soralanda ol: «Mahzum ogullary kuraýşyň gülleridir. Biz olaryň erkekleriniň sözlerini eşitmegi we aýallary bilen nikalaşmagy söýýäris. Abdy Şems ogullary ejdatlaryny goramakda we seresaply hereket etmekde iň öňe gidenlerdir. Biz bolsa, elimizde bar bolan zady haýyr-yhsan ederis. Ölümiň öňünde janlarymyzy jormatlarça bereris. Olar köplükdir, mekirdir, erbet gylyk-häsiýetlidir. Biz bolsa, has arassa, nesihat bermekde has öňde we güler ýüzlülikde has rüstemdiris».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Iki iş arasynda nähili uzaklyk bardyr. Iş bar lezzeti gider, zähmeti galar we iş bar, zähmeti gider, sogaby galar».

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Geň zat, Mugawyýa ýanyna zalymlary çagyrýar, olara hiç zat bermeýär, emma onda-da oňa tabyn bolýarlar. Men musulman bolanlaryň neberelerinden gelen, olaryň orunlaryny tutan sizi kömege çagyrýaryn. Ýa-da nämedir bir zat bermek üçin söweşe çagyrýaryn. Emma siz meniň ýanymdan gaçýarsyňyz, maňa garşy bolýarsyňyz».

* * *

Abu Söwrden[1] sorapdyrlar:

— Sen Hammat ibn Zeýt ibn Dirhem we Hammat ibn Seleme ibn Dinar barada näme diýersiň?

Onda ol:

— Olaryň arasynda atalarynyň atlarynyň arasyndaky tapawut bar[2] — diýipdir.

* * *

Bir adam Amr ibn Ubeýtden bir mesele barada sorapdyr. Ol onuň jogabyny bermekde kynçylyk çekipdir. Ýaňky adam şeýle diýipdir:

Geň-taňlygy gutarmaýar döwrümiň,
Başy gitdi, tutduk onuň guýrugyn.

---

[1] Abu Sewr Kufy Habyp ibn Abu Melik - ynamdar hadys rowaýatçysy.

[2] Birinji Hammadyň atasynyň ady Dirhem, ikinjisiniň ady Dinar. Dirhem kümüşden, dinar altyndan ýasalýar.

Onda Amr:

— Sen Abu Huzeýfe barada aýtmak isleýärsiň, men şaýatlyk edýärin, ol meniň başymdy, men hem onuň guýrugydym — diýipdir.

* * *

Ibn Mübärek şeýle diýipdir: «Men Abu Hanypadan eşitdim. Ondan Alkama we Eswet barada soralypdyr. Ol hem:

— Men olaryň ady bilen doga-dileg edip, olary araçy edip görmedim. Olaryň haýsynyň rüstemdigini nähili bileýin? — diýipdir».

* * *

Abul Ynadan sorapdyrlar: »Sen Wehbiň[1] iki ogly barada näme diýersiň? Ol hem Allanyň şu aýatlaryny okapdyr: «Iki deňiz biri-biri bilen deň bolmaz. Bu süýjüdir suwsuzlygy gandyrýar, içilmegi aňsat. Bu hem duzludyr, ajydyr (bogazy ýakar)».[2]

* * *

Dilewar bir adam birine şeýle diýipdir: «Sureýýa ýyldyzyny seniň başyňa täç etseler, özüňi Ýedigen ýyldyzlaryna meňzetseler, Jöwza ýyldyzyny biliňe guşak etseler we bütin asman älemini seniň başyňa täç etseler hem pylany ýaly bolup bilmersiň».

* * *

Zyýat ibn Ebih Abul Eswetden Hezreti Ala bolan söýgüsi barada sorapdyr. Ol şeýle diýipdir: «Alyny söýmek meniň

---

[1] Wehb ibn Sagyt ibn Amyr Harysy.

[2] Gurhanyň «Fatyr» süresiniň 12-nji aýaty.

kalbymda yssylygy artdyrýar, göýä Mugawyýany söýmegiň seniň kalbyňda yssylygy artdyryşy ýaly. Men Allany we ahyreti Alyny söýmek bilen isleýän, sen bolsa dünýäni onuň zynaty bilen, Mugawyýa bolan söýgüň bilen isleýärsiň. Seniň we meniň ýagdaýym göýä Mezhejiň gyz doganynyň aýdyşy ýalydyr:

Biz iki dost, şanymyzdan üýtgeşik,
Beýiklik isleýän, Ýemeni söýüp.
Men Beni Mäligiň ganyny söýýän,
Beýikligiň nury göýä bir ak süýt.

* * *

Ahmet ibn Sehl[1] şeýle diýipdir: «Adamlar üç hilidir. Öňe giden, gowuşan we dargadan. Birinjisi, öz gazanan abraýy bilen öňe giden kişidir. Ikinjisi abraýyna kakasynyň abraýy bilen gowuşan kişidir. Üçünjisi, ata-babalarynyň abraýyny dargadan kişidir».

* * *

Akyldar deňziň ýüzündäki tagtanyň üstünde ýatan ýylany görüp: «Ol üstünde deňizçisi bolan gämä meňzeýär» diýipdir.

---

[1] Ahmet ibn Sehl ibn Hyşam ibn Welit Merwezi - serkerde. Merwde dünýä inipdir we şol ýerde ýaşapdyr. Mawerannahrdaky Samanlylara goşulyp, olaryň serkerdesi bolupdyr. Amr ibn Leýs ony Merw welaýatyna häkim belläpdir. Soň ony tutup, Sijistanda zyndana salypdyr. Soň ol ýerden gaçyp, Merwe gelip, häkimligi eline alypdyr. Soň Samanlylaryň emirleri närazy bolup, ony Sagyt Nasr ibn Ahmede ýamanlapdyrlar. Ahmet ibn Sehl olardan aryny alýar, hutbadan onuň adyny aýyrypdyr, şeýle hem Gürgeni we Horasany eýeläpdir. Merwde galada ýaşapdyr, Sagyt Buharadan onuň üstüne goşun iberýär. Ahmet olar bilen söweşde ýeňlipdir, özi hem Merweruzda (Tagtabazarda) ýesir düşüpdir. Ony Buhara alyp gidýärler. 307-nji hijri ýylynda zyndanda wepat bolupdyr.

* * *

Biri-birinden parhy bolmadyk iki zat barada «Göýä, abbadylaryň iki eşegi ýaly» diýipdirler. Abbadylardan birine:

— Seniň iki eşegiň haýsysy erbet? — diýlipdir.

Onda ol:

— Şu, soňam şu — diýip, eşekleriň ikisinem görkezipdir.

* * *

Rakkaşydan iki sany adam barada soralypdyr. Onda ol şeýle diýipdir:

Ikisi hakda soralan abbadylaryň iki eşegi.
Olaň biri beýlekiden has-da erbet eken.

* * *

Amyr ibn Tufeýl bilen Alkama ibn Alasa tersleşip, Herem ibn Kutbanyň[1] ýanyna barypdyrlar. Emma ol olaryň hiç birini hem beýlekisinden hak edip görkezip bilmändir we şeýle diýipdir: «Siz göýä aýagyny ýere deň goýan düýäniň iki dyzy ýaly».

* * *

Omar ibn Abu Rabyga Hezreti Omaryň wepat bolan gijesi dünýä inipdir. Şonuň üçinem onuň adyny dakypdyrlar. Adamlar bu barada: «Hak gitdi, batyl doguldy» diýipdirler.

* * *

Mugawyýa Ahnefe, Jariýe ibn Kudama we sagt ogullary taýpasyndan iki sany adama gaharlanypdyr. Olar hem oňa sögüpdirler. Muny hem Binti Kurta[2] eşidipdir we Mugawyýany

---

[1] Herem ibn Kutba ibn ýesar ibn Amr Fezary - jahylyýet döwründe araplaryň kazysy. Resulallanyň döwründe musulman bolupdyr.

[2] Mugawyýanyň aýaly.

eden işi üçin ýazgarypdyr. Mugawyýa oňa: «Mudar ogullary taýpasy araplaryň diregi, temim ogullary taýpasy mudaryň diregi, sagt ogullary taýpasy temimiň diregi, olaryň hemmesi hem sagt taýpasynyň diregidir» diýipdir.

* * *

Araplar şeýle diýipdirler: «Mudar araplaryň arasynda iň haýyrly taýpadyr, kuraýyş mudaryň iň haýyrly tiresidir, haşym kuraýyşyň iň haýyrlysydyr. Resulallanyň neberesi haşymyň iň haýyrlysydyr».

* * *

Japar ibn Süleýman Haşymy şeýle diýipdir: «Yrak dünýäniň gözüdir. Basra Yragyň gözüdir. Merbet[1] Basranyň gözüdir. Meniň öýüm Merbediň gözüdir».

* * *

Ýahýa ibn Halyt Barmaky şeýle diýipdir: «Adamlar eşidýän zatlaryny gowy ýazýarlar, ýazýan zatlaryny gowy ýat tutýarlar we ýat tutan zatlaryny gowy gürrüň berýärler».

* * *

Ibn Rumy şeýle diýipdir:

Bular hem döwrüň oglunda bardyr,
Öýlän yssysy hem saba çagdyr.

Döwür ogly – gündiz. Gündizde saba çaglary we öýlän yssysynyň bardygy üçin gündize döwür ogly diýlipdir. Şeýle hem döwürde şatlyklar we gynançlar bardyr.

---

[1] Basranyň bir etrapy.

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Öwlatlyk taýpa görä kesgitlenýär. Arap öwlady arap garaçysy üçin ajam[1] öwladyndan ýokardadyr. Ajam öwlady ajam garaçysy üçin arap öwladyndan ýokardadyr».

* * *

Bir adam şeýle gürrüň beripdir: «Men Käbäniň howlusynda gezip ýördüm. Biziň ýanymyzdan kel, arryk, aýagy gyşyk bir adam geçip gitdi. Onuň burny paşşykdy, reňki gazandan hem garady. Onuň egninde köýnegi we dony bardy.

Men:

— Bu adam kim? — diýip soradym.

Maňa:

— Hyjazlylaryň fykh alymlarynyň ymamy Ata ibn Abu Rabah — diýdiler.

* * *

Wehb ibn Werd Mekki Iblise gögünýän bir adama şeýle diýipdir: «Sen näme Iblise sögýärsiň, Alladan gork, özüň Iblisiň gizlin dosty, ýene-de oňa açykdan sögýärsiň».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Eger sen gödek bolsaň, mylaýymlygy öwren, eger sen alym däl bolsaň, ylym öwren, sebäbi eger bir adam az hem bolsa, bir kowuma meňzese, ol olaryň hatarynda kabul ediler».

---

[1] Ajam - araplardan beýleki milletler.

* * *

Mezine[1] Hassan ibn Sabyty[2] jahylyýet döwründe ýesir alypdyr. Onuň taýpasy pul töläp, ony satyn almakçy bolupdyr. Onda Mezine:

— Onuň fidýesi[3] bir süri geçidir — diýipdir.

Onda olar:

— Biz öz şahyrymyzy geçilere pida etdirmäge razy däl — diýipdirler.

Onda Hassan:

— Siz näme öz gözüňiziň görüp duran zadyny bileňzokmy? Bular teýs[4] ogullary taýpasyndan. Siz bulardan doganyňyzy alyň we olaryň öz doganlaryny beriň — diýipdir.

* * *

Allanyň misgin guly (Zamahşary) hem şeýle diýdi:

Menden bir gün soradylar Musa hem-de Musa hakda,
Iki ýazgyt — iki kysmaty haýyr bilen şer diýdim,
Iki Musa arasynda tapawut ap-aýdyňdyr,
Musa ibn Ymran[5] bilen Musa ibn Zafer[6] diýdim.

* * *

Hasan ibn Kaýsyň ogly şaýy, gyzy harrury[7], aýaly mugtezile, aýal dogany murjiýe,[8] özi bolsa sünni bolupdyr.

---

[1] Mezine kabylasyndan Ibn Ed ibn Tabyha ibn Ýas ibn Mudar.

[2] Pygamberimiziň şahyry, Hysan ibn Sabyt.

[3] Fidýe sözüne iki hili many berip bolýar. 1. Pida etmek. 2. Töleg puly.

[4] Teýs – manysy geçi diýmek. Sebäbi araplarda teýs (geçi) ogullary diýen taýpa bolupdyr.

[5] Musa pygamber.

[6] Musa Samyry. Ol kapyr bolupdyr we gölä ybadat edipdir.

[7] Harrury - Hezreti Ala we Hezreti Osmana garşy çykan haryjylaryň başga ady. Olar Harrur obasyndan çykandyklary üçin bu ady alypdyrlar.

[8] Murjiýe - sünnillikden aýry mezhepleriň biri.

Oňa bir gün: «Görýän welin, siz dürli pikirli birnäçe mezhep öýdýän» diýipdirler.

* * *

Mugtasym apbasly halypalaryň sekizinjisi bolupdyr. Ol sekiz ýyl we sekiz aý halypa boludyr. Onuň sekiz ogly we sekiz gyzy bolupdyr. Ol sekiz galany basyp alypdyr. Ol sekiz köşk saldyrypdyr. Ol özünden soňra hazynada sekiz ýüz müň dinar we sekiz segsen müň dirhem galdyrypdyr.

* * *

Agdarylan halypa Muhammet Emin özüni gabaýan duşmanyň gykylyklaryny we öz goşunynyň daşyny saklap, olara garşy durýandygyny eşidip şeýle diýipdir: «Iki topara hem Allanyň lagnaty bolsun! Olaryň biri meniň ganymy isleýär, beýlekisi bolsa meniň dirhemlerimi isleýär».

* * *

Mutarraf şeýle diýipdir: «Eger bendäniň gizlin we açyk işleri deňleşse, Allatagala oňa: «Bu meniň hak bendäm» diýer.

* * *

Adamlar Hezreti Abubekr bilen Hezreti Omaryň haýsynyň üstündigi barada gürrüň edip oturan ekenler. Bu habar Hezreti Omara ýetipdir we ol: «Abubekriň bir gijesi Omaryň ähli neberesinden haýyrlydyr» diýipdir.

* * *

Çarwa arap Abdylla ibn Zubeýriň we Amr ibn Osmanyň ýanyna gelip, ondan bir zat barada pitwa sorapdyr. Olar hem biri-birine «sen aýt-da, sen aýt» bolşupdyrlar. Onda ýaňky çarwa:

— Alladan gorkuň, men siziň ýanyňyza dogry ýoly gözläp geldim, men indi din barada kimden soraýyn — diýipdir. Olar hem Hasan bilen Hüseýini görkezipdirler. Olar hem onuň soragyna jogap beripdirler. Çarwa arap olar barada şeýle diýipdir:

Alla siziň ikiňiziň ýüzüňizi ak etsin,
Sandallary gaýyşdan bolan iki sany güler ýüzli Hasanlar (Hasan we Hüseýin).

* * *

Japar ibn Abu Talyp Resulalla keşbi we häsiýeti taýdan meňzeş eken. Bir gezek bir adam Japary görüp:

— Essalamu aleýkum, ýa, Resulalla — diýip, ony Resulalladyr öýdüp salam beripdir.

Ol bolsa:

— Men Resulalla däl, men Japar — diýipdir.

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Resulalladan soňra, sandal geýmekde we ulaga münmekde Japardan ökde hiç kim ýokdy».

* * *

Hüseýin öldürilende, Sagyt ibn As şeýle diýipdir: «Üstünlik Alladandyr, eý, Ibn Zyýat! Ol bir sary magdandy, indi altyna öwrüldi».

## ALTMYŞ ALTYNJY BAP

## GYNANÇDAN SOŇKY BEGENÇ, KYNÇYLYKDAN SOŇKY ÝEŇILLIK, ŞATLYK, GUTLAMAK, BUŞLAMAK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Men Resulallanyň yzyndan ýöräp baraýardym. Ol yzyna gaňrylyp maňa şeýle diýdi: «Eý, ýigit! Allany ýatla, ol hem seni ýatlar. Eý, ýigit! Allany gözle, ony taparsyň. Allany giňişlikde ýadyňa sal, ol hem seni darlykda tanar. Bil, eger halaýyklar jemlenişip, Allanyň saňa gadagan eden bir işini bermek isleseler, muňa güýç ýetirip bilmezler. Bilgin, kömek sabyrdan, begenç gynançdan soň gelýändir. Eger bir zat sorasaň, Alladan sora. Eger kömek isleseň, Alladan isle. «Her bir kynçylykdan soň ýeňillik bardyr».[1]

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Eger kynçylyk bir daşyň içinde bolsa, ýeňillik onuň içine girip, ony çykarar». Soň bolsa: «Her bir kynçylykdan soň ýeňillik bardyr»[2] aýatyny okady».

---

[1] Gurhanyň «Şerh» süresiniň 6-njy aýaty.

[2] Şol aýat.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Ýowuzlyk iň soňky derejesine ýetensoň şatlyk geler, belanyň halkalary daralansoň, rahatlyk geler».

* * *

Hudbe ibn Haşram kakasynyň doganynyň ogly Zyýada ibn Zeýt Uzaryny Mugawyýanyň halypalyk döwründe öldüripdir. Sagyt ibn As ony Medinede zyndana salypdyr. Ol tä Musewwir ibn Zyýada ibn Zeýt Uzary kämillik ýaşyna ýetýänçä bäş ýyllap zyndanda ýatypdyr. Hudbe zyndanda şeýle diýipdir:

Meniň başyma düşen gaýgy-gussanyň soňy,
Belki, begenje öwrülip, ýakynda geler gaýdyp.
Ýat garyndaşlar geler, uzak-alys ýerden diýip,
Gorkýan, olara hun töläp, halas bolaryn öýdüp.

* * *

Jerjeraýy Kätip şeýle diýipdir:

Düşmäň, ahyr umytdan, size begenç hem ýat däl,
Belki siziň arzuwyňyz arzuw edilýän zat däl.

* * *

Abul Atahyýa şeýle diýipdir:

Şu günlere hem-de beýlekilere,
Işi garaşyp dur bilseňiz Allaň.
Alla bardyr, bardyr onuň ýazgydy,
Şatlyk duşmaz öýdüp umytsyz bolmaň.

* * *

Şatlyk ýeli ösdi we meniň gaýgylarymy alyp gitdi.

* * *

Kabus şeýle diýipdir: «Her bir gaýgy dep bolar, her bir beýik pes bolar».

* * *

Arzuwyna ýeteniňki ýaly şatlyk bar mende,
Kitaby sagdan berleniň[1] şatlygy ýaly hem-de.

* * *

Sokratdan sorapdyrlar:

— Näme üçin geçen zada gynanmaýarsyň we peýdaly zada şatlanmaýarsyň?

Ol:

— Sebäbi geçen zadyň orny gaýgy bilen doldurylmaýar we peýdaly zat dowamly şatlandyrmaýar — diýipdir.

* * *

Halyt ibn Abdylla Kusry bilen Hyşam ibn Abdylmälik ibn Merwan süýtdeş dogan eken. Ýaş mahallary Halyt oňa:

— Men sende halypalygyň alamatlaryny görýärin. Sen hökman halypa bolarsyň — diýer eken.

Hyşam hem:

— Eger men halypa bolsam, Yragy saňa bererin — diýipdir.

Soň haçanda Hyşam halypa bolanda ony Yraga häkim belläpdir. Halyt hem bir gezek saçagyň başynda otyrkalar, oňa şeýle diýipdir: «Eý, möminleriň emiri! Alla seni öz yzzaty

[1] Kyýamat gününde Alla özüniň päk bendelerine olaryň amal depderlerini sagdan berjekdir.

bilen yzzatlasyn. Seni perişdeler bilen güýçlendirsin. Wezipäňde seni mübärek etsin. Saňa göz-gulak bolup gorasyn. Seniň ýurduňy musulmanlara nygmat etsin. Kapyrlara öç etsin. Bu häkimlik seni özüňden hem has beter arzuwlapdyr. Sen onuň görküne görk goşýarsyň. Seniň we seniň ýurduň, göýä Ahwas ibn Muhammediň[1] aýdyşy ýalydyr:

Gözellik gözellige goşulyp, has-da artýar,
Sen şeýle gözelligiň bolarkaň niresinde?
Gözel ýüz gerek bolsa, ýa köşgüne eger-de,
Gözel ýüzüň bolardy köşgüň zynatynda.

* * *

Ybraýym Mosuly Harun Reşidi halypalygy bilen gutlap şeýle diýipdir:

Görmediňmi gün sen, ol hassalyk halady,
Nury bilen sagaldy — Harun nazary düşdi.
Harun halypa bolup, weziri bolup Ýahýa,
Bilseň, dünýä özüniň jemalyna gowuşdy.

Ol bulary perdäniň aňyrsyndan aýtdy. Harun oňa ýüz müň, Ýahýa elli müň dirhem berdi.

* * *

Mamun agdarylan halypa Emin öldürilensoň, Merwden Bagdada gelende onuň ýanyna Eminiň ejesi Ümmi Japar Zubeýda gelip:

— Alla şükür bolsun, men şu wagt seniň ýüzbe-ýüz gutlaýan bolsam, öňürti ýüregim görmezden seni gutlapdy.

[1]Abdylla ibn Muhammet ibn Abdylla ibn Asym ibn Sabyt Ensary - medineli şahyr. Ahwas onuň lakamydyr. Emewiler döwründe ýaşap geçýär.

Men bir halypa ogly ýitirsem, ýerine başga halypa ogul tapdym. Men seni tapanym üçin hiç zada gynanmaýaryn. Elinde sen ýaly ogly bolan ene, hiç zat ýitiren däldir. Men Allatagaladan onuň alanyna sogap, berenine baýlyk dileg edýärin — diýipdir.

Ol çykyp gidenden soň halypa Mamun:

— Aýallar munuň ýalyny heniz doguran däldirler — diýipdir.

* * *

Ata ibn Abu Saýfy Sakafy emewi halypasy Ýezidiň ýanyna barypdyr. Ol ilkinji bolup gutlagy we ölüm gynanjyny bile bildiren kişidir. Ol oňa: «Allanyň halypalygy ýitirildi we Allanyň halypalygy berildi. Mugawyýa wepat boldy, biz ony söýýärdik. Alla onuň günälerini ötsün. Hökümdarlyk galdy. Syýasaty ýöretmäge iň laýyk ýolbaşçy sensiň. Sen muny Alladan gelen iň uly matam kabul et. Şeýle hem Allanyň iň uly dereje berenine şükür et» diýipdir.

* * *

Bir adam Abul Ynanyň ýanynda özüniň aýalyndan zeýrenipdir. Abul Yna oňa:

— Sen onuň ölmegini isleýärsiňmi? — diýipdir.

Onda ol:

— Ýok, diňe özünden başga Hudaý bolmadyk Allanyň adyndan ant içýärin, ýok — diýipdir.

Abul Yna:

— Özüň-ä ezýet berýär diýýärsiň, onda näme garşy çykýarsyň? — diýipdir.

Ol adam:

— Eger ol öläýse, begenjimden özümem ölerin öýdüp gorkýaryn — diýipdir.

* * *

Ýezit ibn Omar Hubeýra[1] bir adamy öldürmegi ýüregine düwüpdir. Onuň birden durky üýtgäp, içi gysyp ugrapdyr. Düýşünde kimdir biriniň özüne şeýle diýýändigini görüpdir:

Lowhda[2] ýazylan zadyň öňüne,
Hiç kimem ýetip bilmez deňine.

Bu wakadan soň bir aý geçip-gelmänkä, halypa Abu Japar Mansur ony öldüripdir.

* * *

Japar ibn Abu Talyp[3] Hebeşistan hökümdary Nejaşynyň ýanyndan Resulallanyň ýanyna gelipdir. Şol wagt Haýbaryň hem ýehudylardan basylyp alnandygy baradaky habar gelipdir. Resulalla ony görüp, gujaklapdyr, iki gözlerinden öpüpdir we oňa: «Enem-atam gurban bolsun saňa, men haýsysyna begenjegimi bilemok. Haýbar ýeňşinemi ýa-da Japaryň gelmeginemi?» diýipdir.

* * *

Halypa Seffahyň ölüminden soňra, halypa Mansur Mekgäniň ýolunda bir çarwa arap aýalyna duşupdyr. Ol aýal oňa: «Eý, möminleriň emiri, Alla saňa iki ýagdaýda hem has gowsuny etdi. Iki işde hem saňa has uly nygmat berdi. Allanyň halypasynyň ölmegi saňa matam boldy. Allanyň halypalygy saňa berildi. Bu matamy Alladan bil. Allanyň beren sowgadyna şükür et. Alla möminleriň emirini Halypa etdi we möminleriň işlerine ony laýyk gördi» diýipdir.

---

[1] Ýezit ibn Omar ibn Hubeýra Fezary Abu Halyt - emewiler döwründe Kinnesrin häkimi.

[2] Lowh - asmanda adamlaryň ýazgydy ýazylan tagta.

[3] Hezreti Alynyň dogany Japar Taýýar.

# ALTMYŞ ÝEDINJI BAP

## GARYNDAŞLYK, TIRE-TAÝPA, GARYNDAŞLAR BILEN GATNAŞYK SAKLAMAK, ENE-ATA HUKUGY, PERZENTLERI SÖÝMEK, PERZENTLERIŇ ENE-ATASYNYŇ ÖŇÜNDÄKI BORÇLARY WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abu Sagyt Hudry şeýle hadys gürrüň beripdir: «Men bir gezek:

— Eý, Allanyň Resuly, jennetde çaga dünýä inermi? — diýdim.

Onda ol:

— Nebsim gudrat elinde bolan Alladan ant içýärin, eger kim özüniň çagasynyň bolmagyny islese, bir wagtyň içinde ol hamyla bolar, dograr we sünnetlener (Ýöne beýle bolmagyny hiç kim islemez) — diýdi».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Siz ene-atalaryňyza garşy çykmakdan habardar boluň. Sebäbi jennetiň ysy bäş ýüz ýyllyk ýoldan gelýändir. Onuň ysyny ene-atasyny diňlemedik, dogan-garyndaş bilen gatnaşygyny kesen, zyna edýän garry we tekepbirlik edip donunyny ýerde süýräp gezýän kişi almaz».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Öz halkyňa hormat goý. Sebäbi olar seniň uçar ganatyňdyr we oňa öwrülýän seniň aslyňdyr. Sen olar bilen hemme ýere ýetýärsiň. Olar bilen uzaýarsyň. Olar kyn günüňde seniň kömegiňde taýýardyr. Olaryň aýbraýlylaryna hormat goý. Syrkawlaryna kömek et. Öz işleriňe olary goş. Olaryň kynçylyklaryny ýeňilleşdir».

* * *

Ýagşyzadalaryň biri her gün ejesiniň aýagyny öper eken. Ol bir gün dostlarynyň ýanyna gijä galyp barypdyr. Olar ondan sebäbini sorapdyrlar. Onda ol: «Men jennetiň bakjalarynda boldum. Men jennetiň eneleriň aýaklarynyň aşagyňdadygyňy eşitdim» diýipdir.

* * *

Mekhul şeýle diýipdir: «Mugaz ibn Jebel şeýle diýdi: «Hakykatdan hem Allatagala Musa alaýhyssalam bilen 3500 aýat gürleşipdir. Musa alaýhyssalamyň iň soňky sözi:

— Eý, Rebbim, maňa wesýet et! — diýip, Alladan haýyş etmegi bolupdyr.

Onda Allatagala oňa:

— Men saňa ejeňi ynjytmazlygy wesýet edýärin — diýipdir we ony ýedi gezek gaýtalapdyr. Soň bolsa: «Eý, Musa, onuň razyçylygy meniň razyçylygym, onuň gahary meniň gaharym» diýipdir».

* * *

Zubeýr ibn Awwam ogly Abdyllanyň kalbyny galkyndyryp şeýle diýipdir:

Kowmuň güli sen Abu Atygyn[1],
Perzentleriniň mübäregi Syddygyň.

* * *

Abdylmuttalybyň ogly Hakem[2] öz kakasynyň ähli diýenlerini eder eken. Onuň kakasy ogly Harysy has gowy görýän eken. Hakem bir gezek özüne köp pula owadan gyrnak satyn alypdyr. Gyrnagyň garyndaşlary ony gowy edip bezäpdirler. Hakem hem owadan lybaslaryny geýipdir. Ol gowy atyr sepinip, kakasynyň ýanyna barypdyr. Görse, onuň ýanynda Harys bar eken. Kakasy oňa:

— Meniň senden bir islegim bar — diýipdir.

Ol:

— Eý, kaka, men seniň guluň, näme emriň bolsa aýt — diýipdir.

Kakasy:

— Sen gyrnagyňy Harysa ber. Öz donuňy hem çykar we oňa ber. Men anyk bilýärin, Harysyň göwni ol gyrnakda — diýipdir.

Harysyň muňa gahary gelip, gazaplanypdyr we ony almajagyna ant içjek bolupdyr. Emma Hakem ol heniz ant içip ýetişmänkä:

— Eger kakamyň aýdýanyny sen etmeseň, ol azat — diýipdir we donuny çykarypdyr. Soň bolsa dünýäden el çekipdir we serhetýakasyna gidipdir we tä ölýänçä Menbeçde ýaşapdyr.

---

[1] Abu Atyk - Abubekr Syddyk. Zubeýriň aýaly, Abubekriň gyzydyr.

[2] Hakem ibn Abdylmuttalyp - emewiler döwründe ýaşap geçen sahylaryň biri. 108-nji hijri ýylynda wepat bolýar.

* * *

Çarwa arap hajdan gelýän bir adama duşupdyr we onuň taýpasy barada sorapdyr. Ol:

— Men bahyla taýpasyndan — diýipdir.

Çarwa arap:

— Men olardan Alla sygynýaryn — diýipdir.

Ol:

— Näme üçin? Men hem olaryň azat eden guly — diýip sorapdyr.

Çarwa arap hem baryp, ony gujaklapdyr, onuň ellerinden öpüp:

— Men ynanýaryn, eger sen olaryň synagyndan geçip, azat bolan bolsaň, onda sen hökman jennete girersiň — diýipdir[1].

* * *

Muhammet Hanapyýadan sorapdyrlar:

— Hezreti Aly nädip seni Hasan we Hüseýinsiz kynçylyklara iberýär we darlyklara salýar?

Onda ol:

— Sebäbi olaryň ikisi onuň iki gözi, men bolsa iki eli. Ol hem iki eline daýanýar — diýipdir.

* * *

Mugawyýa şeýle diýipdir: «Maşgala mal-mülküň gurçugydyr».

---

[1] Sebäbi bahyly taýpasy araplarda şum hasaplanýan eken. Hatda şahyrlaryň biri bu barada şeýle diýipdir: «Eger bir ite: «Eý, bahyly» diýip ýüzlenseň, ol hem saňa ol taýpanyň şumlygy üçin üýrer».

* * *

Çarwa arap başga bir çarwa şeýle doga-dileg edipdir: «Alla seni iň öňdäkä daýanýan ahyrky etmesin».

* * *

Öňküler şeýle diýipdirler: «Ýakyn dogan-garyndaşlar içýanlar ýalydyr. Saňa emaý bilen ýapyşýarlar, erbet zyýan ýetirýärler».

* * *

Bedroý bir adam Jemmazyň ýanyna gelip:

— Meniň oglum boldy, ol göýä nagyşlanan dinar ýaly — diýipdir.

Onda Jemmaz oňa:

— Git-de onuň ejesine ant içdir (ýagny ol senden däl bolaýmasyn) — diýipdir.

* * *

Pelsepeçi şeýle diýipdir: «Kim atasyna garşy çyksa, onuň ogly hem soň özüne garşy çykar».

* * *

Halyt ibn Abdylla Kusry bir gezek Wasyl ibn Atadan onuň taýpasyny sorapdyr. Onda ol:

— Meniň taýpam yslamdyr. Kim oňa şek ýetirse, öz taýpasyna şek ýetirdigi bolar, kim ony gorasa, öz taýpasyny goradygy bolar — diýipdir.

Onda Halyt oňa:

— Hakyky bende we jaýdar söz — diýipdir.

* * *

Bir adam okuwa gatnaýan oglundan:

— Sen haýsy süreden barýarsyň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— «Men şu şäher bilen we perzentsiz kakam bilen kasam edýärin»[1] süresinden barýaryn — diýip, kakasynyň üstünden gülüpdir.

Onda kakasy:

— Ömrümden ant içýärin, sen kimiň ogly bolsaň, ol ogulsyzdyr — diýipdir.

* * *

Bir adam ogluny uzynlygy ýigrimi zirag[2] bolan guýusyna ýüp satyn alyp gelmek üçin bazara iberipdir. Ol pullary ýolda sowupdyr we yzyna gelip:

— Kaka, ini näçe zirag? — diýipdir.

Kakasy hem onuň ýagdaýyny aňyp:

— Onuň ini meniň sen zerarly çeken zyýanym — diýipdir.

* * *

Muhammet ibn Beşir Ibn Juseým atly birini bir hajaty üçin iberipdir. Ol onuň işini bitirmän gelipdir. Muhammet ibn Beşir oňa seredip şeýle diýipdir:

Akyly-ha guşuň akylyna deň,
Düýeleriň arasynda özi hem.

Onda ol hem şeýle jogap beripdir:

---

[1] Gurhanyň «Beled» (Şäher) süresiniň 1-3-nji aýatlarynda: «Men bu şäher (Mekge) bilen kasam edýärin. Sen bu şäherde ýaşaýarsyň. Kakasy bilen oglundan (kasam edýärin)» diýilýär.

[2] 1 zirag – takmynan 68-70 sm bolan ölçeg birligi.

Saňa meňzeşe duşdum,
Aýrylyp bilmän geçdim.

* * *

Çarwa arap ogluna gaharlanypdyr we onuň ene-atanyň öňündäki hukuklaryny ýatladypdyr. Onda ogly: «Eý, kaka, seniň maňa iň uly borjuň, meniň iň kiçi hukugymy depelemezligiňdir» diýipdir.

* * *

Birnäçe ýatlar bardyr, ýitmeýär ýagşylygy,
Birnäçe ýakynlar bar ynamsyz — şer gylygy.

* * *

Abul Mahaşdan (Mahaşyň kakasyndan):

— Seniň ogluň bolmanmydy? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Hawa bolupdy, ady Mahaşdy. Onuň agzy gyşykdy, burny ullakandy. Ol gürlände ermiňiň gyllygyny akdyrardy. Ol göýä dagyň çür depesinden seredip duran ýaly gözleri möledi, onuň bokurdagy göýä dinar ýalydy. Süňkleri arryk düýäniňki ýaly sommalyp durdy. Men ondan öň ýa-da soň onuň ýalyny gören bolsam, Alla meniň gözümi çykarsyn — diýipdir.

* * *

Aýdypdyrlar: «Ogluň çagalykda seniň gülüňdir, ýigit mahaly hyzmatkäriňdir, soň ýa duşmanyňdyr, ýa dostuňdyr».

* * *

Aýdypdyrlar: «Emewiler bir çelek sirkedir. Alla olardan bir halta bal, ýagny Omar ibn Abdylezizi çykardy».

* * *

Gara tomzak enesine:

— Hemmeler maňa tüýkürip geçýär — diýip zeýrenipdir.

Onda enesi:

— Olar seniň owadanlygyňa geň galýandyrlar — diýipdir.

* * *

Bir taýpanyň abraýly kişisi Sokraty taýpasynyň ýoklugy bilen tankytlapdyr. Onda Sokrat oňa: «Meniň taýpam meniň üçin namys. Emma sen taýpaň üçin utanç» diýipdir.

* * *

Çarwa arapdan onuň garagol bir ogly barada:

— Ogluň nähili? — diýip sorapdyrlar.

Ol:

— Azap. Ömür boýy ondan ýaňa burnum ganaýar. Bela. Onuň öňünde sabyr eder ýaly däl — diýipdir.

* * *

Çarwa arap özüniň bedroý ogluna garap şeýle diýenmiş: «Eý oglum! Sen dünýä durmuşynyň zynaty dälsiň». (Ol Allanyň Gurhandaky şu sözüni göz öňünde tutupdyr: «Mal we perzentler dünýä durmuşynyň zynatlarydyr»[1]).

* * *

Hind ibn Utbäniň[2] ogly Ýezit ibn Abu Sufýan[3] wepat bolanda, oňa gynanç bildirmäge gelipdirler we oňa:

---

[1] Gurhanyň «Kehf» süresiniň 146-njy aýaty.

[2] Mugawyýanyň ejesi.

[3] Mugawyýanyň dogany.

— Biz Mugawyýa onuň oruntutary bolmagyny arzuw edýäris — diýipdirler.

Onda Hint:

— Eýsem, heý Mugawyýa ýaly bolup biljek barmy? Eger ähli araplar ýygnansalar we olaryň arasyna Mugawyýany oklasalar, ol özüniň islän tarapyndan çykar — diýipdir.

* * *

Welit ibn Ýezit ibn Abdylmälik şeýle diýipdir:

Käwagt begendirse keseki-ýatlar,
Käwagt hem ýakynlar bagryňdan otlar.

* * *

Halypa Mansur haşymylardan bir adama:

— Seniň kakaň haçan wepat boldy? Ölümine näme sebäp boldy? — diýipdir.

Onda ol:

— Kakam syrkawlady, Alla oňa rehmet etsin we şeýle wagtda hem ýogaldy, Alla oňa rehmet etsin — diýipdir.

Şol ýerde duran Rabyg ibn Ýunus oňa:

— Näme üçin möminleriň emiriniň ýanynda kakaňa beýle köp rehmet dileýärsiň? — diýipdir.

Onda haşymy oňa:

— Bu gynançly ölüm saňa degişli däl, şonuň üçinem bilmersiň — diýipdir.

Halypa Mansur muňa ýylgyrypdyr. Rabyg hem utanypdyr.

* * *

Muhammet ibn Sirin ejesiniň ýanynda göýä öňünde borjy bolan serkerde bilen gürleşýän ýaly örän çekinjeň gürlär eken.

* * *

Fuzaýl şeýle diýipdir: «Çaganyň ysy jennet ysydyr».

* * *

Ýusup ibn Asbat şeýle diýipdir: «Eger Allatagala bir bendesine şer islese, ony zäherli ýylanyň dişleri bilen, ýagny maşgalasy bilen çakdyrar».

* * *

Lueý ibn Galybyň aýaly Mawyýa ondan:

— Sen haýsy ogluňy gowy görýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda Lueý oňa:

— Her bir zada açgözlük edip elini uzatmaýan, ýalan sözlemeýän, ahlagy erbet bolmadyk, ýagny seniň ogullaryň birini. Allatagala saňa we maňa onuň bilen bereket bersin — jogap beripdir.

Ýagny ol Muhammet pygamberiň sekizinji arkasy Kagb ibn Lueý ibn Galyp ibn Fehri göz öňünde tutupdyr».

* * *

Aly ibn Musa Ryza dogany Zeýt ibn Musa şeýle diýipdir: «Eý, Zeýt, saňa hiç gelişmeýär! Sen ertirki gün Resulalla näme diýjek? Sen gan dökýärsiň, ýol urup, talaňçylyk edýärsiň, nädogry ýollar bilen mal alýarsyň. Mümkin, seni Kufaly akmaklaryň pygamberiň adyndan: «Patma[1] ähli zatlardan goranandyr. Alla onuň zürýadyna dowzahy haram etdi. Munuň delili hem onuň Hasan bilen Hüseýini dogurmagydyr» diýip aýdýan toslama hadyslary aldaýan bolaýmasyn. Olar

[1] Patma – Resulallanyň gyzy; Hezreti Alynyň aýaly.

(pygamber nesli) bu derejä diňe Alla tagat etmek bilen ýetendirler».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Dogan-gardaşlar bilen gatnaşmak malda baýlygy, maşgalada söýgini we ömrüň uzamagyny artdyrar».

* * *

Halypa Mugawyýa ogly Ýezide gaharlanypdyr we ony kowupdyr. Onda Ahnef ibn Kaýs Mugawyýa: «Eý, möminleriň emiri, çagalarymyz biziň bagrymyzdyr, kalplarymyzyň miwesidir, arkamyzyň daýanjydyr. Biz olara saýa salýän asmandyrys, pespäl ýerdiris. Biz ähli üstünliklerimize olar bilen ýetýäris. Eger olara gaharlansaňda, olardan razy bol. Bir zat sorasa, ber. Eger soramasalar, özüň eltip ber. Olara gyýa göz bilen seretme, ýogsam, senden bizar bolarlar we ölmegiňi dilärler» diýipdir.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) Syffyn söweşinde[1] ogly Hasanyň söweşe goşulandygyny görende, şeýle diýipdir: «Bu ýigidi tutuň, meniň bilimi döwmesin. Sebäbi bularyň ikisiniň (Hasan bilen Hüseýiniň) wepat bolmaklaryny, Resulallanyň nesliniň kesilmegini islemeýärin. Bu maňa gaty agyr düşer».

[1] Syffyn söweşi – Hezreti Aly bilen Mugawyýanyň arasynda bolan söweş.

* * *

Ýene-de ol şeýle diýipdir: «Niçe ýatlar bardyr, ýakyndan hem ýakyndyr. Niçe ýakyn bardyr, ýatdan hem daşdyr. Keseki adam hiç hili dosty bolmadyk adamdyr».

* * *

Pelsepeçä:

— Näme üçin ene-ataňa gulak asmaýarsyň? — diýipdirler.

Ol:

— Sebäbi olar meni bu bar boluş we ýok boluş[1] äleme çykardylar — diýipdir.

* * *

Aly ibn Hüseýin Zeýnalabydyndan:

— Sen ynsanlaryň iň abraýlysy. Näme üçin ejeň bilen bir ýerde nahar iýmeýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Men elim onuň gözleriniň seredýän ýerinden öňe geçer we netijede oňa hormatsyzlyk etdigim bolar öýdüp gorkýaryn — diýipdir.

* * *

At-abraý, gaýrat-tagalla belent hümmet bilendir, geçmişdäki çüýrük galyndy bilen däldir.

* * *

Paýhas taýdan ynsanlaryň iň paýhaslysy pygamberlik neberesinden bolanyňkydyr.

---

[1] Sebäbi pelsepe ylmynda äleme «Alemul-kewni wel-fesat» (bar boluş we ýok boluş älemi) diýilýär.

* * *

Oglan ýigit çyksa, atasynyň derdi artar.

* * *

Kagb ibn Mälik şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Kyptylara[1] haýyrly niýetde boluň. Olary goraň we rehm ediň. Ýagny Ysmaýyl pygamberiň ejesi Hajar kypty milletindendi. Eger Ybraýym pygamber ýaşan bolsady, ähli kyptylardan jizýäni[2] ýatyrardy».

* * *

Şebip ibn Şemse şeýle diýipdir: «Ähli lezzetler gitdi, olar diňe çagalary ysgamakda, dostlaryň mylakatlygynda we aýallar bilen hylwatda bolmakda galdy».

* * *

Omar ibn Abdyleziz Meýmun ibn Mehrana şeýle diýipdir: «Eý, Meýmun, eger ýagşylygy emr edip, erbetlikden gaýtarýan bolsa hem soltanlaryň ýanyna barma, hiç bir aýal bilen, eger ol Gurhan okaýan bolsa-da, hylwatda galma, ene-atasyna garşy çykýan bilen dost bolma, sebäbi ene-atasyna garşy bolan saňa wepa bermez».

* * *

Hezreti Omar ogluny boýnunda göterip ýören bir adamdan:

— Bu seniň nämäň? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

---

[1] Kypty – Müsüriň gadymy ilaty.

[2] Musulman bolmadyklardan alynýan salgyt.

— Oglum — diýipdir.

Onda Hezreti Omar:

— Ol eger ýaşasa — ýüküň, ölse-de gynanjyň — diýipdir.

* * *

Hezreti Omar şeýle diýipdir: «Perzentleriňizi köpeldiň. Sebäbi siz olara kimiň rysgal berýändigini bilmersiňiz ! Olara rysgal berýän Alladyr».

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Ynsanyň ýakyn dogan-garyndaşlary, göýä onuň başyndaky saçy ýalydyr. Oňa gowy seredilmelidir».

* * *

Akyldardan sorapdyrlar:

— Näme üçin çaga edinmeýärsiň?

— Ony has söýýändigim üçin — diýip akyldar jogap beripdir.

* * *

Hajjaç Ibn Kyrryýadan:

— Nähili miwe isleýärsiň? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Perzent miwesini, ol jennetiň hurmasyr — diýdi.

* * *

Hezreti Omar şeýle diýipdir: «Arap dilini öwreniň, sebäbi ol paýhasy artdyrýar. Tire-taýpa ylmyny öwreniň. Çünki bilinmeýän garyndaşlyk tire-taýpanyň bilinmegi bilen tapylýar».

* * *

Hamdan taýpasyndan bir adam Ibn Apbasdan:

— Men kimlerden? — diýip sorapdyr.

Onda Ibn Apbas:

— Sen araplardan — diýipdir.

Ol adam:

— Sen kimlerden? — diýip sorapdyr.

Ibn Apbas:

— Kim bizden, ýagny pygamber neslinden sorasa bilsin, biz Kusydandyrys[1], aslymyz Adam ata, hormatymyz takwadyr, aýratynlygymyz ahlakdyr. Şuňa çenli hem ynsanlaryň taýpasynyň kimdendigi belli bolýar — diýipdir.

* * *

Esma ibn Haryja bir adama:

— Men at-abraýly atalaryň ogly — diýipdir.

Muny eşiden Ibn Mesgut oňa:

— Ýalan sözleýärsiň. At-abraýly atalaryň ogly Ýusup ibn Ýakup ibn Yshak ibn Ybraýymdyr. Olar at-abraýly atalardyr. Seniň atalaryň däldir — diýipdir.

* * *

Isa pygamberden:

— Nähili adam has abraýly? — diýip sorapdyrlar.

Ol elleri bilen iki gysym toprak alyp:

— Şularyň haýsy has abraýly? — diýipdir. Soň olary goşupdyr we pytradypdyr we şeýle diýipdir: «Allanyň ýanynda iň hormatly bolan takwa bolan kişidir (Alladan köp gorkýan kişidir)».

---

[1] Kusy – Yrakda Ybraýym pygamberiň dogan ýeri.

* * *

Hezreti Omar şeýle diýipdir: «Özüňiziň tire-taýpaňyzy öwreniň. Olar bilen aslyňyzy öwreniň we dogan-garyndaşlaryňyzy tanaň».

* * *

Yshak pygamberiň üç ogly bolupdyr. Ýakup, Iliýes, ol rumlularyň atasydyr we Bars, oňa Pars hem diýdiler, ol parslaryň atasydyr.

* * *

Gany bilen Bahyly özlerini üstün hasaplap, dawalaşypdyrlar we dawalaryny çözmek üçin Harkus Sadusynyň[1] ýanyna gelipdirler. Ol bir gumalagy iki ýaryp: «Munuň biri Gany, biri Bahyla» diýipdir.

* * *

Amr ibn Asyň ejesi Nabyga Anza taýpasyndan bir adamyň gyrnagy eken. Olar ony ýesir alypdyrlar. Soň ony Abdylla ibn Jedgan satyn alypdyr. Ol erbet aýal bolupdyr we soň ol azat edilipdir. Ol Abu Lehep, Umeýýe ibn Halef, Hyşam ibn Mugyra, Abu Sufýan ibn Harp, As ibn Waýyl[2] dagylar onuň bilen jynsy gatnaşykda bolupdyrlar.[3] Hemmesi hem bir wagtyň içinde bolup geçipdir. Soň ondan Amr doglupdyr. Olaryň hemmesi bu çaga menden diýipdirler. Emma ol aýal:

---

[1] Gany, Bahyla, Harkus Sadusy - jahylyýet döwründe taýpa ýolbaşçylary.
[2] Jahylyýet döwrüniň taýpa ýolbaşçylary.
[3] Jahylyýet döwründe şeýle adat bolupdyr. Aýal köp erkekler bilen jynsy gatnaşykdan soň öz islänini çaganyň atasy diýip saýlap bilýän eken.

— Ol As ibn Waýylyňky. Sebäbi ol meni ekledi — diýipdir.

Emma oňa:

— Ol Abu Sufýana ibn Harba meňzeýär — diýipdirler. Munuň bilen baglanyşykly Abu Sufýan ibn Harys ibn Abdylmuttalyp şeýle diýipdir:

Hiç şeksiz Abu Sufýan seniň kakaňdyr,
Ol bize seniň ýüz keşbiň alamatlaryndan aýdyň.

* * *

Mugawyýa dört kişä degişli edilipdir: Mysapyr ibn Abu Amra, Ammara ibn Welide, Apbas ibn Abdylmuttalyba we Ammaranyň garaýagyz aýdymçysy bolan Sabaha.

Aýtdylar: – Abu Sufýan bedroý, güýçsüz bolupdyr. Sabah hem Abu Sufýanyň hyzmatkäri bolupdyr. Ol ýaş we görmegeý eken. Abu Sufýanyň aýaly Hint hem ony özüne çagyranmyş.[1]

* * *

Aýdylşyna görä, Utbe ibn Abu Sufýan hem Sabahdanmyş. Ejesi ony öýde dogurmak islemänmiş we ony at ýatakda dogranmyş.[2]

* * *

Halypa Mäti bilen Apbas ibn Muhammet Käbedäki gara daşy ogşamak üçin barypdyrlar. Mäti:

— Sen öňürti bar, agam — diýipdir.

Onda Apbas:

---

[1] Bu habar toslamadyr. Muny Mugawyýa we emewilere duşman bolanlar oňa töhmet atyp garalajak bolupdyrlar. Onuň ejesi Hint jahylyýet we musulmançylyk döwürlerinde namysly aýal bolupdyr.

[2] Bu habar hem emewilere duşmançylyk niýeti bilen toslanan habardyr.

— Alla saňa haýyrly sogap bersin, eý, möminleriň emiri. Sen agaňy öňe geçirdiň. Bu seniň üçin abraýdyr — diýipdir.

* * *

Beni Süleýmiň hyzmatkäri Abu Nadyr şeýle diýidpir:

Barmakylaryň neslinden doglan çaga begenýän men,
Fazlyň neslinden bolaýsa, ondan — oňa aýratyn men.

* * *

Harun Reşit Ymam Musa Käzime:

— Men seni öldürjek — diýipdir.

Onda ol:

— Sen beýtme. Sebäbi men kakamyň şeýle diýendigini eşitdim: «Resulalla şeýle diýipdir: «Eger bir bende rehimli bolsa we onuň ajalyna üç ýyl galan bolsa, onuň rehimli bolandygy üçin Alla ony otuz ýyla çenli uzaldar. Emma eger bir bende rehimsiz bolsa we onuň ajalyna otuz ýyl galan bolsa, Alla ony üç ýyla çenli azaldar» — diýidpir.

* * *

Azat ýaradan Alla, saňa ýagşylyk etdi,
Sen sebäpli hemme ýeri gündiz — ýagtylyk tutdy.

Ogullaryň mertebesi has ýokary — belent galan,
Ynsanlaryň iň beýigi hem bäs edişmez olar bilen.

Rowaýata görä, Abdylmälik ibn Merwan şahyrlaryna:

— Siz Kagp Abu Mäligiň Muhellep we onuň ogullary barada aýdanlary ýaly aýdyp bilmermisiňiz — diýipdir we ýokarky iki beýdi aýdypdyr.

* * *

Ibn Harme Halypa Mansura:

— Men seni şeýle wasp etdim welin, hiç kim onuň ýaly wasp edilen däldir — diýipdir.

Onda ol:

— Kagbyň Muhellep barada aýdanlaryndan ýokary hiç zat bolup bilmez — diýipdir we ýokarky iki beýdi aýdypdyr.

* * *

Hezreti Alynyň Mugawyýanyň Zyýat ibn Ebihi özüne dogan yglan etmek niýetine düşen wagty Zyýada iberen haty: «Meniň eşitmegime görä, Mugawyýa seniň akylyňy çaşyrmak we gylyjyny ýitileşdirmek üçin saňa hat ýazypdyr. Ondan habardar bol. Ol hut şeýtanyň özüdir. Ol adamyň öňünden, yzyndan, sagyndan, çepinden geler, ony gapyllykda awlamak, gapyllykda tutmak islär. Abu Sufýan Hezreti Omaryň döwründe nebsine uýup, şeýtana aldanyp bir söz aýdypdy. Onuň aýdany bilen nesil emele gelmez, mirasa hem hukuk gazanylmaz. Beýle söz bilen özüni bir nesle degişli eden, düýeden asylan sakyrtga döner, boýny sallanar durar[1]».

(Düşündiriş: Hezreti Omaryň döwründe Zyýat ibn Ebih bir mejlisde örän jaýdar söz sözleýär. Muny eşiden Amr ibn As hem: «Bu kişi kuraýyşdan bolsady, araplary taýagy bilen islän ýerine sürerdi» diýýär. Abu Sufýan hem: «Walla, ol kuraýyşdandyr. Ony tanasaň, ol senden üstündir» diýýär).

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!): «Ynsanlaryň arasynda pygamberlere iň ýakyn bolanlar oňa

---

[1] Bu habar şaýylaryň Hezreti Alynyň tarapyny tutup, Mugawyýa garşy toslan habarlarynyň biridir.

geleni has gowy bilýänlerdir» diýipdir we şu aýaty okapdyr: «Ynsanlaryň arasynda Ybraýym pygambere iň ýakyn bolanlar oňa tabyn bolanlardyr».[1] Soň bolsa şeýle diýipdir: «Muhammediň dostlary eger onuň garyndaşlaryndan uzak bolsalar-da, Alla boýun bolanlardyr. Muhammediň duşmanlary bolsa, eger onuň iň ýakyn garyndaşy bolsa-da, Alla günäkär bolan kişilerdir».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Seniň işiň köp bölegi öz maşgalaň we perzentleriň bilen bolmasyn. Eger seniň maşgalaň we perzentleriň Allanyň dostlary bolsa, Alla öz dostlarynyň ýüzüni gara etmez. Emma olar Allanyň duşmanlary bolsa, onda Allanyň duşmanlary bilen meşgullanyp, olara üns berip näme etjek?

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Eger Allatagala öz bendesine haýyr islese, ony dünýäde öz maşgalasy we perzentleri bilen meşgullandyrmaz».

* * *

Aýdypdyrlar: «Maşgalaly adamyň sogaby örän uludyr. Ýalňyz kişi özüniň ybadatyndan maşgalaly kişiniň ybadatyndan almadyk lezzetini alar».

* * *

Aýdypdyrlar: «Biz bu işe seredip, şeýle netijä geldik. Bu maksada ýetenler terkidünýälerdir».

---

[1] Gurhanyň «Aly Ymran» süresiniň 67-nji aýaty.

* * *

Awzagy şeýle diýipdir: «Öz maşgalasyndan gaçan kişi, göýä gaçak gul ýalydyr. Onuň orazasy we namazy tä ol yzyna gaýdyp gelýänçä kabul bolmaz».

* * *

Ews ibn Harysa[1] şeýle diýipdir: «Ene-ata gulak asmazlyk matam görmedik üçin matamdyr».

* * *

Abul Jerrah Ukaýly şeýle diýipdir: «Men her wagt öz taýpam bolan ukaýl taýpasyndan kimdir birini görsem, onda oňa rehim-şepagat edip, onuň bilen gadyrly bolýardym».

* * *

Kakasynyň oglunyň öňündäki borçlarynyň biri hem onuň erbet ýola düşmegine sebäp bolmazlyk üçin oňa mal-mülk bermegidir.

* * *

Kim öz dogan-garyndaşlaryna jepa berse, onuň öz nygmatlarynyň gözbaşyna uly jepa berdigidir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kim özüniň neslini atasyndan başga birine degişli etse ýa-da hojaýynyndandygyny öňe sürse melgundyr, melgundyr».

---

[1] Ews ibn Harysa ibn Lam Taýy - jahylyýet döwründe taý taýpasynyň ýolbaşçylarynyň biri.

* * *

Mejnun şeýle diýipdir: «Yjl[1] maşgalasynyň sesleriniň we ýüzleriniň üýtgemegi aýallaryň bozulandygynyň alamatydyr».

* * *

Aýdylypdyr: «Eger seniň ýakyn garyndaşyň bar bolsa, onuň ýanyna barmasaň we malyňdan oňa hiç zat bermeseň, sen ony özüňden kesdigiňdir».

* * *

Abu Adyý Ubly şeýle diýipdir:

Abdy Şems seniň kakaň, ol biziň hem kakamyzdyr,
Çagyrmaýarys biz seni alys ýerden, uzak ýerden.
Biziň aramyzda ahyr ýakyn garyndaşlaň bary,
Baglydyr mäkäm ýüp bilen, aýrylmak ýokdur olardan.

* * *

Zeberkan ibn Bedriň ýedi gyzy bolupdyr. Olaryň birini Hezreti Omara, birini hem Sagdy Wakgasa durmuşa çykarypdyr. Galanlaryny hem kuraýyşlylara we sakyflylara durmuşa çykarypdyr. Ol tä wepat bolýança oňa ýüz sany kuraýyş aýaly ozi bilen durmuş gurmagy teklip edipdir, emma ol ret edipdir.

* * *

Jerir ibn Abdylla Halypa Mätä şeýle diýipdir:

Abdy Şems ýöräp gelýär, ol Haşymyň yz ýanyndan,

---

[1] Yjl maşgalasy - arap taýpasynyň biri. Olaryň ýolbaşçysy Yjl ibn Lejim akmak bolupdyr.

Göýä ene-ata ýaly ikisi hen olaryň.
Sizi bizden üstün ýeriňiz öwrenerin, bilerin,
Biziň hem siz araplardan üstün ýerimizi bilmeli,
Biziň bilen gatnaşygy belent tutup, üstün tutup,
Goraň Abdy Şemsi siz, Abdylmuttalyp nesilleri.

* * *

Halypa Mamun: «Men kakasyna Fazl ibn Ýahýadan köp ýagşylyk eden hiç kimi görmedim» diýipdir. Onuň ýagşylyklarynyň diňe biri hakynda aýtsak, Fazlyň kakasy Ýahýa diňe ýyly suw bilen täret alar eken. Olar zyndanda ýatyrkalar, garawul olara sowuk gijede daşary çykmagy gadagan edipdir. Kakasy Ýahýa düşegine girende, Fazl ýerinden turup, kündügi çyranyň üstünde goýup ýyladar eken. Ol şeýdip, tä kündük gyzýança saklar eken. Garawul hem çyranyň ýagynyň azalýandygyny duýup ugrapdyr we çyrany hem aýrypdyr. Fazl bolsa kündügi tä ertire çenli gujagyna alyp gyzdyrypdyr.

* * *

Hezreti Osman (goý, Alla ondan razy bolsun!) gyzynyň ýanyna gelipdir. Ol ýoldaşy Abdylla ibn Halyt ibn Useýdiň ýanynda eken. Osman onuň hamyla däldigini görüpdir we oňa:

— Mümkin, ýoldaşyň seni sulhy alýan däldir? — diýipdir.

Onda gyzy:

— Ýok — diýipdir.

Soň onuň ýoldaşyna:

— Mümkin, onuň seni sulhy alýan däldir — diýipdir.

Onda ol:

— Ýok — diýipdir.

Onda Hezreti Osman:

— Siz biri-biriňizi isläň. Allanyň umeýýe ogullarynda bir ogly köpeltmek, meniň üçin gyzymdan has gowudyr — diýipdir.

* * *

Dyrar ibn Amr Dabby öz çagalarynyň arasynda on üç sany erkek oglan görüp, şeýle diýipdir: «Öz bagryndan önen ogullaryňdan başga buýsanç bolup bilermi?!»

* * *

Çarwa arap ýiten ogluny gözläp ýören. Ondan:

— Ogluň nähilidi? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Dinar ýalyjakdy — diýipdir.

Olar:

— Görmedik — diýipdirler.

Aradan köp wagt geçmänkä, ýaňky çarwa arap boýnunda tomzak ýaly birini göterip gelipdir.

Oňa:

— Eger sen ogluňy tomzak ýaly diýen bolsaň, biz saňa ony habar bererdik — diýipdirler.

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Kimiň çagasy bar bolsa, onuň ýanynda özüni çaga ýaly alyp barsyn».

* * *

Bir adamdan sorapdyrlar:

— Sen haýsy çagaňy gowy görýärsiň?

Ol:

— Ulalýança — körpejämi, syrkawlanda — sagalýanyny we ýitende — tapylýanyny — diýipdir.

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Iň uly doganyň özünden kiçi doganlarynyň öňündäki borjy kakasynyň ogullarynyň öňündäki borjy ýalydyr».

* * *

Ibn Omar şeýle diýipdir: «Bir adam Resulallanyň ýanyna gelip:

— Kakam meniň malymy elimden alýar, men hem ony halamaýaryn — diýipdir.

Onda Resullala:

— Sen özüňiň malyň-salyň bilen kakaňkydygyňy bilmeýärsiňmi? — diýipdir».

* * *

Hezreti Osman (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Hezreti Omar dogan-garyndaşlaryna Allanyň razyçylygy üçin hiç zat bermeýärdi. Men dogan garyndaşlaryma Allanyň razyçylygy üçin berýärdim. Emma Omar ýalyny hiç görmedim».

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Dogan-garyndaş bilen gatnaşmak Allataga tarapyndan arşda ýazylgy durandyr. Onda şeýle diýilýär: «Dogan-garyndaşa zyýarat şeýle diýer: Kim meniň ýanyma zyýarata gelse, Alla hem ony zyýarat etsin. Kim

menden gatnaşygyny kesse, Alla hem ondan gatnaşygyny kessin».

* * *

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ýagşylyklaryň iň gowusy ýogalan kakaň dostlary bilen gatnaşmakdyr».

* * *

Abdylla ibn Dinar şeýle diýipdir: «Üç zatdan habardar boluň. Sebäbi olar arşda ýazylgy durandyr. Olar:

Birinjisi nygmatdyr. Ol »Eý, Allam, maňa şükür edilmedi» diýer.

Ikinjisi amanatdyr. Ol »Eý, Allam, maňa hyýanat etdiler» diýer.

Üçünjisi — dogan garyndaşlar bilen gatnaşyp durmakdyr. Ol: «Eý, Alla, men kesildim» diýer.

* * *

Ibn Apbas bilen onuň daşrak garyndaşy guda garyndaş bolupdyr. Ibn Apbas olara göwünlik berip şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Öz tire-taýpaňyzy biliň we dogan-garyndaşlaryňyz bilen gatnaşyň. Sebäbi eger ýakyn garyndaş bilen gatnaşyk kesilse, dogan-garyndaş ýakyn bolmaz. Şeýle hem eger gatnaşylyp durulsa, daş hem ýakyn bolar».

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) şeýle diýipdir: «Eger ene-ata garşy çykmakda «uf»[1] diýmekden hem

[1] Gurhanyň «Isra» süresiniň 23–nji aýatynda şeýle diýilýär: «Rebbiň diňe özüne ybadat etmegi we ene-ataňyza ýagşylyk etmegiňizi emr etdi. Olaryň biri ýz-da

aşak bolan bir zadyň bardygyny bilse, Alla ony oňa haram eder. Ene-atasyny diňlemeýän, näme etse edäýsin, ol jennete girmez. Näçe ýagşylyk etse hem, ol jähenneme girmez».

* * *

Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kimiň üç gyzy bolsa, olara sabyr edip, öz malyndan iýdirse, içirse we durmuşa çykarsa, ol gyzlar kyýamat gününde ot bilen onuň arasynda perde bolar. (Ol kişi men bilen şeýle bolar diýip, iki barmagyny birleşdirip görkezipdir)».

* * *

Abdylla ibn Zubeýr Kubada[1] dogulypdyr. Resulalla Kuba gelende, ýehudylar musulmanlara garşy özleriniň jadygöýlerine: «Olardan nesil önmez ýaly olary baglaň» diýipdirler. Emma haçanda Abdylla doglanda, musulmanlar «Allahu ekber» diýip gygyryşypdyrlar. Ol hijretden soň, yslamda ilkinji doglan çagadyr. Esma binti Abubekr ony Resulallanyň otagynda dogrupdyr. Resulalla bir hurmany çeýnäp, onuň agzyna çalypdyr. Oňa doga-dileg edipdir, oňa Abdylla diýip at goýup: «Men oňa Jebraýyl diýip at goýýaryn» diýipdir.

* * *

Abu Kebşe[2] Resullanyň babasydyr. Resulalla kuraýyşlaryň dinine garşy çykanda oňa: «Ony Abu Kebşäniň

---

ikisi hem seniň ýanyňda garrasa, olara «uf» hem diýme we olara gaharlanma. Olara ýagşy söz aýt».

[1] Kuba – Medinäniň günbatarynda bir oba.

[2] Abu Kebşe – Resulallanyň babasy, ýagny ejesiniň kakasy Wehb ibn Abdymennaf. Abu Kebşe atly bir ýyldyzparaza meňzeýändigi üçin bu lakamy alypdyr.

ynanjy olara garşy çykardy, sebäbi Abu Kebşe hem Şugra[1] ýyldyzyna ybadat etmek bilen olara garşydy» diýipdirler.

* * *

Resulallanyň gyzy Patma iki ogly Hasan bilen Hüseýini Resulallanyň ýanyna getirip:

— Eý, Allanyň ilçisi, bularyň ikisine, agtyklaryňa bir zat sowgat ber — diýipdir.

Onda Resulalla:

— Kakaň saňa gurban bolsun, gyzym! Seniň kakaňda olara berer ýaly hiç zat ýok — diýipdir. Soň Hasany ogşapdyr we ony sag dyzynda oturdyp:

— Men şu agtygyma özümiň ahlagymy we agraslygymy berýärin — diýipdir. Soň bolsa Hüseýini çep dyzynda oturdyp:

— Bu agtygyma özümiň edermenligimi we sahylygymy berýärin — diýipdir.

* * *

Ymam Bakyr[2] şeýle diýipdir: «Biziň aramyzda Hezreti Ala meňzeş Zeýtden[3] başga hiç kim dogmady».

* * *

Abdylla ibn Hüseýin bilen Japar ibn Muhammediň arasynda düşünişmezlik ýüze çykypdyr. Abdylla oňa agyr sözleri aýdypdyr. Onda Japar ibn Muhammet oňa: «Sen näme dogan-garyndaşlar bilen gatnaşmagyň kyýamatda erbet hasaby ýeňledýändigini bilmeýärsiňmi?» diýipdir we şu aýaty okapdyr: «Olar Allanyň göz-gulak bolmagyny emr eden

[1] Şugra – Sirius ýyldyy.
[2] Ymam Bakyr Muhammet ibn Aly ibn Hüseýin - Hezreti Alynyň çowlugy.
[3] Zeýt ibn Aly ibn Hüseýin - Hezreti Alynyň çowlugy.

zatlaryna göz-gulak bolan, Reblerinden çekinen we agyr (erbet) hasapdan gorkan kişilerdir».[1]

* * *

Ibn Amyr aýaly Umama binti Hakeme:

— Eger ogul dogursaň, seniň islän zadyňy berjaý edeýin — diýipdir.

Soň Umama ogul dogrupdyr we oňa:

— Meniň islegim, ýedi günläp süýji nygmatly müň supra ýaz we müň goýun soý — diýipdir. Ol hem onuň aýdyşy ýaly edipdir.

* * *

Ibn Apbasyň ýanyna Abu Lehebiň zürýadyndan iki adam gelip, aralaryndaky dawany çözüp bermegi haýyş edipdir. Olaryň biri beýlekisini hanjar bilen uran eken. Ibn Apbas olara: «Men Gurhandaky «onuň eden işi üçin»[2] diýen sözlere şaýat bolýaryn» diýipdir.

* * *

Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas Ubeýdylla Harysyýanyň gyzy Rita öýlenmekçi bolupdyr. Emma emewi Halypasy Welit ibn Abdylmälik muňa garşy çykypdyr. (Bu ýagdaý sebäpli araplar haçanda apbas ogullarynyň bir işi emewiler sebäpli oňuna bolmasa oňa «Ibn Harysyýa» diýer ekenler).

Soň Omar ibn Abdyleziz emewi halypasy bolanda Muhammet ibn Aly bu wakany oňa arz edipdir. Ol hem oňa:

---

[1] Gurhanyň «Ragd» süresiniň 21-nji aýaty.

[2] Gurhanyň «Tebbet» süresiniň 2-nji aýaty. Bu sürede Abu Lehebiň Muhammet alaýhyssalama we yslama eden duşmançylygy üçin onuň dowzah odunda ýanjakdygy beýan edilýär.

«Öz isläniňe öýlen» diýipdir. Netijede olaryň ikisi durmuş gurupdyrlar we ondan hem Abylapbas Seffah, ýagny ilkinji apbasly halypasy Abdylla ibn Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas dünýä inipdir.

# ALTMYŞ SEKIZINJI BAP

## KYSSA GÜRRÜŇ BERÝÄNLER, OLARYŇ HEKAÝATLARY, DEGIŞMELERI, DERWÜŞLERIŇ NAHARLARY WE OLARYŇ HUŞLARYNY ÝITIRMEKLERI HAKYNDA

Habbap ibn Ers[1] Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Beni Ysraýyllylar kyssa aýdyp başlanlarynda heläk boldular».

* * *

Aýdylyşyna görä, Kagp ibn Mälik kyssa gürrüň berer eken. Ol ýokardaky hadysy eşidende kyssa, gürrüň bermegini goýupdyr.

* * *

Ibn Omar şeýle diýipdir: «Resulallanyň, Abubekr Syddygyň, Omaryň we Osmanyň döwürlerinde kyssa gürrüň berilmeýärdi. Kyssalar aýdylyp başlanda, pitneler başlady».

---

[1] Habbap ibn Ers ibn Jendele ibn Sagt ibn Hazyma ibn Kagp ibn Zeýt - yslama ilkinji giren sahabalaryň biri. 6-njy hijri ýylynda eneden bolup, 37-nji hijri ýylynda 73 ýaşynda wepat bolupdyr.

* * *

Hezreti Aly (goý, Alla onuň ýüzüni nurlandyrsyn!) kyssa gürrüň berip oturan bir adamyň ýanyndan geçipdir we ondan:

— Adyň näme? — diýip sorapdyr.

Ol:

— Abu Ýahýa[1] — diýipdir.

Onda Hezreti Aly:

— Sen Ýahýanyň däl, «Eý, ynsanlar, meni diňläň!» diýýänleriň atasysyň — diýipdir.

* * *

Abu Kulaba şeýle diýipdir: «Ylmy diňe kyssalar öldürýändir. Bir adam kyssaçynyň ýanynda her näçe otursa-da, ondan hiç zat öwrenmez. Emma bir adam alymyň ýanynda otursa, ondan nämedir bir zat alyp galar».

* * *

Ybraýym Nahgy ibn Ýezit Ybraýym Teýmä kyssa gürrüň bermegi gadagan edipdir. Oňa:

— Ybraýym Teými ýene-de kyssa gürrüň berip başlady — diýipdirler.

Ybraýym Nahgy:

— Näme üçin? — diýipdir.

Oňa:

— Gören düýşi üçin — diýipdirler.

Ol:

— Ol nähili düýş? — diýipdir.

Oňa:

— Ol göýä düýşünde dostlaryna reýhan paýlaýarmyş — diýipdirler.

Ol:

---

[1] Abu Ýahýa – Ýahýanyň atasy diýmek.

— Men bilýärin, reýhan ýakymly ysly, owadan, ýöne ol ajy ahyry — diýipdir.

Soň bolsa ol şeýle diýer eken: «Ybraýym Teýmiden başga özüniň kyssalary bilen Allanyň razyçylygyny gözleýän ýokdur. Men onuň ondan doly el çekmegini dostlarça arzuw edýärin».

* * *

Ibn Mübärek şeýle diýipdir: «Men Sufýan Söwrüden:

— Ynsanlaryň iň haýyrlysy kim? — diýip soradym.

Ol:

— Alymlar — diýdi.

Men:

— Atly-abraýlylaryň iň haýyrlysy kim? — diýdim.

Ol:

— Alladan gorkýanlar — diýdi.

Men:

— Patyşalaryň iň haýyrlysy kim? — diýdim.

Ol:

— Takwa bolanlar — diýdi.

Men:

— Goh-galmagalçylaryň içinden kim? — diýdim.

Ol:

— Söz bilen ynsanlaryň emlägini iýýän kyssaçylar — diýdi.

Men:

— Garamaýaklardan kim? – diýdim.

Ol:

— Mazlumlar — diýdi.

* * *

Fuzaýldan kyssaçylaryň ýanynda oturmak we olary diňlemek barada soralypdyr. Ol: «Bu Allanyň halaýan zady

däl, bu betgatdyr. Sebäbi Resulallanyň, Abubekriň we Omaryň döwründe kyssaçylar ýokdy. Eger kyssaçy Allatagala barada gürrüň berýän bolsa we ondan gorkýan kişi bolsa, onda onuň ýanynda oturmagyň zyýany ýokdur» diýipdir.

* * *

Mugawyýa ibn Kyrra şeýle diýipdir: «Bize daş ýerlerden azyk getirýän täjir meniň üçin kyssaçylardan has gowudyr’.

* * *

Sufýan Söwri Basra gelip, Merhum Attaryňka myhman bolupdyr. Merhum Attar oňa:

— Bu gün seniň bile kyssa diňlemäge kyssaçynyň ýanyna gidelimi? — diýipdir.

Ol ilki göwnemändir, soň onuň bilen gidipdir. Görse, onuň kyssaçy diýýäni Salyh Meri eken.

Sufýan oňa: «Bu kyssaçy däl, bu wagyzçy» diýipdir.

* * *

Bir adam kyssaça gaşsyz ýüzük beripdir. Ol hem: «Allatagala saňa jennetde petiksiz otag bersin» diýipdir.

* * *

Kyssaçy Abdylagla adamlaryň ýanyndan serhoşlukdan ýaňa yranyp geçip barýan eken. Oňa:

— Ine, bu kyssaçy Abdylagla serhoş — diýipdirler.

Ol bolsa:

— Bäh! Meni nähili salyh adama meňzedýärler — diýip, serhoşlukdan ýaňa özüniň adyny hem unudan eken.

* * *

Kaýs ibn Jebr Nehjemi şeýle diýipdir: «Kyssaçylaryň gürrüňleri sebäpli özüňden gitmek şeýtandandyr (kyssaçylaryň gürrüňlerine uýmak şeýtandandyr)».

* * *

Hezreti Äşä:

— Käbir kişiler Gurhany eşidenlerinde, özlerinden gidip, huşlaryny ýitirýärler — diýipdirler.

Onda ol:

— Gurhan adamyň huşundan gitmeginden has keramatlydyr. Ýöne Allatagala şeýle diýýär: «Bu kitabyň täsirinden Reblerinden gorkanlaryň endamlary titräp, köňülleri Allanyň zikrine ýylap, ýumşar» [1] diýipdir.

* * *

Hezreti Omar ýemenliler bilen duşupdyr we olardan:

— Siz kim? — diýip sorapdyr.

Olar:

— Biz mutewekkilun (Alla töwekgel edýänler) — diýipdirler.

Onda Hezreti Omar:

— Ýalan sözleýärsiňiz, siz muteekkilun (iýijiler). Size töwekgel edýäni habar bereýin, ol Alla töwekgel edip, özüniň muhabbetini ýeriň ýüzüne ýaýradan adamdyr — diýipdir.

* * *

Enes ibn Mälikden Gurhan okalýarka özünden gidip huşuny ýitirýänler barada soralypdyr. Ol: «Bu haryjylaryň[2] häsiýetidir» diýipdir.

---

[1] Gurhanyň «Zümer» süresiniň 23-nji aýaty.

[2] Haryjylar – Hezreti Ala garşy çykan topar.

* * *

Ibn Sirinden Gurhan diňlänlerinde özünden gidýänler barada soralypdyr. Ol: «Siz olar bilen bir jaýyň içinde oturyp, başdan ahyryna çenli olara Gurhan okap beriň. Eger olar başdan ahyryna çenli özünden gidip, huşuny ýitirip ýatsalar, onda olaryň aýdýany hakykat bolar» diýipdir.

* * *

Ibn Semmak derwüşlere şeýle diýipdir: «Eger siziň bu lybasyňyz ruhy dünýäňize muwapyk bolsa, onda siz ruhy dünýäňiz bilen ynsanlara görünmegi islärdiňiz. Emma siziň bu lybaslaryňyz ruhy dünýäňize ters bolsa, onda siz heläk bolduňyz».

* * *

Bir adam derwüşe:

— Egniňdäki jüpbäňi sat — diýipdir.

Ol:

— Eger awçy özüniň duzagyny satsa, onda awuny näme bilen tutsun — diýdi.

* * *

Bir kyssaçynyň şeýle goşgy aýdýandygyny görüpdirler:

Gözleriňi doldurýan gözýaşlar bilen,
«Hawt» hakda kim aýdyp, kim agzap biler.

Soň bolsa elini ýüzüne urup, batly ses bilen aglap başlapdyr. Ondan «hawt» barada soradylar. Ol: «Eý, akmak, ol jähennemde bir çukur» diýipdir.

* * *

Derwüşleriň köp iýýändigi hakynda «Edil derwüşler ýaly iýýär» diýen bir nakyl bar. Munuň sebäbi hem olar köp iýmek bilen tanalýarlar, lukmalary uludan alýarlar, iýenleri gowy siňýär we olar diňe oljadan iýmitlenýärler.

* * *

Bir alymdan derwüşler barada sorapdyrlar. Ol: «Tans oýnap iýýänler» diýipdir we şu setirleri aýdypdyr:

Kiçi hem pes, aşak bolan bir topar,
Niýetleri kebap bilen tans tapar.

* * *

Derwüşleriň biri ýüzüginiň gaşyna: «Tagam iýmek müdimidir», beýleki biri bolsa «Bize tagam beriň» diýip ýazypdyr.

* * *

«Dineweriň derwüşleri», «Tusuň garakçylary», «Merwiň mekirleri» diýen sözler halk arasynda ýaýrandyr.

* * *

Isa alaýhyssalam Beni Ysraýyla wagyz edip durka, bir topar kişi eşiklerini ýyrtyp başlapdyr. Onda ol: «Eşikleriň günäsi näme? Siz ýürekler bilen meşgul boluň» diýipdir we olara gaharlanypdyr.

* * *

Halypa Mamun şeýle diýipdir: «Dünýäniň işleri dörtdir: Ymarat, tijaret[1], sungat we zyragat[2]. Kim bularyň haýsydyr birini öwrenmese, ynsanlara ýük bolar».

* * *

Diniň we dünýäniň goraýjysy ylym we hünärdir. Kim bulary inkär edip: «Ylym däl — terkidünýälik, hünär däl — töwekgellik» diýýän bolsa, ol nadanlygyň we tamakinçiligiň içinde galandyr.

* * *

Gürrüň berip oturan kyssaçy bir gezek:

— Jansyz zatlardan jennete ilkinji girjek zat tanburdyr[3] — diýipdir.

Ondan:

— Sen ony nähili bilýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

— Sebäbi onuň garnyna kakylýar, bokurdagy gysylýar we gulaklary towlanýar. Bu zatlary Alla başga hiç kimde jemlän däldir — diýipdir.

* * *

Kyssa gürrüň berýän özüniň wagyzlary bilen diňleýjileri agladypdyr. Onuň mejlisinde uzak wagtlap aglansoňlar, ol tanburyny alyp, çalyp başlapdyr we: «Biz munça uzak gaýgydan soň, biraz şatlanmaga mätäçdiris» diýipdir.

---

[1] Tijaret – täjirçilik, söwda.
[2] Zyragat – ekerançylyk.
[3] Tanbur – saz guraly.

# ALTMYŞ DOKUZYNJY BAP

## KAZYLYK, KAZYLAR, ŞAÝAT BOLMAK , KARZ, KASAM IÇMEK, DUŞMANÇYLYK WE ŞUŇA MEŇZEŞLER HAKYNDA

Abdylla ibn Omar Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Adalat ýöredilmeýän ýerde millet mukaddes bolup bilmez».

* * *

Abdyrahman ibn Hawwaz Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim iki adamyň arasynda eminlik edýän bolsa, iki adam hem razy bolup, oňa emin bolmagy üçin ýüz tutsa, ol hem olaryň arasynda eminlik etmese, oňa Allanyň lagnaty bolsun».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim adamlaryň arasynda kazylyk etse, kyýamat gününde, ellerine, boýnuna zynjyr urlup getiriler. Eger adalatly bolan bolsa, adalat ol zynjyry aýrar. Eger adalatsyz bolan bolsa, zulum ony özüne çeker».

* * *

Abu Hazm şeýle diýipdir: «Hezreti Omar Abubekr Syddygyň ýanyna baryp, oňa salam beripdir, emma ol salamyny almandyr. Hezreti Omar Abdyrahman ibn Awfyň ýanyna baryp:

— Allanyň resulynyň çaryýary mende bir zat gördümikä diýip gorkýaryn — diýipdir.

Ol hem gidip Abubekr Syddyk bilen gürleşipdir. Onda Abubekr Syddyk:

— Ol gelende meniň ýanymda iki sany dawagär bardy. Meniň kalbym, gözüm, gulagym olardady. Meniň ähli ünsüm Allanyň menden olar barada, olaryň aýdan zatlary we meniň aýdan zatlarym barada sorajakdygy hakdaky zatlardady — diýipdir.

* * *

Bir adam Hezreti Omaryň ýanyna baryp, Hezreti Alydan şikaýat edipdir. Hezreti Aly hem şol ýerde beýleräkde oturan eken. Hezreti Omar oňa:

— Eý, Hasanyň kakasy, tur, garşydaşyň ýanyna geçip otyr — diýipdir. Ol hem garşydaşynyň ýanyna baryp oturypdyr. Hezreti Omar olaryň ikisiniň arasyndaky dawany çözüpdir. Ol adam turup gidipdir. Hezreti Aly hem ýerine geçipdir. Hezreti Omar onuň ýüzüniň üýtgändigini aňyp, oňa:

— Eý, Hasanyň kakasy! Seniň reňkiň üýtgändigini görýärin. Ýa-da ýaňky bolup geçeni gaty gördüňmi? — diýipdir.

Onda Hezreti Aly:

— Hawa — diýipdir.

Hezreti Omar:

— Näme üçin? — diýipdir.

Onda Hezreti Aly:

— Sen meniň garşydaşymyň ýanymda meniň künýämi tutduň, maňa: «Eý, Aly, tur garşydaşyň ýanynda otur» diýseň bolmaýarmydy? — diýipdir.

Hezreti Omar hem iki eli bilen Hezreti Alynyň kellesini saklap, onuň maňlaýyndan öpüpdir we oňa:

— Atam size gurban bolsun ! Alla bizi siziň bilen dogry ýola saldy we siziň bilen bizi garaňkylykdan ýagtylyga çykardy — diýipdir.

* * *

Halypa Mansuryň Medinedäki häkimi Hasan ibn Zeýt ibn Hasan kuraýyşlaryň ýolbaşçylarynyň biri bolan Yshak ibn Ybraýym ibn Talhany Medinä kazy bolmaga çagyrypdyr. Ol muňa garşy bolupdyr we Hasan ony zyndana salypdyr. Soň Talha ogullary onuň boşadylmagy üçin arza gelipdirler, olary hem zyndana salypdyrlar. Bu habar Hasan ibn Zeýde ýetende ol şeýle diýipdir:

— Sen maňa kejirlik görkezmekçi bolýarsyňmy? Men hem tä diýenimi edýänçäň, seni goýbermezlige kasam etdim — diýipdir.

Soň hem onuň ýanyna esger iberip, ony kazylyk mejlisinde oturdypdyr, esgerler hem onuň ýanynda durupdyrlar. Muny görüp duran Dawut ibn Müslim şeýle diýipdir:

Kim gezse fykh, paýhas, üstünlik isläp,
Bularyň ählisi bar sende, eý, Yshak.

Hasan ibn Zeýt:

— Ony goýberiň — diýipdir. Ony goýberipdirler we ol oturan ýerinden turupdyr. Hasan hem ony bagyşlapdyr. Soň ol Dawut ibn Müslimiň öýüne gelip:

— Seniň öz halamaýan zatlaryňy öwmegiň bahasy näçe? — diýipdir we onuň öňüne elli dinar taşlapdyr.

* * *

Ibn Zubeýr[1] gozgalaňy bolanda kazy Şureýh Kufa kazylygyny taşlap:

— Men kazy boljak däl — diýipdir. Ol şeýdip dokuz ýyl kazyçylyk etmän gezipdir. Emma soň ýene kazyçylyk edip başlapdyr. Günlerde bir gün ol özüniň kazylygynyň mejlisinden gaýdyp gelýärkä, onuň öňünden bir adam çykypdyr we oňa:

— Seniň Alladan gorkmaly wagtyň gelip ýetmedimi? Ýaşyň gaýdyşypdyr, akylyň çaşypdyr, ähli işler seniň garşyňa gidýär ahyry — diýipdir.

Onda ol:

— Sen dogry aýdýaň, seniň aýdýanlaryňy soň hiç kim maňa aýtmaz — diýip, kazylygy taşlapdyr we tä ölýänçä öýünde oturypdyr.

* * *

Bagdatda Ruweým[2] atly bir sopy kişi bolupdyr. Ony kazy belläpdirler. Bir gün Jüneýt Bagdady oňa sataşyp, şeýle diýipdir: «Kim özüniň gizlin amanadyny saklatmak üçin, ony hiç wagt äşgär etmejek ynamdar birini gözlese, ol Ruweýmiň ýanyna barsyn. Sebäbi ol özüniň dünýä bolan söýgüsini kyrk ýyllap gizläp gezmäge güýji ýetdi».

* * *

Kufanyň häkimi Ibn Hubeýra Utba ibn Nehhasy Kufa şäherine kazy bellemekçi bolupdyr. Onda ol:

---

[1] Ibn Zubeýr gozgalaňy – Mugawyýanyň ogly Ýezit wepat bolansoň, birnäçe ýerler Ibn Zubeýri halypa diýip yglan edýärler, netijede söweş başlanýar.

[2] Ruweým ibn Ahmet - hadys alymy.

— Allanyň adyndan ant içýän, men oňa laýyk däl, meniň oňa razy bolar ýaly kämil ylmym ýok. Eger sen meniň aýdýan zatlaryma ynanýan bolsaň, onda seniň meni ol wezipä bellemegiň dogry däl. Eger men aldaýan bolsam, ýalançyny hem kazy belläp bolmaz ahyry — diýipdir.

Onda Ibn Hubeýra oňa:

— Eger seniň bu aýdýan sözleriňi çöldäki çarwa arap aýdan bolsa hem, ony kazy bellärdik. Sen işle — diýip, ony kazy belläpdir.

* * *

Ibn Mesgut şeýle diýipdir: «Adamlaryň arasynda eminlik edenler kyýamat gününde getiriler. Eger ol adalatsyzlyk eden bolsa, bir perişde ýeňsesinden tutup, ony jähennemiň gyrasynda saklar. Soň onuň kellesini galdyrar we Allatagala oňa şeýle diýer: «Ony düýbüne çenli kyrk ýyllyk ýol bolan çukura taşlaň».

* * *

Mesruk şeýle diýipdir: «Meniň ýekeje gezek adalatly bir höküm çykarmagym bütin bir ýyllap Allanyň ýolunda gazawat etmegimden has gowudyr».

* * *

Hasan Basry şeýle diýipdir: «Men eger adalaty ýerine ýetirip, nähakyň tarapyny tutmasalar we para almasalar, musulman kazylaryna haýyr arzuw edýärin».

* * *

Abbat ibn Awwam namysly we adalatly kazy diýlip tanalýar eken. Ol şeýle diýipdir: «Kim kazylar barada olar adalatyň we özüniň arasynda islendik höküm çykarmaga ygtyýarly diýip pikirlenýän bolsa, ol nähili erbet pikirdedir».

* * *

Hafs ibn Gyýas şeýle diýipdir: «Men Ylýas ibn Abu Mäligiň şeýle diýendigini eşitdim: «Kim dünýäde şatlyk we ahyretde utanç isleýän bolsa, isleýän zadyny arzuw etsin. Men özüme kazylyk etmegimi hödürlenmezden öňürti ölmegimi arzuw edýärin».

* * *

Nadandyklary we adalaty bozandyklary bilen atlary tymsala öwrülen kazylar şulardyr: Mina kazysy, Jebbul kazysy we Inzeç kazysy.[1]

* * *

Kufa kazysy Muhammet ibn Abu Şewaryp şeýle diýipdir: «Men Halypa Mugtezdan başga ýüzi has görmegeý we çeper sözli hiç kimi görmedim. «Ol meni kazy bellände: «Eý, Muhammet! Men seni kazylyga belleýärin. Ol iş seniň permanlaryňdan çykjak gandyr, şatlykdyr we mal-mülkdir. Seniň hökümiň ret edilmez. Alladan gork, we edýän işiňe seret» diýdi.

Onuň bu sözi ýaly başga hiç bir söz meniň kalbyma täsir etmändi.

* * *

Abu Kulabanyň Basradan Şama gitmeginiň sebäbi onyň kazy bolmaklyga çagyrylmagydyr. Eýýup ibn Abu Temime oňa:

— Eger sen kazy bolsaň, adalatly bolardyň we sogap gazanardyň — diýipdir.

---

[1] Mina – Mekgäniň golaýynda bir şäher. Jebbul - Tuseg Keskeriň şäherleriniň biri. Halypa Mamunyň döwründe bolupdyr. Inzeç – Huzystan bilen Yspyhan arasynda bir şäher.

Onda ol:

— Eý, Eýýup! Kazylyk deňizde ýüzmek ýalydyr, adam gowy ýüzüp bilmese, gark bolar — diýipdir.

* * *

Abu Hanypa şeýle diýipdir: «Kazy göýä gök deňiziň ortasynda gark bolup barýan kişi ýalydyr. Eger ol ökde ýüzüji bolsa-da, nirä çenli ýüzsün?»

* * *

Kufa häkimi Omar ibn Hubeýra Ymam Agzam Abu Hanypany kazy bellemekçi bolupdyr. Ol razy bolmandyr. Omar hem onuň kellesine gamçy urmagy we zyndana salmagy emr edipdir. Soň onyň ýüzüne we kellesine tä özünden gidýänçä gamçy bilen urupdyrlar. Abu Hanypa: «Bu dünýäde gamçy bilen urulmagym meniň üçin ahyretde demir gürzi bilen urulmagymdan has gowudyr» diýipdir.

* * *

Ibn Awn şeýle diýipdir: «Abu Hanypa iki gezek kazylykdan boýun towlany üçin gamçylandy. Birinji gezek Ibn Hubeýradan, soň Halypa Abu Japar Mansurdan. Mansur ony çagyrdy we oňa bugdaýdan ýasalan içgini hödürledi. Ol mundan ýüz dönderdi we ýerinden turdy. Mansur oňa:

— Sen nirä? — diýdi.

Ol:

— Seniň meni iberen ýeriňe — diýdi we zyndana gitdi. Şol ýerde hem wepat boldy».

Abdylla ibn Şeberme kazylyga bellenilende şeýle diýipdir: «Eý, Allam ! Sen bilýärsiň, men bu ýerde öz islegim bilen oturmadym, ýöne men ony söýýärin we isleýärin. Meni onuň soňunyň şerinden gora».

* * *

Ýusup ibn Omar Mansur ibn Mugtemiri kazy bellemekçi bolupdyr. Ol razy bolmandyr. Ony zynjyr bilen daňypdyrlar. Iki sany dawagäri hem onuň ýanyna getiripdirler. Ol olaryň ýüzüne hem seretmändir. Oňa: «Eger sen olaryň dawasyny çözenem bolsaň, saňa dogrudan hem kazylygy bermezdik» diýipdirler we ony boşadypdyrlar.

* * *

Abdylmälik ibn Umeýr Ýemenli bir adamdan şeýle gürrüň beripdir: «Abubekriň döwründe Ýemene uly sil geldi. Ol sil ýeriň aşagyndan ýapyk bir tabyt çykardy. Biz ony hazynadyr öýtdük. Muny Abubekre habar berdik. Ol hem: «Tä meniň ynamdar adamlarym barýança, oňa degmäň» diýdi. Soň olar gelensoň, açyp gördük. Görsek, agajyň üstünde bir adam ýatyr, üstünde hem ýetmiş sany altyn bilen bezelen hülle don bar. Sag elinde bir tagta bar. Tagtanyň ýüzünde şeýle ýazgy bar eken:

Emir etse hyýanat biz hem ýazsak eger-de,
Adalatly bolmasa ýer kazysy iline,
Oňa asman kazysyndan jeza permany geler,
Müň mertebe «Waý-waý!» — dat-bidat oň halyna!

Şeýle hem onuň kellesiniň ýanynda ösümligiň reňkinden hem has ýaşyl bir gylyç bar eken. Gylyçda: «Bu gylyç Hut ibn Ad ibn Eremiňki» [1] diýip ýazylgy eken.

[1] « Ansap» (taýpa-tire) barada ýazylan kitaplarda ol Ad ibn Aws ibn Erem ibn Sam ibn Nuh diýlip agzalýar.

* * *

Süleýman ibn Harp şeýle diýipdir: «Asman işlerinden (ýagny halal işlerden) hiç iş galmady, diňe hadys we kazylyk galdy. Olaryň ikisi hem ähli zady bozdular. Kazylar wezipelerinde para alýarlar. Hadysçylar hem Resulallanyň hadyslary üçin dirhem alýarlar».

* * *

Iki sany adam kazynyň ýanyna gelipdir. Olaryň biri gepläp, beýlekä hiç geplemäge maý bermändir. Onda beýleki adam:

— Eý, kazy. Maňa gaýyp diýip, höküm edip bolarmy? — diýipdir.

Kazy:

— Ol nähili? — diýipdir.

Ol adam:

— Eger maňa gürlemäge maý berilmese, men ýok hasabynda — diýipdir.

* * *

Ibn Eset Basrada bir köşk gurdurypdyr. Onuň golaýynda kiçijik, öý bar eken. Bahasy hem ýigrimi dinar, eýesi hem garry aýal eken. Ibn Esediň ol ýere mätäçligi bolup, garry aýala iki ýüz dinar hödürläpdir. Garry aýal razy bolmandyr.

Oňa:

— Kazy seniň bu samsyklygyň sebäpli seni akylyndan azaşan hasaplar, sebäbi sen ýigrimi dinarlyk zat üçin iki ýüz dinar ýitirýärsiň — diýipdirler.

Onda ol aýal:

— Näme üçin kazy ýigrimi dinarlyk zady iki ýüz dinara alýany akylyndan azaşan hasaplamasyn? — diýipdir.

Ibn Eset onuň bu sözünden soň ony üç ýüz dinara satyn alypdyr.

* * *

Bir aýal kazynyň ýanyna gelipdir. Kazy oňa:

— Jämeak şuhudek[1]? — diýipdir. Ol dymyp durupdyr.

Onda kätibi oňa:

— Kazy senden soraýar: «Jäe şuhudek meak? (Ýanyň bilen şaýatlaryň geldimi?)»— diýip sorapdyr.

Aýal:

— Hawa — diýipdir.

Soň bolsa kaza ýüzlenip:

— Sen näme üçin kätibiňki ýaly edip soramadyň? Ýaşyň gaýdyşypdyr, akylyň gysgalypdyr, sakgalyň köpelip, murtuň dodaklaryňy ýapyp dur. Men senden başga ölüniň dirilere höküm berýändigini henize çenli görmedim — diýipdir.

* * *

Kazy Şureýh dawa çözjek bolanda şu sözler bilen başlar eken: «Goý, zalymlar bilsinler, zalyma azap, mazluma ýeňiş garaşýar».

* * *

Iki sany adam kazy Şureýhiň ýanyna bir dawa bilen gelipdir. Kazy olaryň biriniň gürrüňiniň arasynda günä ýöňkelýäne görkezilýän günäniň nähakdygyny günä ýöňkeýäniň özüne tassyk etdiripdir. Soň bolsa günä ýöňkeýäne garşy höküm çykarypdyr. Onda ol adam:

— Eý, kazy, Alla işiňi oňuna etsin ! Siz dawany şaýatsyz çözäýdiňizmi? — diýipdir.

Onda kazy Şureýh oňa:

— Öz garşyňa özüň şaýat bolduň — diýipdir.

---

[1] Bu sözüň iki manysy bar. Eger «jämeak» işlik hökmünde okalsa: «Şaýatlaryň seniň bilen jynsy gatnaşyk etdilermi?», eger «jäe» işlik hökmünde okalsa: «Şaýatlaryň seniň ýanyň bilen geldilermi?» manysynda bolýar.

* * *

Iki sany adam Basra kazysy Bilal ibn Abu Burdanyň ýanyna gelipdir. Ikisi hem uzak wagtlap dymyp oturypdyr, kazy olara: «Görýän welin, siziň öz araňyzda zerur gürrüň bar öýdýän, men gidibereýin» diýipdir.

* * *

Bir adam owadan bir aýaly kaza şikaýat edipdir. Kazy hem ol aýalyň tarapyna meýil edýärmiş. Onda ol adam:

— Eý, kazy, Alla işiňi oňuna etsin. Meniň delillerim gündizden hem has aýdyňdyr — diýipdir.

Muny bahana eden kazy:

— Kes sözüňi, eý, Allanyň duşmany, çünki gün gündizden has aýdyňdyr. Tur güm bol, seniň ol aýalyň üstünden arz etmäge hiç hili hakyň ýok — diýipdir.

Onda ol adam:

— Alla saňa meniň gowşaklygym zerarly haýyrly sogap bersin — diýipdir.

Onda kazy:

— Ýöne meniň ugurtapyjylygymdan saňa sogap bermesin, çünki seni men gowşatdym — diýipdir.

* * *

Bir adam birine:

— Maňa dawalaşmany öwret — diýipdir.

Onda ol:

— Özüňe garşy bolan zady inkär et, özüňde ýok zada dawa tut, ölüleri şaýat edin, iň soňunda hem kasamyňy işiň içine sal — diýipdir.

* * *

Akyldar şeýle diýipdir: «Bergi ähli dertleriň ýygnanan ýeridir. Gijelerine gaýgydyr, gündizlerine peselmekdir. Ol Allatagalanyň ýerdäki syrtmagydyr. Eger Allatagala bir bendesini biabraý etjek bolsa, ony onuň boýnuna halka edip geýdirer».

* * *

Asmagydan bir dosty karz pul sorapdyr. Onda ol:

— Bolýar, baş üstüne. Ýöne kalbymyň rahatlygy üçin isleýän zadyňa iki esse bahasy bolan bir zady girewine goý — diýipdir.

Onda ol:

— Eý, Abu Sagyt ! Sen maňa ynanmarsyňmy? — diýipdir.

Ol:

— Ýok. Ybraýym pygamber hem Allanyň gudratyna ynanýardy we ol şeýle diýdi: «Kalbymyň rahat bolmagy üçin»[1].

* * *

Lukman Hekim şeýle diýipdir: «Misginden karz sorama, güýji ýetmez».

* * *

Ahmet ibn Şureýh şeýle diýipdir: «Men Ymam Şapygydan eşitdim. Ol şeýle diýdi: «Eger bir adamyň birinden

---

[1] Gurhanyň «Bakara» süresiniň 260-njy aýaty. Düşündiriş: Ybraýym pygamber Alladan ölen guşy direltmegini haýyş edýär. Onda Alla oňa: «Sen näme meniň ony direltjegime ynanmaýarsyňmy?» diýende ol: «Ýok, ynanýaryn, ýöne diňe kalbymyň rahatlygy üçin» diýýär.

dirhem algysy bar bolsa, ol hem oňa düzüminde azajyk mis ýa-da gurşun bolan dirhem berse, bergisini bermedik hasaplanar».

* * *

Amr ibn Dinar şeýle diýipdir: «Bir adam Resulalladan:

— Eger men şehit öldürilsem nirede bolaryn? — diýip sorapdyr.

Onda ol:

— Jennetde — diýipdir, soň bolsa:

— Jebraýyl maňa, «eger onuň bergisi ýok bolsa» diýdi — diýipdir.

* * *

Sagdy Wakgas şeýle diýipdir: «Bir adam algysyny almak üçin algydarynyň ýanyna gelipdir. Oňa onuň gazawada gidendigini aýdypdyrlar. Ol: «Men Resulallanyň şeýle diýendigine şaýat boldum: «Eger bir adam Alla ýolunda öldürilse, soň ýene direldilse, soň ýene öldürilse, soň ýene direldilse, soň ýene öldürilse, ol kişi tä bergisini berýänçä jennete girmez».

* * *

Abu Sagyt Hudry şeýle diýipdir: «Resulalla ensarylardan bir adamyň jynazasyna gelip:

— Onuň bergisi barmydy? — diýip sorapdyr.

Oňa:

— Hawa — diýipdirler we ol yzyna öwrülip gidipdir.

Onda Hezreti Aly:

— Eý, Allanyň resuly, onuň bergisini men töleýän — diýdi.

Resulalla oňa:

— Eý, Aly ! Seniň bir musulman doganyň bergisini üzüp, ony gaýgy-gamdan halas edişiň ýaly, Alla hem seniň gaýgy-

gamlaryňy halas etsin. Eger bir adam başga biriniň bergisini üzse, Alla hem kyýamat gününde onuň bergisini üzer — diýipdir.

* * *

Zuhry şeýle diýipdir: «Resulalla bergili bolan bir adamyň jynazasyny okamady. Soň bolsa: «Men möminlere olaryň janlaryndan hem has ýakyndyryn. Kim bergili bolup ölse, onuň bergisini men tölärin» diýdi we onuň namazyny okady».

* * *

Abu Hureýra şeýle diýipdir: «Resulallada bir adamyň bahasy tölenmedik düýesi bardy. Ol algysyny almaga geldi. Hatda agyr sözler hem aýtdy. Sahabalar oňa hetdini bildirmek islediler. Ýöne Resulalla muňa pursat bermedi we olara:

— Degmäň oňa ! Her bir hakly algydaryň geplemäge haky bardyr — diýdi. Soň bolsa:

— Düýesini beriň — diýip buýruk berdi. Onuň düýesini gözlediler, emma tapyp bilmediler. Ýöne onuň düýesinden hem has gowy düýe tapdylar.

Resulalla:

— Şuny beriň — diýdi.

Ol adam hem:

— Maňa bergiňi doly berdiň, Alla hem seniňkini doly gaýtarsyn — diýdi.

Resulalla hem:

— Siziň iň haýyrlyňyz, bergisini doly üzýänlerdir — diýdi.

* * *

Jabyr Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Bergiden başga gaýgy ýokdur, gözden başga agyry ýokdur».

* * *

Ibn Apbas Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim bergisini bermekçi bolup, doganynyň ýanyna ýörese, onuň her ädimi üçin Alla oňa sogap ýazar».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim soň tölemek niýeti bilen adamlardan mal alsa, Alla onuň bergisini bermäge kömek eder, kim isrip etmek niýeti bilen halkyň malyny alsa, Alla hem ony isrip eder».

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kim galyň tölejek diýip, bir gyza öýlense we ony tölemezlige niýet etse, ol zynakärdir. Kim pul karz alsa we ony yzyna gaýtarmazlygy niýet edinse, ol ogrudyr».

* * *

Ýahýa Barmaky ölenden soňra onuň ýassygynyň aşagyndan möhürli bir hat tapypdyrlar we ony Harun Reşide eltip beripdirler. Ony açsalar, onda şeýle ýazylan eken: «Günäkärlenýän öňe geçdi. Günä ýöňkeýän onuň yzynda. Adalatly kazy zulum etmez, ol anyk delile mätäç däldir».

* * *

Omar ibn Abdyleziz bir kazyny işden boşadypdyr we oňa: «Meniň eşitmegime görä, sen dawa çözýän mahalyň dawagärlerden hem has köp gürleýän ekeniň» diýipdir.

* * *

Bir adamyň ýanyna bir kişi gelip:

— Bize pylan kişi üçin bir ýyl möhlet bilen müň dirhem karz gerek — diýipdir.

Onda ol:

— Sen menden iki zat isleýärsiň. Men olaryň birini bitireýin, ýagny saňa bir ýyl möhlet bereýin we onuň üstüne ýene bir ýyl goşaýyn, şonda has gowy bolar. Men saňa iki ýyl möhlet bereýin. Ýöne karzdan meni azat et — diýipdir.

* * *

Çarwa arap kasam edipdir. Oňa: «Sen «Inşalla» (Alla halasa) diý» diýipdirler. Ol hem baran ýerinde onuň bilen ýalan ýere ant içip, hajatlaryny bitirip: «Inşalla» diýen söz nähili gowy zat eken» diýer eken.

* * *

Abu Hureýra Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Allanyň öňünde edilen günäleriň içinde zynadan başga jezasy has çalt berilýäni ýokdur. Ant içýän zynahor bossanlygy çöllük meýdana öwrer».

* * *

Çarwa arap bir kazy hakda şeýle diýipdir: «Meseläni düşnüksiz çözýär, öz-özünden keýpi kök we para alýar».

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýipdir: «Allanyň adyndan ant içmegi äsgermezlik etmäň, Alla hem sizi äsgermezlik eder».

* * *

Dew[1] şäheriniň kazysy dawagäriň birine kasam etdirjek bolupdyr. Oňa:

— Ol kişi ant içmekden gorkmaýar, ol anty äsgermeýär, onuň sözüne ynanyp höküm berme — diýipdirler.

Onda kazy ol adamy çagyryp:

— Eger sen ant içip, ýalan sözleseň, Allatagala seniň ukyňy zäher eder, naharyňy damagyňa tegek eder, ýöreýşiň çaýşyk bolar, endamyňa pis açdyrar, rysgalyňy keser, gözleriňi ukuly eder, kapasa salar. Ol seni şu hasa bilen synag edýär — diýip, elindäki hasasyny görkezipdir.

Ol adam hem gorkup, ant içmändir we hakykaty bolşy ýaly äşgär edipdir.

* * *

Sibeweýh şeýle diýipdir:

Karzdarlara ýanymda taýýarlap goýdum ony,
Ýokarsynda demirden ölüm bolan hasany.

* * *

Ibn Abu Sabyt[2] şeýle diýipdir: «Men mätäç bolan ähli zatlarymy diňe özümden karz alýardym».

Ýagny ol: «Arkaýynçylygy üpjün etmek üçin sabyr edýärdim» diýmek isleýär».

* * *

Şahyr şeýle diýipdir:

---

[1] Basranyň golaýynda bir şäher.

[2] Abdyleziz ibn Ymran - ynamdar bolmadyk hadysçy.

Taşlan zadym bahalansa, berginiň siz bahalany,
Hernäçe bahalansa-da, oldur arzanyň arzany.

* * *

Hezreti Omar (goý, Alla ondan razy bolsun!) birine hat ýazyp şeýle diýipdir: «Şu wagt seniň eliňde bolan zatlaryňy mynasyp eýelerine bermegiň wagty geldi. Olary saklandygyň üçin Alladan günäň geçilmegini dile».

* * *

Bir aýal kazynyň ýanyna gelip:

— Meniň ýoldaşym wepat boldy, yzynda onuň ene-atasy, ogly we dogan-garyndaşlary galdy — diýipdir.

Onda kazy:

— Onuň ene-atasyna ýitgi, ogluna ýetimlik, aýalyna dulluk, dogan-garyndaşlaryna gynanç we ýetmezçilik galypdyr. Sen git-de, ondan galan zatlary olaryň arasynda duşmançylyk bolmaz ýaly, bize getir — diýipdir.

* * *

Ibn Abu Ewfa şeýle diýipdir: «Resulalla şeýle diýdi: «Eger kazy dogry ýoldan aýrylmasa, Alla onuň bilendir. Eger kazy dogry ýoldan aýrylsa, onda Allatagala ondan uzaklaşar we şeýtan geler».

Şeýle hem başga bir rowaýatda: «Eger kazy dogry ýoldan aýrylsa, Allatagala ony terk eder» diýlipdir.

* * *

Jabyr ibn Abdylla Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kyýamat gününde adalatly kazylyk edenleriň oturmagy üçin nurdan münberler gurlar. Soň olar halaýyklara görkezilensoň, Allatagala olaryň jennete äkidilmegini emr eder».

* * *

Muhammet ibn Harys şeýle diýipdir: «Nasr ibn Alyny Basra kazy bellemek isläpdirler. Bu teklip bilen onuň ýanyna gelseler-de, ol kabul etmändir. Adamlar ondan närazy bolup, oňa gödek sözleri aýdansoňlar, ol öýüne gidipdir we arkan düşüp, ýüzüni hem ýaglyk bilen örtüp ýatypdyr. Ol: «Eý, Allam, eger sen meniň bu işi halamaýandygymy bilýän bolsaň, meni öz ýanyňa al» diýipdir. Alla hem ony öz ýanyna alypdyr».

* * *

Enes Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Kyýamat gününde kazylar adamlar üçin köprüdirler, adamlar olaryň arkalaryna münüp, üstlerinden geçerler».

* * *

Hadysda şeýle diýlipdir: «Kazynyň dili iki ot böleginden ybaratdyr. Ol ýa jennete gider, ýa dowzaha».

* * *

Hyşam ibn Abu Ýusup şeýle diýipdir: «Kakam — kazy Abu Ýusup ölüm halyna ýetende, onuň daşyna üýşdük.

Biz ondan:

— Seniň bu kazylyk işinden ýadyňda galany barmy? — diýip soradyk.

Onda ol:

— Ýok, ýöne ýekeje zat ýadyma düşýär. Bir gezek bir hristian gelip, Harun Reşide garşy dawagär boldy. Men hem Harun Reşidi çagyrdym. Ol geldi. Ýanynda hem jynaza okalýan namazlyk bardy. Hiç kim onuň ýaly hristian dawagär bilen jynaza okalýanyň üstünde kazynyň öňünde durmandy. Şol ýagdaý ýadyma düşýär — diýipdir».

* * *

Hezreti Äşe şeýle diýipdir: «Resulallanyň şeýle diýendigini eşitdim: «Kyýamat güni kazydan şeýle bir sorag ederler welin, käşgä iki kişiniň arasynda eminlik etmedik bolsadym diýip öküner».

* * *

Sufýan Söwri kazylyga bellenilen Şerik ibn Abdylla bilen sataşypdyr. Sufýan oňa:

— Yslamdan, fykhdan, haýyrdan soň kazylyk gelýärmi? — diýipdir. Şol wagt ol ýerde Abu Abdylla Hasan ibn Salyh hem bar eken.

Onda Şerik:

— Eý, Abu Abdylla! Ynsanlara kazy hem gerekdir — diýipdir.

Sufýan hem:

— Eý, Abu Abdylla ! Ynsanlara ýasawul hem gerekdir — diýipdir.

Hasan ibn Salyh:

— Haýsysynyňkyny nädogry hasaplajagymy bilmedim ! — diýipdir.

* * *

Abu Zer şeýle diýipdir: «Resulalla maňa alty günläp: «Eý, Abu Zer, meniň saňa aýtjak zatlaryma üns ber» diýip gezdi. Ýedinji gün bolsa: «Men saňa açyklykda we gizlinlikde Alladan gorkmagy wesýet edýärin, saňa ýamanlyk etseler hem, sen ýagşylyk et. Hatda gamçyň ýere gaçsa hem hiç kimden tama etme, düş-de özüň al. Hiç zady amanat alma. Ýetimden ýüz öwürme. Iki kişiniň arasynda kazy bolma» diýdi.

* * *

Hezreti Osman Abdylla ibn Omary kazy bellemekçi bolupdyr. Onda ol:

— Sen Resulallanyň: «Kim Alladan özüni goramagyny isläp, oňa sygynsa, ol sygynýan zady bilen Alla sygyndygy bolar» diýenini eşitmänmidiň? — diýipdir.

Ol:

— Hawa, eşitdim — diýipdir.

Onda Abdylla:

— Men hem meni kazy bellejek bolýandygyň sebäpli senden Alla sygynýaryn — diýipdir.

* * *

Nafyg Ibn Omardan şeýle gürrüň beripdir: «Resulallanyň şeýle diýendigini eşitdim: «Eger adamlar dinarlaryny we dirhemlerini gysgansalar, söwdada barlap (dadyp) görüp söwda etseler, sygyrlaryň guýruklaryny alyp başlasalar we jyhady terk etseler, Allatagala olary şeýle peselder welin, ony olardan tä dinlerine gaýdyp gelýänçä aýyrmaz».

* * *

Kazy Mutallyp ibn Abdylla ibn Hantabyň[1] hyzmatkäri Omar ibn Abdyleziziň ýanyna gelipdir. Omar ondan onuň hojaýyny barada sorapdyr. Onda ol: «Ol iki şaýat[2] bilen deň» diýipdir (ýagny adalatsyz).

[1] Muttalyp ibn Abdylla ibn Muttalyp ibn Hantap ibn Harys - Medine kazysy.
[2] Yslam hukugynda iki aýal bir erkegiň ýerini tutýar.

* * *

Hafs ibn Gaýýas özünden kazylyga degişli meseleleri soran bir adama: «Mümkin, sen kazy bolmak isleýänsiň? Bir adamyň barmaklaryny seniň gözüňe sokup, gözleriňi çykaryp zyňmagy seniň kazy bolmagyndan has haýyrlydyr» diýipdir.

* * *

Ibn Apbas şeýle diýipdir: «Şaýatlara hormat goýuň. Sebäbi Alla olar bilen hakykaty ýüze çykarýar we olar bilen zulumy dep edýär».

* * *

Abu Derda Muhammet alaýhyssalamdan şeýle hadys rowaýat edipdir: «Ýalançy şaýadyň kyýamat gününde tanalar ýaly tagmasy bolar. Allatagala ony dili tikenli we dişleri bilen ony çeýnäp duran şekilde direlder. Ol göýä it ýaly dilini sallap durar».

* * *

Sufýan ibn Uýeýne şeýle diýipdir: «Kufada käbir adamlar bar. Olar ertir namazyny okap bolansoňlar: «Kim karz isleýär?» diýer eken we soranlara karz berer eken».

* * *

Çarwa arap şeýle diýipdir: «Bäşim bire ýetip bilenok (ýagny barmaklarym rahatlyga ýetip bilenok)».

* * *

Buhtury şeýle diýipdir:

Mukaddes Käbe bilen kasam etdim men,
Hem orazaň hormatynam tutdum men.

* * *

Rawh ibn Zenbag Halypa Abdylmälik bilen gijelerine oturyp söhbet eder eken. Bir gün halypa oňa:

— Men Esma ibn Haryjadan gowy gürrüň berýäni görmedim — diýipdir. Olar gijäniň ahyryna çenli söhbet edişip oturypdyr.

Abdylmälik oňa:

— Seniň gaýgy-aladaň barmy? — diýipdir.

Onda Rawh:

— Hawa, eý, möminleriň emiri, meniň bergim bar — diýipdir.

Ol:

— Näçe? — diýipdir.

Ol:

— Elli müň dinar— diýipdir.

Onda Halypa:

— Sen näme üçin bergi etdiň? — diýipdir.

Onda Rawh:

— Sahynyň abraýyny we gysgançdan öz abraýymy goramak üçin — diýipdir. Ol hem oňa pul bermegi emr edipdir.

* * *

Kazy Yýasyň ýanyna iki sany aýal gelipdir. Ellerinde hem bir ýüň ýumak bar eken. Olaryň ikisi hem bu ýumaga meňki diýýär ekenler. Kazy olaryň birini ýanyna çagyryp:

— Sen ýumagy nämä saradyň? — diýipdir.

Ol:

— Bölek tagtajyga — diýipdir.

Soň beýlekini hem çagyryp:

— Sen ýumagy nämä saradyň ! — diýipdir.

Ol hem:

— Bölejik mata — diýipdir. Ýumagy çözüp görseler, ol bölejik tagta saralan eken. Bu habary Ibn Sirin eşidip:

— Onuň düşünjesi nähili güýçli, onuň düşünjesi nähili güýçli — diýip gaýtalapdyr.

* * *

Abdylla ibn Wehbe[1] kazylyk hödürläpdirler. Ol: «Men bu ylmy kyýamat gününde kazylar jemagatynyň arasynda bolmak üçin öwrenmedim. Men bu ylmy kyýamat gününde alymlaryň arasynda bolmak üçin öwrendim» diýipdir.

---

[1] Abdylla ibn Wehb ibn Müslim Kuraýşy - ynamdar hadys alymy. 125-nji hijri ýylynda dünýä inipdir. Oňa ylmyň diwany diýipdirler. 197-nji hijri ýylynda wepat bolupdyr.

## MAZMUNY

**Elli dördünji bap.** Bir zady halamak, bir zada haýran galmak, geň-taňlyklar, seýrek duşýan zatlar we şuňa meňzeşler hakynda....................................................................8

**Elli bäşinji bap.** Yşk, yşkyň ugrunda gurban bolmak, oňa gul bolmak we olara rehim edenler hakynda................................19

**Elli altynjy bap.** Akyl, düşünje, edermenlik, pikir, çäre, tejribe, garaýyş we şuňa meňzeşler hakynda...........................27

**Elli ýedinji bap.** Amal, zähmet, ýadawlyk, tagalla, niýet, maksat, ugurtapyjylyk, howlukmaçlyk, duşmançylyk, işleri howlukman ýerine ýetirmek, amatly pursatdan peýdalanmak we şuňa meňzeşler hakynda ....................................................50

**Elli sekizinji bap.** Yzzat, abraý, üstünlik, ösüş, ýolbaşçylyk, şan-şöhrat, belentlik we şuňa meňzeşler hakynda....................66

**Elli dokuzynjy bap.** Ylym, hikmet, edep, kitap, galam we şuňa meňzeşler hakynda ..................................................................78

**Altmyşynjy bap.** Gazawat, söweş, şehitlik, ýeňiş, hüjüm, batyrlyk, gorkaklyk we şuňa meňzeşler hakynda..................172

**Altmyş birinji bap.** Biwepalyk, jenaýatçylyk, ogrulyk, kezzaplyk, gep gezdirmek we syr paş etmek hakynda.......... 201

**Altmyş ikinji bap.** Gaýgy-gam, muşakgat, kynçylyk, bela, gorky, agy we şuňa meňzeşler hakynda ................................ 212

**Altmyş üçünji bap.** Buýsanç, tekepbirlik, öwünmek, ulumsylyk, donuň etegini ýerden süýräp ýöremek we şuňa meňzeşler hakynda ........................................................ 226

**Altmyş dördünji bap.** Yrym, bilgiçlik, şumluk, guşlaryň uçuşyndan pal atmak, palçylyk, gözbagçylyk, jady, göz degmek, tapmaça, matal we şuňa meňzeşler hakynda .......... 238

**Altmyş bäşinji bap.** At-abraý, tapawut, jedelleşmek, meňzeşlik we şulara meňzeşler hakynda.............................. 255

**Altmyş altynjy bap.** Gynançdan soňky begenç, kynçylykdan soňky ýeňillik, şatlyk, gutlamak, buşlamak we şuňa meňzeşler hakynda.................................................................. 266

**Altmyş ýedinji bap.** Garyndaşlyk, tire-taýpa, garyndaşlar bilen gatnaşyk saklamak, ene-ata hukugy, perzentleri söýmek, perzentleriň ene-atasynyň öňündäki borçlary we şuňa meňzeşler hakynda ........................................................ 272

**Altmyş sekizinji bap.** Kyssa gürrüň beryänler, olaryň hekaýatlary, degişmeleri, derwüşleriň naharlary we olaryň huşlaryny ýitirmekleri hakynda............................................ 302

**Altmyş dokuzynjy bap.** Kazylyk, kazylar, şaýat bolmak, karz, kasam içmek, duşmançylyk we şuňa meňzeşler hakynda..... 310

**Abulkasym Mahmyt ibn Omar**
**Jarulla Zamahşary**

# Ýagşyzadalaryň bahary

## IV jilt

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämejikow**
**Korrektor Ç. Myradowa**

Çap etmäge rugsat edildi 22.07.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14567

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.